TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝAZMALAR INSTITUTY

## MUHAMMET AWFY

# HEKAÝATLAR ÝYGYNDYSY

## سدید الدین محمد بن محمد عوفی

# جوامع الحکایات و لوامع الروایات

## I

**Pars dilinden terjime eden**
**we çapa taýýarlan**
**Dawut Orazsähedow**

AŞGABAT «MIRAS» 2005

**UOK 820/89 (100-87)+950**
**A 90**

**A 90 Awfy M**
**Hekaýatlar ýygyndysy**, I jilt. A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2005, 240 s.

**REDAKTOR**
**B. Baýmyradow**

*Türkmenistanyň ilkinji we ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda çapa taýýarlanan Muhammet Awfynyň «Hekaýatlar ýygyndysy» ilkinji gezek okyjylara hödürlenýär. Gündogaryň meşhur taryhçysy, edebiýatçysy we syýahatçy alymy hökmünde meşhurlyk gazanan Muhammet Awfynyň bu kitaby dürli meseleleri öz içine alýan birnäçe baplardan we bölümlerden ybarat uly göwrümli eserdir.*

*Kitap dünýäniň döreýşi, gadymy şalar, halypalar we ş. m. hakyndaky birnäçe kyssalary özünde jemleýän, beýan ediliş, şahyranalyk we gaýry alamatlary boýunça tapawutlanýan edebi-taryhy çeşmedir. Kitapda ynsanyýetiň ýaşaýyş-durmuş, isleg-arzuw, tebigat, edep-terbiýe, ahlak, söýgi hakdaky gözel oý-pikirleri, watançylyk, ynsanperwerlik, edermenlik, mertlik kimin arzyly gylyk-häsiýetler dürli çeper çözgütlerde beýan edilýär.*

*Beýik akyldaryň dünýä edebiýatynyň genji-hazynasyna giren bu ajaýyp eseri Angliýanyň Britan kitaphanasynda saklanýan golýazma nusgasy esasynda pars dilinden türkmen diline terjime edildi.*

**TMMMM № 045**

**TDKP №94** **2005** **KBK 84(5)+63.3(5)**

© Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2005 ý.
Muhammet Awfy, Hekaýatlar ýygyndysy, 2005 ý.
Orazsähedow D., pars dilinden terjime, çapa taýýarlama, sözsoňy, 2005 ý.

***Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň***
***Ilkinji we Ömürlik Prezidenti***
***Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň***
***howandarlygynda neşir edilýär.***

# GEÇMIŞIŇ ÝAŇY — GELJEGIŇ DAŇY

Türkmeniň ykbal asmanyndan nur saçýan Garaşsyzlyk halkymyza diňe bir Altyn eýýamyň altyn gapysyny açyp bermän, eýsem onuň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmeklige, medeni we ruhy miraslarynyň ilgünüň köňül ganatyna öwrülmegine hem giň mümkinçilik berdi. Bu bolsa häzirki türkmen döwletiniň berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar.

Türkmen topragy müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýä medeniýetiniň umumy taryhy üçin ähmiýetli wakalaryň mesgeni boldy. Bu toprak ekerançylyk, maldarçylyk, ylym, medeniýet we sungat sallançagy boldy. Alymlar biziň eýýamymyzdan 6 müň ýyl öň türkmenleriň ata-babalarynyň öňdebaryjy bilimleri özleşdirendigini nygtaýarlar. Irki ekerançylyk zamanasyndaky türkmen jemgyýetleri Garadepe, Göksüýri, Ýylgynly ýaly oturymly ýerleri — ajaýyp ýadygärlikleri miras goýdy. Gadymy oguz-türkmen döwleti, Parfiýa zamanasy, seljuk türkmenleriniň döreden onlarça döwletleri, osman türkmenleriniň soltanlyklary we beýleki türkmen döwletleri adamzadyň syýasy taryhynda özbolușly adalat baýdagy

bolup pasyrdady. Hut şonuň üçin hem Türkmenistany dünýä taryhynyň ösüşinde Hytaýyň, Mesopotamiýanyň, Müsüriň hatarynda goýýarlar. Ata-babalarymyz dünýä gymmatlyklarynyň arasynda özboluşly, milli öwüşgin bilen lowurdaýan ruhy we medeni baýlyklary bize miras galdyrdy.

Medeni miras — bu perzendiň üstünde kökenek gerýän türkmen enesiniň hüwdüsidir, agras türkmen gojasynyň pendi-nesihatydyr. Mukaddes topragy gany bilen goran gaýduwsyz gerçegiň iň soňky demdäki wesýetidir, naçar doganyň gerçegiň jesedini ýuwýan ajy gözýaşydyr.

Medeni miras — bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr.

Medeni miras — bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir.

Ruhnamada belläp geçişim ýaly, «***Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň***

***taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyklaryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr».*** Biz ata-babalarymyzyň öňündäki şol ogullyk borjumyzy berjaý etmek maksady bilen hem Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezini döretdik.

Asyrlaryň gatlaryna siňen medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek, Ruhnamanyň ruhunda ylmy esasda özleşdirmek, dünýäniň dürli künjeginde beýik döwletleri döreden halkymyza degişli miraslary tapmak, olary täzeden jana getirmek, ajaýyp kitaplara öwrüp, gaýtadan halkymyza hem-de dünýä ýaýmak «Miras» merkeziniň işgärleriniň öňünde duran gaýragoýulmasyz borçdur!

**Eziz halkym!**

Siziň eliňizde «Miras» merkeziniň taýýarlan kitaby. Bu kitabyň biziň ata-babalarymyzyň döreden ruhy we medeni gymmatlyklaryna teşne kalbyňyza teselli berjekdigine ynanýaryn. Käbelerimiz hem kyblalarymyz hakyndaky ýüreklerimiziň töründäki gyzgyn söýginiň oduny alawlandyrjakdygy mende ýakymly duýgy döredýär.

«Miras» merkeziniň çykarjak kitaplarynyň höwrüniň köp boljakdygyna ynanýaryn we oňa ak ýol arzuw edýärin. Işiň rowaç, ýollaryň ýagty bolsun!



**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Saparmyrat TÜRKMENBAŞY.**

# GADYMY PATYŞALARYŇ WE OLARYŇ DÖWLETLERINIŇ TARYHYNYŇ GYSGAÇA BEÝANY

Taryhçy alymlar jahan şalary[1] barada taryhlar ýazyp, kitaplar düzüpdirler. Olaryň köpüsinde dury bilen laý, dogry bilen ýalan garym-gatymdyr. Emma hojaýynlardyr gulamlar, ýolbaşçylardyr raýatlar üçin patyşalaryň sözlerini, işlerini, mertebelerini, derejelerini, edim-gylymlaryny we ýörelgelerini bilmek örän peýdalydyr. Adam alaýhyssalamdan soň, geçen ähli patyşalary ýatlap geçmek mümkin däl. Ýöne, Muhammet Jerir Tabary «Taryh» kitabynda olaryň arasyndan meşhurlaryny belläp geçipdir. Biz hem şu kitapda şol patyşalar hakynda hekaýatlar getireris.

Biz özümiziň asyl maksadymyza girişmezimizden öň, bu kitapda näme hakynda gürrüň etjekdigimizi ýatlamak isleýäris:

Gadymy patyşalaryň beýany, olaryň birinjisi Keýumers we iň soňkusy Isgender;

Taýpalar patyşalarynyň[2] we olaryň höküm süren eýýamlarynyň beýany. Şol sanda kuwwatynyň we beýikliginiň zyýadalygy, patyşalygynyň giňligi we ilatynyň köplügi bilen meşhur bolan Ärsaglylar;

---

[1] Bu ýerde «jahan şalary» diýlende, älem-jahanyň uly bölegine şalyk eden Keýumers, Jemşit, Menuçehr, Isgender ýaly beýik patyşalar göz öňünde tutulýar.

[2] Isgender ýogalansoň, dürli sebitlerde köp sanly özbaşdak şalyklar döräpdir. Kitapda şolara «taýpa patyşalary» diýilýär.

Erdeşir Bäbegiň beýik köşgüniň nurly ýagşyndan örňän Sasanlylaryň taryhyndan tä ajamlaryň iň soňky patyşasy Ýezdigerdiň döwrüniň ahyrlaryna çenli wakalaryň beýany;

Şöhrat eýeleri bolan we özlerinden ýagşy atlary hem gowy işleri galdyran käbir rum, türk, çyn, arap we hindi patyşalarynyň beýany.

Indi Hudaýtagalanyň ýardamy bilen söhbeti Keýumersden başlaýarys.

# PIŞDADYLAR[1]

## KEÝUMERS

Käbir taryhçylaryň aýtmaklaryna görä, Keýumers Adam alaýhyssalamyň perzentleriniň içinden ilkinji patyşa bolan kişidir. Onuň ömri müň ýyl bolup, otuz ýyl patyşalyk edipdir. Emma käbir taryhçylar ony ikinji Adam saýýar. Sebäbi Keýumers garaýagyz hem-de diýseň owadan bolupdyr. Ony gören adamlar oňa sejde eder ekenler. Şu iki sebäbe görä-de, Keýumerse ikinji Adam diýipdirler.

Adam alaýhyssalamdan soň işler bulaşyk bolup, halkyň abadançylygy, sungatlary heniz doly tertip-düzgüne gelmändi. Päk we Beýik Alla dünýä we ahyret işlerini düzgüne salmak üçin Şis alaýhyssalama pygamberlik berip, ony pygamberlik halaty bilen mübärekleýär. Keýumerse bolsa patyşalyk berip, älemdäkileriň boýunlaryny onuň tabynlyk halkasyna salýar. Adamdan soň ilkinji pygamber Şis we ilkinji patyşa Keýumers bolupdyr. Aýtmaklaryna görä, Keýumersiň mesgeni daglar bolup, onuň lybasy gaplaňyň derisinden eken. Onuň Syýamek atly ogly bolup, ol döwler bilen söweşen mahaly öldürlipdir. Ondan örän edepli we hünärli Hüwşeň atly bir ogul galypdyr.

---

[1] Pişdadylar – gadymy patyşalaryň nesilşalygy. Şu nesilşalygyň ikinji patyşasy Hüwşeňe «Pişdad» ýagny, adyllyk kanunlaryny ýola goýan diýen manyny aňladýan lakamy beripdirler.

# HÜWŞEŇ

Keýumers bu dünýä bilen hoşlaşyp, ajal sedasyny jan gulagy bilen eşiden wagtynda, onuň diri galan ogly ýokdy. Emma Hüwşeň atly edepli we salykatly agtygy bardy. Araplar oňa Semihe diýýärdiler. Ol edermen we kuwwatly patyşa bolup, älemi ymarat etmäge we jahany abadanlaşdyrmaga başlaýar. Onuň döwründe ilat köpelip, ýagşylardan ýaman pälliler has köpelipdiler. Ýaramazlary dep etmek üçin oňa uruş esbaby gerekdi. Şeýlelikde, onuň permany boýunça känlerden demir çykaryp, uruş we ekerançylyk esbaplaryny ýasadylar. Ol ýaplar gazdyryp, suwlar akdyryp, ýerleri abatlap, ekin meýdanyna öwrüpdir, ýolagçylaryň howpsuzlygy üçin ýollarda kerwensaraýlar gurupdyr, agaçlar oturdypdyr we birnäçe uly şäherleri bina edipdir. Soňra Hüwşeň ülkeleriň daş-töweregine ser salypdyr.

Aýtmaklaryna görä, ol Iblise garşy söweşip, onuň leşgerini dargadypdyr we şeýtanlaryň adamlara garyşmaklaryna böwet bolupdyr. Ogrulary we ýaman pällileri öldürip, dört aýaklylary eldekileşdiripdir.

Eger şu gürrüňler ýalan bolman, dogry bolsa, onda onuň düşündirişi şeýledir: Hüwşeň perişdelik ahlagy bilen şeýtandan üstün çykypdy. Sebäbi şeýtandan üstün çykmak we ony dep etmek şu ýörelgeden başga usul bilen miýesser bolýan däldir. Wagşylary we ýaman pällileri öldürmegi bolsa, olaryň ýyrtyjylyk tebigatyny we şer işlerini zähmetiň hem ýagşy niýetiň güýji bilen ýeňmegidir, ýaramaz ýyrtyjylyk ahlagy basyp ýatyrmagydyr. Mundan ýene şeýle many almak bolar, ýagny ol dört aýaklylaryň tebigatyny özünden daşlaşdyrypdy. Sebäbi, haçanda, eger ýyrtyjylyk, şeýtanlyk we dört aýaklylyk ahlagy ýok edilse, diňe perişdelik ahlagy galýar.

Ol kyrk ýyl patyşa bolupdyr. Onuň tagallalary bilen işler düzgün-tertibe gelensoň, onuň hökmürowanlyk güni batmaga başlapdyr.

***Beýt***

Keýumersdir-u Hüwşeň geçdi,
Tagt Tahmurese gujak açdy.

## TAHMURES

Hüwşeň bakylyk älemine gidensoň, üç ýüz ýyllap jahanda kethuda we älemde patyşa bolmandyr. Beýik we Mukaddes Ýaradyjy özüniň çäksiz hikmeti bilen jahan düzgünini bozulmakdan we adamlaryň bakylyk binasyny synmakdan saklapdyr. Üç ýüz ýyl geçensoň, Hüwşeňiň agtyklaryndan bolan Tahmuresiň ýüzünden patyşalyk sagadatynyň ýagtylygy nur saçýar, maňlaýynda baştutanlyk yzlary we patyşalyk alamatlary peýda bolýar. Tahmures bir topar kişä mähremlik görkezip, halky özüne boýun egdirýär we patyşalyga geçýär. Käbir adamlar öz meýline, birtopary bolsa, onuň haýbatyndan gorkup, boýunlaryna tabynlyk halkasyny ildiripdirler. Ol jomartlyk we sahylyk elini açyp, ýagşylary sylaýar, ýaman pällilere bolsa edepdir temmi berýär. Ol obalylar bilen şäherlileriň arasynda parh goýup, obalylara öri meýdanlarynda mal bakmaklygy buýrupdyr. Ol aw awlamaga gaty höwesjeň bolup, yzygiderli awa gidýän eken. Ol syýahat etmegi gowy görer eken hem-de bir ýerde durmaýan eken. Tahmures:

– Biziň yzygiderli sapar etmekden maksadymyz, birden il içinde köşgümize özüni ýetirip bilmeýän mazlum bar bolsa, biziň özümiziň onuň üstüne baryp, onuň dadyna ýetişmegimiz üçindir – diýer eken.

Taryhçylaryň aýtmaklaryna görä, Tahmures Iblisi ýeňipdir we ony özüniň ulagy edipdir. Soňra surathanalarda Iblisi özüniň aýak astynda edip çekmeklerini buýrupdyr. Eger bu gürrüň dogry bolsa, onuň düşündirişi hem Hüwşeňiň beýanynda görkezen düşündirişimiz ýalydyr.

Onuň patyşalyk möhleti barada taryhçylar köp gapma-garşylykly maglumatlar beripdirler. Olarda Tahmuresiň patyşalygynyň möhletiniň iň azy otuz ýyl, iň köpi bolsa müň ýyl diýlip görkezilýär. Has dogrusyny Allatagala ýagşy bilýändir.

## JEMŞIT

Haýbat peleginiň güneşi bolan Jemşit Adam alaýhyssalamdan soň, şemsi – gün hasaby boýunça müň ýyldan soň, patyşalyk tagtyna geçýär. Käbirleri oňa Süleýman alaýhyssalam hem diýipdirler. Emma Jemşidiň hem jynlary we şeýtanlary özüne boýun egdirendigini hemmeler tassyklaýarlar. Jemşit patyşalygy dolandyryp, abadanlaşdyryş işlerine meşgul bolup, pikirini älemiň we älemdäkileriň bähbidine gönükdirmäge sarp edipdir. Jemşit pagtany we ýüpegi ýüplük etmek we eriş-argaç görnüşinde mata dokamak bilen tikinçiligi ýola goýupdyr. Şeýdip, ynsanlar ýalaňaçlyk aýbyndan halas bolup, eşik tikinip geýnipdirler. Ol adamlary toparlara bölüp, ynsan gatlaklaryny döredipdir. Dünýä işlerine höwesi bolmadyk, diňe ahyrete üns berýän takwalar we terkidünýäler üçin daglarda ybadathanalardyr metjitler gurup, olara öz ybadatlary bilen meşgul bolar ýaly şertler döredipdir. Soňra esgerleri garamaýaklardan bölüp, birden ýüze çykaýjak şer işleri we pitneleri dep etmek üçin olara belli wezipeleri tabşyrypdyr. Ol alymlar we hekimler gatlagyny hem döredipdir. Obalylary bolsa ekerançylyga höweslendiripdir. Ol känlerden göwher we nepis

gymmatbaha daşlary çykarypdyr. Ut[1], anbar, müşk we dürli-dürli atyrlar öndüripdir. Ol her zady tejribe edip görer eken. Ol ýerlerde her hili miweleri we ösümlikleri barlap görüp, olaryň aýratynlyklaryny derňäpdir. Aýtmaklaryna görä, şerap Jemşidiň döwründe ýüze çykypdyr.

## Hekaýat

Şerabyň ýüze çykyşy şeýledir: Üzüm iň ýakymly miwedir. Üzüm howanyň üýtgemegi we gyş leşgeriniň hüjüm etmegi bilen zaýalanýan eken, gyş hem bahar pasyllarynda üzümi ulanyp bolmaýan eken. Onuň şiresini hemme wagt ulanar ýaly üzümiň suwuny alypdyrlar. Şeýlelikde, üzümiň suwuny alyp, bir gapda goýupdyrlar. Jemşit her gün gelip, ony görer eken. Ilki üzümiň suwy öz-özünden güýçli gaýnap, köpürjikläp başlapdyr. Soňra köşeşip, gaýnawy ýatypdyr. Jemşit her gün ony tagamyny dadyp, onuň tagamyny lezzet biliş «mähegine» hödürleýän eken. Gaýnawy ýatansoň, üzümiň suwy ajap, turşap süýjüligini ýitiripdir. Jemşit tagamyň üýtgänligi we ajylygy üçin, ol jan alyjy zähere öwrülendir öýdüp, onuň agzyny baglap goýupdyr.

Jemşidiň bir sahypjemal kenizi bar eken, gün onuň jemalynyň enekesi bolup, aý ol gözeliň kämil jemalyndan gün-güzeranyny görüpdir. Bu keniz güýçli kesele duçar bolup, dertden ýaňa sabyr-takatyny elden gideripdir. Ahyry ölüme razylyk berip, öz-özüne: «Şu beladan ölüp dynmagym üçin, şol zäherden içip ölmegim gerek» diýipdir.

Şeýdip, keniz şerapdan bir bulgur alyp, birazrak içipdir. Kenizde sandyrama emele gelip, kelleagyry aýrylýar. Soňra gutulyp, keýpli halda öýüne gelýär we uky ony basmarlaýar.

---

[1] Ut – esasan Hindistanda ösýän, goňur şahajykly, hoşboý ysly agaç bolup, onuň şahalaryny hoşboý ys ýaýratmak üçin tütedýärler.

Näçe gije-gündiz gözüne uky gelmedik bu keniz bir gije-gündizläp ýatýar. Oýanan wagtynda, ol bu dertden halas bolandygyny duýýar. Ol bu ýagdaýy Jemşide gürrüň berýär. Jemşit hem şeraby dadyp görüp, lezzet alýar. Şondan soň şeraby köp kesellerde ulanyp, şypa tapypdyrlar hem-de «şaderman» diýip at beripdirler.

## Hekaýat

Aýtmaklaryna görä, şerap Keýkubadyň döwrüne çenli rugsatly bolup, adamlar ony hemişe içipdirler. Bir gün Keýkubat sährada gezip ýörkä, bir garganyň ýerde süýnüp ýatan bir serhoşyň gözüni çokup duranyny görýär. Bu ýagdaýy gören Keýkubat şeraby haram edýär we: «Hiç kim şeraply oturlyşyk gurmaly däl we bu permany berjaý etmeli» diýip jar çekdirýär. Biraz wagtlap adamlar onuň gylyjynyň zarbyndan gorkup, şerap içmegi taşlapdyrlar.

Bir gün bir şir ýatagyndan gaçypdyr. Onuň adamlara uly zeperi ýetipdir we hiç kim ony tutup bilmändir. Bir ýaş oglan öňe çykyp, ylgap onuň gulagyndan mäkäm tutýar we ony ýere ýazýar. Soňra şiriň eýesi ýetip gelip, ony tutup zynjyrlaýar.

Bu ahwalaty gören şa şeýle diýipdir: «Serediň, bu nähili adam, serhoşmy ýa diwana?». Ýigidi şanyň ýanyna getirip, onuň bu ýürekliligi we gaýraty barada soranlarynda, ol şeýle jogap beripdir: «Men birnäçe wagt bäri agamyň gyzynyň yşgynda ýanyp ýörün. Agam meniň mümkinçiligimiň azlygy we garyplygym sebäpli gyzyny maňa berenok. Bu gün bolsa yşk ody soňky çägine ýetip, hyjuw güýji hetden aşdy. Öýde biraz köne şerap bardy. Ondan bir bulgur içip: «Janym tenimde wagty hiç bolmanda biraz wagt meniň ýüregimde yşk gamynyň yzasy kemeler diýdim». Şondan soň Keýkubat: «Şeraby garga

gözüňizi çokar derejede içmäň, şiri zynjyrlar derejede içiň» diýip jar çekdiripdir.

### *Beýt*

Şerap bir şadermandyr,
Çeni bilen içilse.
Dury suw hem zäherdir,
Çendenaşa geçilse.

### Hekaýat

Jynlar we ynsanlar Jemşidiň golastynda bolup, olar Jemşit üçin beýik ymaratlar gurupdyrlar, ýerden hek çykarypdyrlar we köşklerdir hammamlar gurupdyrlar. Jemşidiň permany boýunça döwler onuň üçin piliň dişinden we saçdan[1] araba ýasap, ony reňkli ýüpek bilen bezäpdirler. Jemşit onuň üstünde oturypdyr. Jemşidiň permany bilen döwler ony eginlerinde göterip, asmana uçupdyrlar. Olar Demawentden[2] Babyla[3] bir günde gelip ýetipdirler, ýagny bu aralyk olar üçin bir menzil bolupdyr. Bu waka baharyň ilkinji gününde, ýagny ösümliklere jan girýän, aryklaryň akýan we gülzarlyklaryň peýda bolýan möwsüminde, Ferwerdin[4] aýynyň birinde ýüze çykypdyr. Şonuň üçin ajamlylar bu güni mübärek hasaplap, ony Nowruz[5] diýip atlandyrýarlar we bu güni baýram edipdirler.

---

[1] Saç – ýapraklary ýasyl, güli owadan we şahasy mäkäm bir agaç.
[2] Tähran şäheriniň demirgazyk-gündogarynda ýerleşýän hasylly, bagybossanly ýer.
[3] Bagdat şäheriniň 160 kilometrlik günorta-gündogarynda ýerleşen bir şäher.
[4] Hijri şemsi ýyl hasaby boýunça Nowruz aýynyň 20-sinden Gurbansoltan aýynyň 20-si aralygy.
[5] Nowruz – täze gün.

Taryhçylar bu rowaýaty getiren bolsalar-da, hakykatyň talabyna we şerigatyň hikmetine salgylansak, beýle sypat diňe Süleýman pygamberiň mugjyzasydyr[1]. Allatagalanyň hikmeti bilen Süleýmanyň aýagy ýel ýaly ýyndam bolupdyr.

Süleýmanyň patyşalygy we mertebesi şeýle bir belent derejä ýetipdir welin, Günüň altyn tegelegi onuň islegine görä yzyna gaýtarylypdyr[2]. Ol öz elleri bilen ýasan sebediniň bahasyndan arpa çörek edinip, şonuň bilen hem agzyny açýan eken. Päline, niýetine görä hem sogap berlipdir. Süleýman howa üzre gadam goýanda, onuň gadamy howada daýandyrylypdyr. Gurhan hem şeýle beýan edýär: «Süleýmana irden bir aýlyk, agşam bir aýlyk ýol aşýan ýeli berdik»[3].

## Hekaýat

Aýtmaklaryna görä, Jemşit mülküniň giňdigini we güýjüniň kämildigini gören wagtynda, özüni unudyp, şeýtanyň aldawyna düşüp, gopbaryp, bendeligi özüne namys bilip, hudaýlyk dawasyny edip ugrapdyr hem-de halky özüne boýun bolmaga çagyrypdyr. Adamlar bu işi halamasalar-da, onuň gylyjyndan we syýasatyndan gorkusyna onuň «Hudaýdygyny» tassyklapdyrlar. Emma ahyrynda onuň haýbaty gowşap, bagty ýatypdyr, işleri bulaşyp, döwletiniň örki üzülipdir. Pars dilinde Biweräsp diýlip atlandyrylýan Zahhak Hymýary Ýemenden uly leşger we sansyz goşun bilen ýöriş edip, Jemşidiň üstüne duýdansyz

---

[1] Mugjyza – gudrat, keramat.

[2] «Günüň altyn tegelegi onuň islegine görä yzyna gaýtarylypdyr» diýen jümläniň manysy Süleýman pygamber baradaky şu rowaýat bilen baglydyr: Bir gün Süleýman özüne sowgat getirlen atlara tomaşa etmek bilen meşgul bolup ýörkä, günüň batanyny bilmän galypdyr hem-de namaz wagty geçip gidipdir. Süleýman pygamber puşman edip gamlanypdyr hem-de atlary esgerlerine paýlapdyr. Şonda Allatagala Süleýman pygamber namazyny wagtynda berjaý eder ýaly güni günbatardan gündogara garşy yzyna gaýtarypdyr.

[3] Gurhanyň 34-nji (Saba) süresiniň 12-nji aýaty.

hüjüm edýär. Jemşit söweşe taýýar bolmandygy sebäpli, halas bolmak üçin gaçmakdan başga ýol tapmandyr. Şeýdip, ol gaçypdyr. Zahhak onuň yzyndan leşger sürüp, uzaga gaçyrman Jemşidi tutupdyr we ony dinden çykyp, Hudaýlyk dawasyny edenligi üçin öldüripdir.

Aýtmaklaryna görä, Jemşit perişan bolan güni: «Her kim dine hormat goýmasa, din ony öldürer» diýen sözi diline getiripdir. Onuň höküm süren möhleti barada dürli pikirler bar. Käbirleri bäş ýüz ýigrimi ýyl, käbirleri bolsa ýedi ýüz on dokuz ýyl diýipdirler.

Hiç şanyň zulmundan ynjamaz ýaly,
Ýürekler jebirden-jepadan doly.
Sebäbi gördük biz erbetden-erbet,
Toprak äleminde köp geldi gabat.
Gündizden soň gije gujagyn açar,
Jemşitden soň Zahhak ol tagta geçer.

## ZAHHAK HYMÝARY

Rowaýat edilşine görä, ajam döwletiniň bili bükülip, Allatagala halkyň düzgün-ýaşaýşyny üýtgedensoň, Päk we Beýik Ýaradyjynyň: «Biz zalym kimseleri özleriniň ele salan kespleri üçin biri-birlerine dost edip goýarys»[1] diýşi ýaly, ol Zahhagy Jemşidiň köp söwdaly oý-pikirindäki hudaýlyk dawasyny ýalaw gylyjy bilen ýok etmek üçin belläpdir. Jemşidiň güýç-kuwwatynyň möhleti gutaransoň, Zahhak zulum binasyny gurýar. Azap buludyndan duşmanlyk ýagşyny ýagdyrýar. Sütemkärleri galdyrýar, zulum edilenleriň arzlaryna gulak salmakdan el üz-

[1] Gurhanyň 6-njy (Engam) süresiniň 129-njy aýaty. Bu aýata şeýle düşünmeli : «Bu dünýäde zalymlar biri-birlerine arka boluşlary ýaly, o dünýädede olary biri-birlerine hemra ederis hem-de olara bilelikde azap bereris».

ýär, ýaman pällileriň bazaryny rowaçlandyryp, ýagşyzadalaryň elini baglaýar.

Ol ilki bilen kakasyna garşy aýaga galyp, ony öldürýär we hazynalaryna eýe bolup, leşgeri öz ýanyna jemleýär. Soňra Ýemenden Jemşidiň üstüne çozup, onuň döwlet tuguny ýere çalyp, ol sebitleri öz ygtyýaryna geçirýär we halka her hili jebir-sütemleri we dürli azaplary berýär. Aýtmaklaryna görä, Iblis onuň bilen dost bolup, oňa hapysalykdan nebisjeňlikden erbetliklerden näme bilmeýän zady bar bolsa öwredýän eken. «Iblis oňa altyndan içi oýulan galam beripdir. Haçanda ol bir aýala ýa-da çaga isleg bildirse, şol galam bilen oňa tarap üfleýän eken. Şonda aýal ýa-da çaga oňa boýun bolup, onuň ýamanlyk we aldaw tozuna düşýän eken» diýen gürrüň hem bar.

## Hekaýat

Rowaýat edişlerine görä, Iblis Zahhagyň özüniň aldawyna baglanjakdygyny görüp hem-de Zahhak baradaky bilniksiz hilesiniň rowaç tapjakdygyny bilip, bir gün bir ýaş oglan görnüşinde onuň ýanyna baryp, şeýle diýipdir:

– Men nahar bişirmekde kämil ökdelige we doly başarjaňlyga eýe aşpez. Men her hili ýakymly naharlary we süýji tagamlary bişirip bilýärin. Eger sen aşpezlik wezipesini maňa bagyşlasaň, onda meniň bişiren naharlarymy iýip, ömrüň zowkuny we durmuşyň lezzetini tapyp, şu wagta çenli neneňsi nygmatlardan we lezzetlerden mahrum galanyňy duýar ýaly derejede enaýy, işdä açar tagamlary taýýarlap, seniň huzuryňa getireýin.

Zahhak bu aldawlara, öwgülere we hilegärliklere aldanyp, nätanyşlara bil baglamaly däldigine, nätanyşlara ynam etmeli däldigine, ylaýta-da patyşalaryň nätanyşlara ynanmaklarynyň parasatlylykdan daş zatdygyna üns bermän, ony kabul edipdir.

Soňra onuň permany boýunça Iblisi aşhana getirip, aşpezlik işini we saçak bezemegi tabşyrypdyrlar. Ol işe başlapdyr. Iblis her hili tagamlary taýýarlamakda jan edip, köpräk etli naharlar bişirip, kebap, towuk, gowrulan et ýaly naharlary şanyň öňünde goýar eken. Şa öňküden hem has köp et iýip ugrapdyr. Onuň ýüregi gatap, gödekligi we garadangaýtmazlygy artypdyr. «Hapysa özenli we pes nebisli adam üçin bir bahana hem ýeterlik». «Eý, dost, laý bolmak üçin damja hem ýeterlikdir»[1].

Şeýdip, Iblis nahar bişirmekde yhlas görkezipdir. Bir gün ol Zahhagyň ýanyna şeýle bir tagamly nahar getiripdir welin, şa ondan lezzet alyp öwüpdir we:

– Seniň näme islegiň bar bolsa berjaý ediler – diýipdir. Iblis bolsa:

– Hemmeler baýlyk, nygmat we hormat üçin patyşa hyzmat edýärler. Men diňe seniň hatyraň üçin saňa hyzmat edýärin. Seniň meni kabul etmegiň meniň üçin uly abraý. Meniň öten-geçenlerim üçin buýsanç we dereje bolar ýaly, seniň iki egniňden ogşamagyma rugsat ber – diýipdir.

Zahhak oňa rugsat beripdir. Bu hem patyşalarda ýüze çykýan ýalňyşlyklaryň biridir. Sebäbi kesekini ýanyňa ýakynlaşdyrmak we tanamaýanyňy huzuryňa getirmek puşmanlyga eltýändir.

Soňra Iblis Zahhagyň ýanyna gelip, onuň iki egninden ogşaýar we gözden gaýyp bolýar. Zahhak bu ýagdaýa haýran galýar. Şobada Zahhagyň egninden iki sany gara uly ýylan çykyp hereket edip, oňa azar berip başlaýarlar. Zahhak bolsa azaba we derde sezewar bolýar. Ýylanlaryň başlaryny hernäçe kesseler-de, ýene çykýan eken. Tebipler we ýylan tutýanlar oňa hernäçe em etseler-de, peýda bermändir. Zahhakda ukudyr aram-karar galmandyr. Ahyrynda Iblis tebip şekiline girip, köşge gelýär we:

[1] Arap nakyllary.

– Men bu patyşanyň derdiniň dermanyny bilýärin, eger islese men ony aýdaýyn – diýýär.

Ony Zahhagyň hyzmatyna getirýärler. Iblis Zahhaga:

– Bu ýylanlar hergiz seniň egniňden düşmezler, emma olary köşeşdirer we saňa zyýan ýetirmez ýaly bir ýol bar – diýýär.

Zahhak:

– Onuň ýaly bolsa bu işi gijikdirmeli däl we em etmekde çakganlyk görkezmeli, eger seniň emiň meniň bu derdime derman bolsa, seniň hak-hukugyňy we hyzmatyňy ýerine salmak maňa wajyp bolar we başardygymdan saňa minnetdarlyk görkezmäge dalaş ederin – diýýär.

Iblis:

– Bu derdiň alajy şeýle: her gün iki sany ýaş oglanyň beýnilerini olara bermeli. Şonda olar ony iýip, aram taparlar we sen arkaýyn bolarsyň – diýýär.

Zahhak bu sözi eşidip, derhal emr edýär. Iki sany ýaş juwany zyndandan çykaryp öldürýärler we olaryň beýnilerini ýylanlaryň öňüne oklaýarlar. Ýylanlar lukmany iýip, ýuwaşap, karar tapýarlar we hereket etmeýärler. Zahhak hem olar köşeşensoň rahatlanýar we ýatýar. Aýtmaklaryna görä, ol birnäçe gije-gündizläp uklamandyr. Şeýlelikde, ol bir gije-gündiz uklaýar. Ýylanlar ajygyp, gymyldap başlandan, Zahhak hem turýar. Onuň permany boýunça ýene iki sany ýaş juwany öldürip, olaryň beýnilerini ýylanlara iýmit hökmünde getirip berýärler. Şeýdip, bu kada dowam edýär. Her gün iki sany ýaş juwany öldürip, ýylanlara iýmit edipdirler. Zyndandaky jenaýatkärler öldürilip gutarylýar. Soňra her gün bir şähere gezek ýetip, iki bigünä ýaş juwan öldürilýän eken.

## Hekaýat

Aýtmaklaryna görä, Zahhagyň iki sany aşpezi bolupdyr. Biriniň ady Ermaýyl, beýlekisiniň ady bolsa Kermaýyl eken. Olar ýagşy duýguly we ýürekleri rehim-şepagatly kişiler eken. Olar:

– Ýylanlar üçin iki ýaş oglanyň ýerine birini öldürip, ikinjisine derek goýun öldürsek dogry bolar – diýipdirler.

Olar goýnuň beýnisini adamyňky bilen garyşdyryp, Zahhagyň ýanyna getiripdirler. Öldürilmedik adamlar üýşüp başlapdyrlar. Aşpezler olaryň her haýsysyna birnäçe goýun berip:

– Bir kişiniň sizi görüp, patyşa ýamanlap, biziň ganymyzy dökdürmezligi hem-de sizi heläk etdirmezligi üçin, siziň şäheri terk edip, çöl-beýewanlarda mesgen tutmagyňyz gerek – diýýärler.

Şeýlelikde, bular bu ýerden arany açyp, goýunlardan öndürilýän süýt, gatyk, çal ýaly zatlar bilen güzeranlaryny görüp başlapdyrlar. Olaryň goýunlary we çagalary köpelip başlapdyr.

Muhammet Jerir Tabary şeýle ýazypdyr: «Zahhak diňe bir gezekden artyk hiç kimiň şikaýatyna gulak asmandyr we hiç mazluma ynsap gözi bilen garamandyr. Bir gezek şeýle waka bolýar. Zahhak köşgüniň öňüne gelende, Babylyň ilaty üýşüp gelip, oňa şeýle diýipdirler:

– Sen diňe Babylyň patyşasymy ýa-da bütin jahanyň?

Ol:

– Bütin jahanyň – diýip jogap beripdir.

Olar:

– Onda sen näme üçin diňe bize zulum edýärsiň? – diýipdirler.

Şondan soň Zahhak birnäçe günläp, olara ýeňillik beripdir.

## Hekaýat

Aýtmaklaryna görä, Zahhak bir gün düýş görýär. Ol düýşünde üç adamyň köşge gelýändigini, olaryň biriniň elinde ujy sygryň kellesine meňzeş demir gürzüniň bardygyny we şol demir gürzi bilen özüniň kellesine batly urandygyny görýär. Zahhak bu elhenç görnüşden gorkup oýanýar we bu ýaman düýşden howpa düşýär. Ol akylly müneçjimleri we ökde ýyldyzşynaslary çagyryp, olara düýşüni gürrüň berýär. Şonda:

– Patyşalykdyr mülkdarlygyň senden başga birine geçmeli wagty gelip ýetipdir. Senden patyşalygy aljak oglan şu wagt doglupdyr. Sen onuň kakasy bilen çaknyşarsyň we ony öldürersiň. Onuň ejesi senden gorkunjyna ogluny çöle äkidip, ony sygryň süýdi bilen iýmitlendirip ulaldar ýaly sygyr çopana berer – diýip, müneçjimler düýşi ýorupdyrlar.

Zahhak bu ýagdaýa gamlanyp, Periduny tapmak üçin birnäçe adam iberýär. Aýtmaklaryna görä, Peridun Tahmuresiň perzentlerinden bolan Etbiniň ogly eken. Onuň aýalynyň ady Lewabek[1] eken. Şol ýylda Peridun bu aýaldan dünýä inýär. Agalyk nyşanalary we soltanlyk alamatlary Peridunyň maňlaýynda görnüp duran eken. Ony gören adam onuň uly işleri bitirmek üçin ýaradylandygyna göz ýetirýän eken. Zahhak öz adamlaryny onuň gözlegine iberýär we şeýle çaga barada idegsorag edip başlaýar. Ahyrynda patyşalyk neslinden we şalyk neberesinden bolan Tahmuresiň perzentlerinden bir çaganyň eneden bolanlygyny, onuň adynyň Peridundygyny we onuň alnynda beýiklik nyşanalaryň bardygyny habar berýärler.

Zahhak olary getirmäge adam iberýär. Emma olar onuň aýalyny we çagasyny tapmaýarlar. Ol aýal çagany daglara-düzlere äkidýär. Ahyry aýal sähralykda bir çemenzarlygy görýär.

---

[1] «Müjmelut tawaryhy wel-kasas» (Taryhlaryň we kyssalaryň gysgaça beýany) atly eserde Ferirmek diýlip ýazylypdyr.

Ol çemenzarlykda bir sygyr otlap ýören eken. Ol mundan öň şunuň ýaly owadan we hoşreň sygyr görmändir. Şeýlelikde, ol sygryň eýesine:

– Bu çagany saňa tabşyrjak, sen ony sygryň süýdi bilen ekle we ata hökmünde mähriban bol. Sebäbi müneçjimleriň we bilgiçleriň birtopary maňa: «Allatagalanyň takdyryna görä, bu oglan bir gün patyşalyk tagtyna geçer. Zahhagyň zulumy we sütemi onuň adalat nurunyň öňünde öçer» diýdiler – diýýär. Ol adam bu çagany kabul edýär.

Zahhagyň adamlary Peridunyň öýüne girenlerinde ony görmänsoňlar, köşgüni otlap, öýüni talapdyrlar.

Peridun dört ýyl sährada gezipdir. Zahhak ony gözlemegi näçe dowam etse-de, hiç tapmandyr. Ahyrynda oňa pylan çemenzarlykda bir sygryň barlygyny we ol çagany şonuň süýdi bilen ekleýändiklerini habar berýärler. Zahhak ony getirmäge adam ibermezinden öň, Peridunyň ejesi: «Birden biri yzarlap gelip, ony bir bela uçradaýmasyn» diýip, çagany göterip, başga bir ýere äkidýär. Dagda bu dünýäden el üzen takwalardan we terkidünýälerden ybarat birtopar kişi bar eken. Ejesi çagany ol ýere äkidip, ony şol terkidünýälere tabşyrýar.

Zahhak ol ýere adam iberip, sygry öldürdýär. Olar şol töwerekdäki ähli mal-garalary talaýarlar. Peridun Allanyň goldawy bilen aman galýar, üstünlik we päklik enekesiniň elinde terbiýelenýär. Peridun on alty ýaşa ýetensoň ejesinden: «Meniň kakam kimdi we oňa näme boldy?» diýip soraýar. Ejesi ähli wakalary bolşy ýaly gürrüň berýär. Şeýlelikde, Peridun ar alyş guşagyny guşanyp, demirçilere sygyr kelleli gürzi ýasadyp, Babyla tarap ýüzlenýär. Oňa birtopar adam hem goşulypdyr.

Zahhagyň işi perişan bolupdy. Sebäbi, bir gün Käwe atly bir mazlum onuň köşgüne gelýär we:

– Men bir demirçi ussa, men göýä diňe seniň zulumyňy çekmek üçin dünýä inen ýaly. Mundan birnäçe gün öň meniň bir oglumy ýylanlara berdiler. Heniz öňki ýaramdan gutulman-

kam, meniň ýene bir oglumy alyp adamlaryňa tabşyrypdyrlar. Seniň Allanyň ýaradan halkynyň üstüne açan bu zulum gapyň we Hakyň bendeleriniň üstüne çeken bu jebir gylyjyň nämedir?! – diýýär

Ol şeýle diýenden soňra, Zahhagyň köşgünden çykýar we kömek isläp:

– Eý babyllylar, eý, hasylsyz mazlumlar, näme üçin pesligе we zelillige razy bolýarsyňyz? Ol hemmämizi bir-birden ýa-da iki-ikiden öldürer, biz näme üçin namartlyk bilen öldürilmeli? – diýip gygyrýar.

Şeýdip, demirçilik edýän wagty ot zyýan bermez ýaly biline daňýan deriden edilen öňlügini bir taýagyň ujuna daňýar. Birtopar adam onuň daşyna üýşýär we bilelikde Zahhagyň köşgüne girýärler.

Zahhak olara garşy uruşmak islese-de, halkyň ony ýigrenip, zulumyndan halys bolandyklary zerarly hiç kim oňa ýardam bermeýär. Ol howsala düşüp, mejbur bolup, Käwäniň ogly Karany yzyna berýär. Aýaga galan halk onuň gowşak we çäresizligine göz ýetirip, ýolbaşçylyga mynasyp adamy gözleýärler. Birden, Peridunyň güneşi ykbal gündogaryndan çykýar. Adamlar ony gören dessine, onuň dabarasy we azamaty kalplaryna ornaşyp, gözleri onuň güneş jemalyny görüp, aňk-taňk bolup, hemmeler sejde edip, onuň öňünde edep zeminini ogşaýarlar. Ol adamlaryň ählisini ezizleýär. Soňra ol Käwe we Karan bilen bilelikde köşge girip, Zahhagy tussag edýär. Onuň düýşünde görüşi ýaly, Peridun şol gürzüsi bilen Zahhagyň üstüne topulýar. Bir rowaýata görä, gürzi bilen onuň kellesine ýelmeýär we: «Men seni diňe bir kakamyň aryny almak üçin öldürmän, eýsem enekäm we meni süýdi bilen terbiýelän sygyr üçin hem öldürýärin» diýipdir. Başga bir rowaýata görä, onuň bilinden bir tasma kesip alyp, ony şol tasma bilen daňyp, dagda bir guýa taşlaýar.

Taryhçylaryň aýtmaklaryna görä, ol bir güni kem müň ýyl patyşalyk edipdir.

Köňlüň üçin kineli geläýse-de zamana,
Azapsyz, sabyr bilen ýeňiş ýeter ynsana.
Zahhak gider, ornuna indi Peridun geler,
Gije geçse, soňundan hökman gündiz hem bolar.

## PERIDUN

Bellenilişine görä, ýürekler Zahhakdan arkaýyn bolansoň, ýitip giden asudalyklar we salamatlyklar täzelenip, terlenip poslap giden rahatlyk aýnasy arassalanypdyr. Peridun tagta geçýär we soltanlyk kürsüsinde ornaşýar. Şol gün Mehr[1] aýy-nyň ilkinji güni bolup, bu gün ýylyň salkynlaşyp, howanyň täzelenýän wagty hasaplanýar. Adamlar bu güni baýram belläp, ony şatlyklar möwsümine öwrüpdirler. Şeýle hem, şol güne Mehrijan diýip at beripdirler, ýagny «Zahhagyň sütem edýän döwründäki ýitip giden jan mähri gaýdyp geldi» diýipdirler.

Şeýlelikde, Peridun soltanlyk tagtynda ornaşyp, ykbal güneşi onuň gündogaryndan parlap dogýar we öz hak eýesine gowuşýar. Peridun goşunyň tanymallaryny we raýatyň ady bellilerini çagyryp, olary öz kadasy boýunça tertibe salyp, hersine gowy wadalar hem goldawlar berýär. Olary näpäk Zahhagyň golastyndan halas bolandyklary mynasybetli gutlap, ählisini özüniň gowy gözegçiligi we gözel idegçiligi bilen söýünjileýär. Ol patyşalyk esasyny goýup, Zahhagyň döwründe ýola goýlan zulum kadalaryny ýok edýär. Ol Käwe we onuň ogly Karany çagyryp, olara köp hormat we sarpa goýup, olaryň öňünde gözleriň görmedik we gulaklaryň eşitmedik hazynalary

[1] Hijri-şemsi ýyl hasaby boýunça «Mehr» aýy ýedinji aý bolup, ol güýz paslynyň ilkinji aýydyr. Takmynan Ruhnama aýynyň 20-sinden Garaşsyzlyk aýynyň 20-sine çenli.

açmaklaryny buýurýar. Olar hazynada hergiz oý-pikir we arzuw-hyýal edilmedik nepis göwherleri we gymmatbaha hazynalary görüpdirler. Bularyň içinde lagl bölejikleri, doňan ýa-da lagtalanan gan ýaly gyzyl ýakutlar, deňeşdirmelerde ýagşyzadalaryň dişleri we meňzetmelerde ýagyş damjalary ýaly merwerit däneleri hem bar eken.

Peridunyň permany boýunça, şol günde Käwäniň taýagyň ujuna daňan deri öňlügini getirip, oňa her hili nepis göwherleri dakypdyrlar. Ol bu derini gowulyga ýorup, ony uly baýdaga we täsin tuga öwrüpdir we oňa Derefşi Käwiýan (Käwelileriň baýdagy) diýip, at beripdir. Soňky patyşalar hem ony aýap saklap, ähli bol-elinlikler, şatlyklar, ýeňişler we basybalyşlar şunuň bereketinden bolýar diýip ynanar ekenler. Onuň ýerine geçen her patyşa bu tuguň üstüne köp zatlar goşup, ony şeýle derejede gymmatbaha zatlar bilen bezäpdirler welin, ähli baha kesijiler oňa baha kesmekden ejiz bolupdyrlar. Ahyrynda kesra[1] patyşalarynyň döwletiniň gününiň tutulan wagty bolan Kadysyýýe söweşinde Sagdy Wakgasyň leşgerinden bir adam şol baýdagy ele salýar. Ony oljalar bilen bilelikde möminleriň emiri Omar hezretlerine (goý, Alla ondan razy bolsun!) iberýärler. Soňra ony söküp, musulmanlaryň arasynda paýlaýarlar. Allatagala şunça göwherleri Muhammede (Oňa Allanyň salamy bolsun) eýerýänleriň nesibesi edýär.

## Hekaýat

Aýtmaklaryna görä, Peridunyň üç aýaly bolupdyr. Olaryň ikisi Jemşidiň gyzlary bolup, biriniň ady Ernowaz, beýlekisiniň ady bolsa Newar eken. Onuň üçünji aýaly Zahhagyň gyzy eken. Onuň aýallaryndan üç ogly bolupdyr. Olaryň täleý ýyl-

[1] Kesra – Sasanly patyşalaryň umumy lakamy.

dyzlary dürli bolupdyr. Birinji oglunyň täleý ýyldyzy Hamal[1] bolup, onuň çäre tapyjysy (gönükdirijisi) Zöhre eken. Ikinji oglunyň täleý ýyldyzy Eset[2] bolup, ol musallatlyk we beýiklik nyşany, onuň täleýi Myrryh[3]. Üçünji oglunyň täleý ýyldyzy Seretan[4], onuň eýesi, hojaýyny bolsa, Aý bolupdyr. Ol bolsa öz öýündedir. Peridun olara hiç at goýman, ýolda aždarha mysalynda bir zat goýup, olary şoňa garşy söweşmäge iberýär. Uly ogly barýar. Ol gaçyp, sag-aman gaýdyp gelýär. Kakasy oňa Selm diýip at goýýar. Ortanjy ogly aždarha mysaly zada hüjüm edip, oňa garşy söweşýär. Kakasy oňa gaýduwsyzlygy üçin Tur diýip at goýýar. Peridunyň Ernowazdan bolan iň kiçi ogly ilki aždarha mysaly zada:

– Sen biziň kimiň perzentleridigimizi bilmeýärmiň? Biz şa Peridunyň perzentleri. Eger sen bizi tanaman, bize garşy durmak isleseň, onda men özümizi saňa tanadaýyn. Eger bizi tanap, batyrgaýlyk edýän bolsaň, onda suw ýaly gylyjyň zarby bilen suw ýaly yzyňa gaýtararyn – diýýär. Şeýdip, tilsime delil getirip, özüniň ony öldürmekden bizardygyny yglan edýär. Kakasy oňa Ireç diýip at goýýar.

Olar ýetginjeklik öwüsgininden kämillik ýaşlaryna ýetensoň hem-de patyşalyga mynasyp bolansoňlar, kakasy olar barada uly ýalňyşlyk goýberýär. Ulularyň ýalňyşy hem uly bolýar. Ol dünýä sebitlerini olaryň arasynda paýlamagy we olaryň ol ýerleri öz ady bilen gysymyna gysmagy üçin, her birine belli bir yklymy bermegi makul bilýär. Şeýlelikde, Rum deňzini, Magryby we bu ýerleriň daş-töwereklerini Selme, Türk, Çyn, Hint we bu ýerleriň ähli sebitlerini Tura berýär. Soňra bu jahanyň ortasy, ýeriň göbegi, älemiň gaşy bolan bu dünýäniň orta sebitlerini Ireje bagyşlap, tutuş Horasany, Yragy, Parsy,

[1] Hamal – Guzy ýyldyzy.
[2] Eset – Ýolbars ýyldyzy.
[3] Myrryh – Mars ýyldyzy.
[4] Seretan – Leňňeç ýyldyzy.

Kermany, Ahwazy, Tabarystany we Şamdyr Rumuň köp böleklerini onuň ygtyýaryna geçirýär. Şeýle hem, ony diwana we öz leşgerlerine emir belläp, ony uly doganlaryndan üstün edýär. Perzent hernäçe kiçi bolsa, şonça-da kakasyna söýgüli görünýär. Emma ol esasy usullary we umumy kanunlary ýöredip bilmeýär. Uly ýaşlyny mynasypdan öňde goýmak patyşalyk mertebelerini saklamakdan nyşandyr[1]. Şeýle ýoluň saýlanmagy bolsa, Peridunyň patyşalygynyň perişanlyga düşmegine sebäp bolýar.

Soňra ol iki uly ogluny häzirläp, ýarag, esbapdyr leşger berip, birini Günbatara, beýlekisini bolsa Gündogara iberýär. Öz hökümdarlyk paýtagtyny Ireje tabşyrýar. Ähli işleri Ireç dolandyrýardy. Peridunyň diňe patyşa hökmünde ady ýöreýärdi. Buýruk bermedir gadagan etme, çäklendirmedir giňeltme, çözmekdir baglama işlerini dolulygyna oňa tabşyrypdy. Oňa şeýle derejede ygtyýar beripdi welin, hiç kimiň oňa garşy çykmaga haky bolmandyr. Şeýle bolsa-da, Ireç edil beýleki hyzmatkärler kimin kakasyna tagzym edipdir. Ol hyzmat wezipesini ýerine ýetirmekde kiçijik bir zady hem elden bermeýän eken. Bu habarlar onuň doganlaryna ýetende, olarda göriplik ody tutaşyp, ýigrenç ýüze çykyp, duşmanlyk we kine olaryň gursak sährasyna saýa salyp başlaýar. Şeýdip, iki uly dogan biri-birlerine hatlar ýazyşyp, ilçiler iberip, özleriniň içki syrlaryny paş edip:

– Kakama näme boldy, ol bize zulum edip, ulyny goýup, kiçini saýlapdyr! Biz adalatly seretseň Ireçden öňde, biziň hyzmatdyr ululyk hakymyz artyk. Soltanlyk kürsüsi we döwletdir welaýat tagty näme üçin Ireje berilmelimişin?! – diýipdirler.

Ilçiler iberilen ýerlerine barýarlar. Uly doganlar birleşip, kakalaryna garşy aýaga galyp, Ireji agdarmagy ýa-da özlerini

---

[1] Bu sözlemde patyşanyň perzentleriniň içinden kiçi ýaşlysy mynasyp bolsa-da, uly ýaşlyny öňde goýmalydygy ündelýär.

oňa berlen zatlara şärik etmegi karar edipdirler. Ähtler mäkämleşensoň, olaryň her haýsysy öz ýerlerinden hereket edip, böwsüji leşger bilen aýaga galyp, Töwrizde biri-birleri bilen duşuşýarlar. Soňra bir topar adam ýygnap, kakalarynyň ýanyna ilçi iberdiler we oňa gödek habar ibermek bilen pitnäni ýatyrmak üçin ýa Ireji bir çete iberip, haýsam bolsa bir ülkäni berip, özüniň yzzatly paýtagtyny başga bir ogluna bermegini ýa-da gylyjyny alyp, hakyny talap edýän kişiniň öňünde durar ýaly uruş esbaplaryny toplap taýýar bolmagyny isläpdirler.

Ilçiler Peridunyň hyzmatyna gelip, ilçilik şertini we çaparlyk hakyny eda edensoňlar, Peridun diýseň gamlanýar. Bitap bolup, Ireji çagyrýar we bu ýagdaýy düşündirip:

– Men seniň uruş esbaplaryny taýýarlap, söweş we uruş maksady bilen olaryň ýanyna barmagyňy maslahat bilýärin. Bu gün höküm seniň hökümiňdir. Men häzir diri, meniň ähli adamlarym seniň baýdagyň astynda giderler we seniň permanyňa boýun bolarlar. Ýüreklerinde gorky bolan we mejburlykdan doganlaryň bilen birleşen adamlar biziň baýdagymyzy gören batlaryna, derhal olardan ýüz öwrerler we seniň hyzmatyňa gelerler – diýýär.

Ireç bu sözleri eşidip, edep zeminini ogşaýar.

### *Beýt*

Serwi deý kamatyn çeňňek dek egdi,
Ýakut deý leb bilen hala reňk degdi.

Soňra Ireç şeýle diýýär:

– Patyşanyň aýdýan sözleri dogrudyr. Emma eger siz maslahat bilseňiz, häzirki wagtda älem perişanlyga düşüp, halaýyk biz sebäpli kösenje duçar bolmaz ýaly ylalaşyk ýoluna eýerip, agzybirlik üçin jogap hökmünde özümize bähbitli zady ýazmak ýerlikli bolar.

Onda kakasy:

– Seniň akylyň şeýle bolmagyň gerekdigini ündeýär. Emma men olaryň gylyk-häsiýetine belet. Olar ýumşaklyga gatylyk, wepalylyga jepalyk bilen jogap berýärler. Sen ýaş-juwan halyňda, ylalaşmagy makul bilseň, men garry neneňsi urşy ündäýin. Häzir men hat ýazyp, seni birnäçe akyldar adamlar bilen olaryň ýanyna ibereýin, göreli Hudaý nähili hüküm edýär – diýýär.

Kakasy olara kanagatlandyryjy ötünçleri öz içine alýan bir hat ýazdy. Ol özüniň hatynda şeýle diýýär: «Men doganyňyza berlen artyk haky size tabşyryp, doganlyk ähtini täzelär ýaly Ireji siziň ýanyňyza iberýärin. Ol siziň hormatyňyz we ululygyňyz üçin öz içinde saklap goýan sarpasyny we sylagyny size aýan eder. Siz meniň atalyk hakymy saklap, meniň nygmatyma gadyrbilmezlik görkezmersiňiz we atalyk hukugymy boýun bolmazlyk bilen peseltmersiňiz diýip umyt edýärin. Iniňizi ýagşylyk bilen yzyna gaýtaryň».

Şeýdip, kakasy Ireji olaryň ýanyna iberýär we onuň ýoluna göz dikip, gulak gabardyp, näme habar bolarka, diýip garaşýar. Ol nyýaz[1] dili bilen şeýle diýer eken.

### *Beýt*

Eý, aý ýüzli, sen bizden daşlaşyp, ara açdyň,
Endişäm köp, sabrym az, halym harap kylypdyr.
Tenim naý dek, gursak – Nil, ýaňagym göýä saman,
Barmak – lebde, gulak – gapyda, gözüm – ýolda bolupdyr.

Ireç doganlarynyň ýanyna ýetende, olar ony garşylap, ýürekden däl-de, ýalandan mähribansyraýarlar. Olar her gün iki-üç sany aldawlyk misini ikiýüzlilik zeri bilen bezeýän ekenler.

---

[1] Nyýaz – mätäçlik, ýalbaryş.

Olar duşmanlyk zäherini hilegärlik şekeriniň içinde gizleýän ekenler. Bir gün Selm oturlyşyk gurýar we Ireji öýüne getirýär. Olar saçak başynda meý içişlik mejlisini gurnaýarlar. Birnäçe bulgur şerap içensoňlar, Tur inisine ýüzlenip:

– Biz diri wagtymyz nämä esaslanyp täji-tagty islediň! Biziň bardygymyza garamazdan, özüňi patyşalyga mynasyp saýdyňmy? – diýýär.

Ireç oňa:

– Size we siziň egindeşleriňize meniň tagty islemändigim we ony almak üçin tagalla etmändigim aýandyr. Eger ýalňyşlyk bolan bolsa, kakamyz edipdir, meniň bu işde nähili günäm bar?! Indi siz bu işe üns berip, yzarlap başlanyňyzdan soň, siz näme diýseňiz şoňa görä bolup, nirä iberseňiz şol ýerde mesgen tutmak üçin täji-tagty terk edip hyzmatyňyza geldim – diýýär.

Tur bolsa:

– Sen bu sözleri bialaçlykdan aýdýarsyň, biziň ýanymyzdan giden badyňa patyşalyk höwesi seni gozgalaňa salar – diýip, altyn kürsä el urup, onuň başyndan aýlap urýar. Ireç oňa şeýle diýýär:

– Hergiz sen meniň ganyma we bigünä halyma kast etme. Özüňi Allanyň we kakamyzyň gazabyna duçar etme. Men serwerligi we ýolbaşçylygy taşlandyryn. Öz ygtyýarym bilen siziň gapyňyza gelip, özümi siziň penaňyza atdym. Ähtleşen adamyň bilen ähdiňi bozmak mynasyp däldir.

Tur onuň sözlerine üns bermeýär we ädiginden hanjaryny çykaryp, inisiniň kellesini teninden aýyrýar. Ol şol kelläni bir çapar arkaly kakasyna iberýär we oňa: «Şu seniň täç geýmäge mynasyp gören kelläň! Men indi muny saňa iberýärin. Sen onuň kellesine täç geýdirip bilersiň» diýip habar iberýär. Olar şeýle ýaramaz iş edip, nähak gan dökensoňlar dolanyp, biri Türküstana, beýlekisi bolsa Ruma barýar.

Bu habar Periduna ýetip, Irejiň kellesini getirenlerinde, älem-jahan onuň gözüne garaňky görnüp, tagtdan düşýär we

bihuş bolýar. Ol huşuna gelen wagty, gözýaş dürdäneleri syrygyp, kirpik almazyna siňip gidýärdi. Şondan soň ol bir ýyllap, şeýle ahy-nala edip, zaryn-zaryn aglapdyr welin, guşlar asmanda, balyklar bolsa suwda onuň halyna aglaşypdyrlar, raýatlar we goşun hem Irejiň matamynda saçlaryny ütüp, ýas lybasyny geýipdirler. Peridun wagtyny Tura we Selme yzygiderli betdoga etmek bilen geçirer eken. Gije-gündiz Hudaýtagaladan Irejiň aryny olardan alar ýaly, Irejiň neslinden bir perzent bermegini dileýän eken.

Ireç wepat bolanyndan birnäçe wagt geçensoň, Peridun Irejiň aýallaryndan göwreli aýal barmy-ýokmy bilmek üçin onuň haremhanasyna adam iberýär. Mah Aferidiň Irejiň bilinden çagasy bardygy mälim bolýar. Ol bäş aýdan soň çagany dünýä inderýär. Bu barada dürli maglumatlar bar. Abu Mansur Sagalybynyň aýtmagyna görä, ol perzent Menuçehrdir. Firdöwsiniň «Şanamada» berýän maglumatyna görä, bu dünýä inen çaga bir gyz bolup, oňa Mah Aferit diýip at goýup, ony terbiýeläpdirler. Ol ulalansoň Peridun ony özüniň doganynyň Seňg atly ogluna berýär. Olardan bir çaga dünýä inýär. Bu çagany Peridunyň ýanyna getirenlerinde, ol oňa syn edýär. Görse, onuň ýüzi özüne meňzeýän eken. Ol bu çaga Menuçehr, ýagny «Meniň keşbim» diýip at goýýar. Garaz, bu çaga Irejiň ogly ýa-da agtygydyr. Aýtmaklaryna görä, aglamakdan ýaňa Peridunyň gözleri kör bolan eken. Emma Menuçehri görüp, gözleri açylýar.

Şeýdip, Peridun ony terbiýelemäge başlaýar, onuň kemala gelmeginde janypkeşlik bilen yhlas edýär. Ol ulalansoň ähli hünärleri öwrenýär, mertlik, adamkärçilik, hümmetlilik, merdanalyk, syýasat we rehimlilik Menuçehriň häsiýetinde jemlenýär. Peridun ony öz oruntutary edip, täji-tagty berip, ähli meşhur patyşalary we pälwanlary onuň bilen ähtleşdirýär. Bu habar Tura hem-de Selme ýetende olar biri-birlerine hat ýazyşýarlar we öňki kararlary ýaly ýene-de Töwrizde biri-birleri bilen du-

şuşýarlar. Olar diňe mekirlik, hilelik, ýalançylyk we aldawçylyk ýoly bilen bu işi ýatyryp, urşuň öňüni alyp bolar diýen karara gelýärler.

Şeýdip, olar köp sowgatlar we sansyz pullar bilen, ilçi iberip, şeýle mazmunda hat ýollaýarlar: «Öňki wakalar Allanyň takdyry bilen bolan eken. Şeýtanyň hileleri bize şu işi etdirdi. Indi bolsa biz bu eden işimize ökünýäris. Biz Irejiň neslinden bir çaganyň bardygyny eşitdik. Biz onuň huzurynda ötünç sorap, ýalkaw dilemegi we onuň öňünde bilimizi guşap, ýalbaryp durmagy özümize borç bildik hem-de onuň bizden razy bolmagy üçin şeýle hem kyýamatda jezalandyrylmazlygymyz üçin geregiçe mal pida etmek isledik».

Bu habar Periduna baryp ýetende, ol:

– Heý, meniň ýaly adam ogluny zere satarmy! Siz eden işiňiziň jezasyny çalt görersiňiz. Men adamlaryň: «Garry halynda oglanlaryna garşy söweşdi» diýip betnam etmezlikleri üçin size hiç zat diýmedim. Ýogsa men bireýýäm siziň mekanyňyzy gum-toprak ederdim. Hudaýa şükür, indi Irejiň neslinden Menuçehr atly perzent dünýä indi. Ol hem şirleriň haýbatyna, hem edermenleriň merdanalygyna eýedir. Siz onuň jemalyny görmäge şowk edýän bolsaňyz, ol meniň we kakasynyň aryny almak üçin uly goşun we tükeniksiz leşger bilen hatyň yzýany baryp ýeter. Gep köpeldip oturmaga hajat ýok, wessalam – diýip, ilçini yzyna gaýtarýar.

Çapar we ilçi bu habary Tura we Selme ýetirensoň, olar mundan gaty ynjap, özlerine bela aýatyny okap: «Olar taýýar bolmazlaryndan ozal biz olaryň üstüne çozmaly» diýen karara gelýärler. Şeýdip, daş-töwerekden leşger toplap, Peridunyň tagtyna tarap ýola düşýärler. Menuçehr hem köplüginden we güýçlüliginden ýaňa asmanyň ýyldyzlary bilen bilelikde, aýa gyýa göz bilen seredýän bezelen goşun bilen olara garşy durýar. Iki leşger biri-birine ýetip, hatarlary düzüp, birnäçe gije-gündizläp söweşýärler. Ýeriň ýüzi adamlaryň gany bilen boýa-

lyp, pelegiň pöwrize – mawy asmany ölenleriň ganynyň şöhlesinden gyzyl ýakut boldy. Gijesine Menuçehriň habarçysy leşgergähden gelip, duşmanyň gijeki çozuş etmek niýetiniň bardygyny habar berdi. Menuçehr leşgeri iki topara böldi. Ol birinji topary urşa çykmak üçin Karana tabşyrdy we özi beýleki leşgeri bilen bukuda durdy. Tur gelip ýetensoň, olary söweşe taýýar halda görüp, gelenine puşman etdi. Emma ol Tura peýda bermedi. Şeýdip, ol umytsyz urşa başlady. Ol az salym söweşensoň ýeňlip, yzyna dolandy. Ýene bir tarapdan Menuçehr bukudan çykyp, mertlerçe söweşe girýär we bir salymyň içinde leşgeri doly derbi-dagyn edýär. Menuçehr şol gije Tura ýetip: «Nirä barýasyň? Täç-tagt gazanmak üçin geldiňmi? Garaş, men seniň kelläňi gandan lagl täjine öwreýin!» diýip gygyrýar. Soňra ol garaňky gijede säheriň ýagtylygy kimin lowurdaýan gylyjy bilen asman ýaly mawy sowudyny bagrynyň gany bilen şapak kimin gyzardyp, bir urgy bilen ony atdan agdarýar. Edil Irejiň kellesini kesişi ýaly edip, onuň kellesini kesýär. Soňra derhal dolanyp, Turuň kellesini Periduna iberýär we bolan wakany hat üsti bilen habar berýär.

Selm bu habary eşidip, doganynyň ýasy bilen bilelikde öz ýasyny hem tutýar. Menuçehr oňa möhlet berýär. Selm Zahhagyň neslinden bolan hem-de mertlikde we edermenlikde tanymal bolan Käkewiýe diýen adamdan kömek soraýar. Käkewiýe gelip, uruş esbaplaryny taýýarlaýar we hatar düzýär. Şol ilkinji gün Menuçehr Käkewiýe bilen garpyşýar we birnäçe wagtlap onuň bilen söweşýär. Ahyrynda Menuçehr Käkewiýäni atdan agdarýar we ony öldürýär. Selmiň leşgeri ýeňlişe sezewar bolýar. Menuçehr Selmi ele salýança, olaryň yzyndan kowýar. Menuçehr Selmiň yzyndan ýetende, kaza-takdyryň ýazan ajaly ýetýär we onuň aty ýykylýar. Selm atsyz galýar. Menuçehr bolsa şol bada onuň kellesini teninden aýryp, kakasyna iberýär. Älem-jahan onuň ygtyýaryna geçýär we ähli zalymlar oňa boýun bolýarlar. Şondan soň köp wagt geçmänkä, Peridun we-

pat bolýar. Ol bäş ýüz ýyl ýaşap, pany dünýäden baky mekana göç edipdir.

## MENUÇEHR

Patyşalyk Menuçehre geçip, jahanyň han-begleri onuň permanyna boýun bolýarlar. Topalaňçylar onuň hökümdarlygyna tabyn bolansoňlar, onuň işdolandyryjysy, döwlet sütüni we işini esaslandyryjysy Sam Naryman atly bir adam bolýar. Oňa pälwan diýer ekenler. Onuň edermenlikde we merdanalykda älemde deňi-taýy bolmandyr. Nimruz, Zabulystan, Kabul we Hindistan Samyň mülki bolupdyr. Ol wagtal-wagtal patyşanyň ýanyna gelip, hyzmatkärlik we bendelik edebini ýerine ýetirip, gulluk ähdini täzeläp, ýene-de welaýatyna gaýdýardy. Ol welaýaty abadanlaşdyrmaga we ilaty rahatlykda saklamaga çalşar eken.

Ol Päk we Beýik Alladan durmuşda gözüniň göreji we ýüreginiň buýsanjy bolup, özünden soň oruntutar bolar ýaly, bir perzent bermegini diläpdir. Päk we Beýik Ýaradyjy oňa şeýle bir ogul beripdir welin, onuň saçlary, kirpikleri we gaşlary ap-ak bolup, ondan öň beýle çaga görmändirler.

Sam mundan ynjap, birden adamlaryň agzyna düşäýmesin diýen gorky bilen, ony aýakýetmez daglyga taşlaýar.

## ZAL – DESSAN

Ajamlylar bu barada akyla sygmajak hem-de kabul ederlikli ýörelgeden we endik edilen röwüşden daş bolan bir hekaýaty aýdýarlar. Bu hekaýatyň meşhurlygy hem-de «Şanamadyr» beýleki kitaplarda rowaýat edilendigi üçin ony aýtmaklykdan başga çäre ýok.

Aýtmaklaryna görä, Symrug ol oglany öz höwürtgesine äkidip, jüýjeleri bilen bilelikde terbiýeläpdir. Ol ýedi ýaşyna

ýetende, Sam ony düýşünde görýär. Düýşünde bir adam Sama: «Seniň ogluň diri we pylan ýerde» diýýär. Ol oýanyp, oglunyň gözlegine çykýar, düýşünde görkezilen ýere barýar. Symrug onuň çaganyň kakasydygyny bilip, ony kakasyna berýär we öz teniniň ýeleklerinden birnäçesini ýolup:

– Eger seniň işiň şowuna bolmasa, şu ýelegi oda taşlap köýdür, şonda men saňa kömege gelip, seniň hakyňy alyp bererin – diýýär.

Bu gürrüň akyldan diýseň daş, ýalana ýakyndyr. Emma meşhur bolany üçin getirildi. Kepilligi rowaýat edeniň boýnunadyr.

Oglanyň adyna Dessan[1] goýýarlar. Sam bu çagany maşgalasynyň arasyna getirýär. Kän wagt geçmänkä, ululyk alamatlary oglanyň alnynda äşgär bolup, onuň merdanadygy we parasatlydygy baradaky habarlar älem-jahana ýaýraýar. Menuçehr bu haldan habar tapyp, Sama gutlag hatyny iberýär we: «Biziň synlamagymyz bilen bagt tapyp, terbiýämiziň yzzat-hormatyna eýe bolar ýaly, meniň ýanyma geleňde, perzendini hem alyp gelgin» diýýär. Sam Menuçehriň ýanyna oňa hormat we tagzym etmek üçin barmagy ýüregine düwýär. Ol Zaly hem özi bilen äkidýär. Sam ýaş we bagtly Zal bilen Menuçehriň ýanyna baranda, Zal patyşalara laýyk hyzmat şertlerini berjaý edýär. Menuçehr onuň görmegeýligini, berdaşlydygyny, mylaýym keşplidigini, hereketleriniň ýerliklidigini we sözleriniň jaýdardygyny görüp, haýrana galýar. Ony öz tarapyna çekmek, hormatlamak hem-de sylag-serpaý etmek üçin hiç hili kemkärlik etmeýär. Beýik patyşalaryň adatlarynyň biri bendelerine sylag-serpaý bermekdir. Olar bu işleri bilen ony göz-gulak boluş sallançagynda üns beriş süýdi bilen şeýle bir idedýärler welin,

[1] Ol oglanyň hakyky ady Dessan bolsa-da, soňra ol saçynyň alalygy üçin «Zal» diýen at bilen tanalypdyr. Pars dilinde zal diýmek «garry, ýaşuly» diýen manylary aňladýar.

Dessan süýdüň täsiri bilen wepalylykda jandan geçmäge we ýaýdanmazdan jan bermäge razy bolýar.

Şeýlelikde, Menuçehr müneçjimlerden onuň dogluş täleýini bilip, oňa degişli hökümleri çykarmaklaryny talap edýär. Hekimleriň we akyldarlaryň her haýsysy çola ýer saýlap, gyra çekilýärler we aşakdaky täleýi çykarýarlar: «Bu çaganyň güýçli täleýi we geň bagty bar. Ol bu nesilşalygyň duşmanlaryny ýok etmekde we garşydaşlaryny dargatmakda janyny gaýgyrmaz, ýatda galyjy meşhur işleri amala aşyrar».

Soňra Menuçehr oňa gymmatbaha sylaglar berýär. Sam Zal bilen welaýatyna dolanýar. Birnäçe wagtdan soň Sam Hindistana sapar etmeli bolýar. Ol Zaly oruntutary edip, ony ýurt dolandyryş tagtyna geçirýär. Ähli hazynalaryň açaryny ogluna tabşyryp, çözmekdir baglamak, çäklendirmekdir ýaýbaňlandyrmak işlerini ygtyýarynda goýup, halka hyzmat etmegi, adalatlylygy ýöredip, ýagşylygy ösdürmegi wesýet edýär. Ol gidensoň Zal ömrüniň pursatlaryny her hili hezilliklere we lezzetliklere paýlap, patyşalyk işlerinden boşansoň, şerap içmäge we aw awlamaga meşgul bolar eken.

## ZAL WE RUDABA

Bahar paslynda bady saba özüniň gök düşegini ýaplaryň töwereginde ýazyp, bulut bezegçileri gülleriň açylyş zynatyny we bezegini agaçlaryň gulaklarydyr eginlerinden asyp, her ýerde her hili şekil ýasap, her daşa özboluşly reňk berende hem-de ekin meýdanlary behişt kimin bolup, läle asmana tarap şaha ösdürip, Zöhre ýyldyzy gül ýüzüni ýaplaryň üstünde şöhlelendiren wagty bir gün Zal aw-şikara çykýar.

Zal ülkäniň daş-töwereginde aýlanýar. Ol ýuwaş-ýuwaşdan Nimruzyň serhedinden aşyp, Kabulyň çägine geçýär. Şol wagt Kabul Mehrabyň ygtyýarynda bolup, ol her ýyl Sama köp baýlyk geçirip, onuň diwanyna salgyt töleýän eken. Ol Zalyň

bu ülkä gadam basanyny eşidip, ony garşylamaga çykýar we köp sylag-hormat edip, şeýle diýýär:

– Biziň döwletimiz we hökümetimiz seniň atyň jylawyny biz tarapa gönükdiripdir. Kämil ululygyňyz bilen bir duz dadyp, gün we aý kimin asmana seýr etmegimiz üçin bize gelip, gadamlaryňyzyň bereketi bilen öýümizi mübärekleseň we bir salym bile oturmak bagtyny biziň ygtyýarymyzda goýsaň gowy bolardy.

Onda Zal:

– Seniň ata-babalaryň meşhur we sylaga mynasyp adamlar bolandyklary belli. Myhmanlara hyzmat etmek ulularyň resim-adatlaryndandyr. Seniň biziň dinimizde bolmanlygyň üçin seniň huzuryňa barsam, dost-ýarlarymyň, garyndaşlarymyň we taýpamyň içinde käýinje galaryn. Sen ululygyň bilen meniň bu makul ötünjimi kabul et we meni öz öýüňe çagyrmakdan el üz. Ötünç ulularyň ýanynda kabul edilýändir – diýýär

Mehrap butparaz bolup, Sam we Zal Ýezdanparaz (Hudaýparaz) eken. Mehrap onuň sözleriniň mylaýymlygyny eşidip, onuň müňlerçe kabul etmelerden hem süýji bolan ret etmesini diňläp, ötünjini kabul edýär. Soňra Mehrap öýüne gelip, Zalyň syraty we ululygy barada aýalyna gürrüň berýär. Onuň aýalynyň ady Sinduht bolup, ol diýseň akylly, parasatly we düşünjeli zenan eken. Ol dogry, ugurtapyjy pikirlerdir çözgütleri bermekde «akyly kemlerden»[1] bolandygyna garamazdan, erkekleriň kämil akyllarynyň «üstünden gülýän» eken. Sinduhtdan bir gyz bolup, Gudrat nakgaşy[2] aýyň nun şekilini onuň gülen şekilinden çekip, Gözellik soltany[3] gara meňiň müşküni onuň gözel ýüzünde ýerleşdiripdir.

---

[1] Bu ýerde «akyly kemlerden» diýen jümlede aýallar göz öňünde tutulýar. Bu barada hadyslarda gürrüň edilýär.

[2] Gudrat nakgaşy – bu ýerde Allatagala göz öňünde tutulýar.

[3] Gözellik soltany – bu ýerde hem Allatagala göz öňünde tutulýar.

### *Beýt*

Onuň mar deý zülpi jim-u jimde dal,
Dodagy mim-u mimde müşkden hal[1].

Ol kakasyndan Zalyň keşbi we onuň başarjaňlygy barada eşidýär. Şeýle ýakymly dessan onuň gulagyna baryp ýetensoň, güle ony ýygmak üçin uzadylan müň el we üzüm suwuna meýil eden meýparazlar ýaly, Zaly görmegiň yşgyna düşýär. Gulak diňlemekde gözüň ornuny tutup, yşk gulagy ýanýan şemiň şemdanyna öwrülýär. Şeýle diýipdirler:

– Adam perzentleriniň ýürek köşgüniň iki gapysy bar. Biri gulakda, beýlekisi bolsa gözde. Muhabbet – söýgi käte göz gapysyndan girýär, ýagny göz görüp, ýürek ezilýär, aşyk hem mejnun bolýar:

Eger ugrukdyryjy bolsa göze ýüregiň,
Ýürek ganym boýnuna bolar iki garagyň.

Käte bolsa muhabbet gulak bendiniň gapysyndan ýürek gursagyna girýär. Munuň alamaty şu aşakda aýdyşlary ýaly, eşiden badyna aşyk bolmaga başlaýar:

Gulagym gyz-gelinleriň käbirine aşykdyr,
Käwagt gulak gözden öň aşyk bolup bilýändir.
Gulagym lebleriniň waspyn eşden pillede,
Görmezden, ýürek oňa gulakhalka bolýandyr.

Şeýdip, Rudabanyň nerkes[2] gözi Zalyň semen[3] ýaňagyny görmän, onuň jemalynyň gül-gunçasynyň waspyny eşiden ba-

---

[1] Hal – meň.
[2] Nerkes – kiçijik, owadan we hoşboý ysly gül.
[3] Semen – gülüň ady, jasmin.

dyna kalby köýýär. Ol bir hile-pikir oýlap tapyp, şeýle pirim düzýär.

Onuň bäş sany kenizi bolup, olar Rudabanyň husny-jemal meýdanynda gözellik nardyny[1] oýnaýardylar, ýüregi awlamak jamynda gözellik daşlary bilen üç – altylygy[2] oklaýardylar. Gözellikde saýlantgy güneş bilen alty – üçlükde[3] bäsleşýärdiler. Rudaba öz syryny kenizlerine aýan edýär we özüniň bu derdine derman talap edip:

– Gowusy, bu ýüreksiziň habaryny şol jana ýetiriň, belki, jan ýürek tarapyna nazar salar – diýýär

Soňra bu bäş keniz gül ýygmak bahanasy bilen Zalyň leşgergähiniň ýerleşen ýerine, ýabyň aňry kenaryna barýarlar. Olar Rudabanyň husny-jemalynyň gülüstanyndan dessanlar seçip, gül ýygan kişi bolýarlar. Zal olardan:

– Siz kim? – diýip soraýar. Olar:

– Biz ýeriň aýy we zamananyň güneşi, Mehrabyň gyzy Rudabanyň kenizleridiris. Onuň husny-jemalyna gözi gidip, onuň serwi kamatyndan, aý ýaňagyndan, keman gaşyndan, «ussat peýkamçylygyndan», sowutly gamzasyndan we şeker satyjy lagl lebinden mehr aýynyň gözleri ýaşlydyr – diýip jogap berýärler.

### *Şygyr*

Bilmän haýsy üç zatdan etjegin arz-şikaýat,
Hasap edip görse-de, ol köp gezek, köp halat.

Serwi kamatyndanmy ýa awçy bakyşyndan,
Ýa-da onuň zülpüniň özüne çekişinden?!

---

[1] Nard – oýnuň ady.
[2] Üç altylyk – nard oýnunyň daşlary.
[3] Alty üçlük – bu hem nard oýnunyň daşlary.

Köşgüň içinde but bar, mejlis-meýlisde bahar,
Eýwany hem görmegeý, meýdanda atly çapar.

Ýüzi müşk-anbar kimin, dodagy meý satyjy,
Gül lebler-ä sowutly, gözler – keman çekiji.

Olar Rudabanyň husny-jemalyny wasp edip, ony şeýle çendenaşa öwüpdirler welin, Zal müň kalp bile onuň jemalynyň perwanasy we wysalynyň aşygy bolupdyr. Zal olara:

– Meniň gözümiň onuň jemalyny görüp, röwşen bolmagy üçin hem-de habardan didara, beýandan aýana ýetmegim üçin heý bir ýol barmy? Eger siz meniň üçin şu ýagşylygy berjaý etseňiz, siziň hormatyňyzy tutup, köp sylag-serpaý bererin – diýýär.

Olar:

– Biz bu işi başararys. Rudaba biziň permanymyzdan çykyp bilmez, biziň razylygymyzy saklamak üçin hernäme diýsek ýerine ýetirer. Biz siziň araňyzda wysal-duşuşyk ýoly açylýança elde baryny ederis – diýýärler.

Şeýdip, kenizler yzlaryna dolanýarlar we Rudaba bolan wakany gürrüň berýärler. Rudaba köşgünde hylwathana gurýar. Haçanda saýýaralaryň[1] patyşasy we ýyldyzlaryň şasy günbatar haremhanasynda gizlenip, jahan humardan ýaňa uka meýil eden tatardyr türkleriň gara gözleri barada hekaýat edip, pelek berber[2] gözelleriniň müşkli gara zülpünden jahan etrabyna müşki-anbar seçende, Zal şol juwanlar bilen bilelikde, Rudabanyň köşgüne gelýär, örtügli we gizlin ýoldan haremhana girýär. Olaryň gözleri biri-birine düşýär.

---

[1] Saýýara – planeta.
[2] Berber – Demirgazyk Afrikada ýaşap, araplar bilen garyşan bir taýpa.

### *Beýt*

Biri-hä Aý gördi, biri – Gün gördi,
Biri – bitap, biri tapyndy derdi.

Habarlaşyk didara öwrülip, ikisiniň hem ýüregi yşkdan ýaňa astyn-üstün, agdar-düňder boldy. Iş eşitmekden didarlaşmaga geçensoň, olaryň yşgyň howrundan ýaňa «lam» harpy ýaly egrelen «elip» deý kamaty, «lam-elip» kimin biri-birlerini gujaklaýarlar[1] we biri-birleriniň jemal gülüstanyndan wysal gülüni ýygýarlar. Käte aşyk gujagyndaky magşugyň bilinde iki goluny altyn guşak edýärdi, käte-de magşuk mähir-muhabbetden ýaňa aşygyň agzyna dodagy bilen möhür goýýardy.

### *Beýt*

Bir göz bilen duşmana seresap bakýardylar,
Beýleki gözler bilen reýhan ekýärdiler.

Meýil-meýile çekende olar golaýlaşýarlar,
Bir-birekden tiz-tizden posa ogurlaşýarlar.

Şeýdip, olar wysal döwletiniň ýatlamasy bolan bu gijäni ahyryna ýetirýärler.

### *Şygyr*

Zamanaň atan daňy  aýralyk boldy bize,
Batyrmaýan nygmaty barmy onuň çaň-toza.

---

[1] Arap ýazuwynda «lam» harpy bilen «elip» harpy bile gelende üýtgeşik şekilde, ýagny «elip» harpy «lam» harpynyň içine girizilip, has ýakyn, «gujaklaşdyrylyp» ýazylýar. Bu ýerde çeper söz oýnatma bilen şol ýagdaý göz öňünde tutulýar.

Haýsydyr bir hadysa bolmak üçin äht gerek,
Şonda iki adamyň şerti bolar örän berk.

Dogruçyllyk wysaly üçin goýlanda binýat,
Zamananyň yzasy zerarly düşer bidat.

Aşyklara azap beriji we kalbyny ogurladanlaryň gapysynyň perdesi bolan daň atansoň, olar biri-birlerini gujaklap, ýüreklerini biri-birlerine tabşyryp, aýrylyşýarlar.

Soňra Zal Zabula dolanýar. Hindistanda bolan kakasyna hat ýazýar. Ol öz hatynda şeýle diýýär: «Göz günä iş etdi, ýürek bagly boldy, akyl yşkdan ýeňildi, gözde ukyň ýerine suw peýda boldy, gam leşgeri sabyr-takat goşunyny ak gursakdan çykardy. Eger elimden tutmasaň heläk bolaryn».

Ol bu haty bir çapara berip, Hindistana, Samyň ýanyna iberýär. Sam ol haty okap, diýseň gynanyp:

– Guşuň terbiýeläninden mundan başga zada garaşyp hem bolmaz – diýýär.

Şeýlelikde, Sam hyzmatyndaky müneçjimlerden we hekimlerden bir toparyny çagyryp, wakany olara gürrüň berýär. Olar:

– Bu iş hökman amala aşar. Bu gudaçylyk siziň beýige galmagyňyza sebäp bolar. Zalyň bu aýalyndan bir ogul dörär. Jahan pälwanlygy senden oňa geçer, onuň merdanalygydyr danalygy älem-jahana äşgär bolar – diýýärler.

Sam bu söýünjiden şat bolýar we oglunyň hatyna şeýle jogap ýazýar: «Men akyldarlygyňdan, danalygyňdan we sabyr-takatlylygyňdan bu işi senden geň görýärin. Bu iş biziň betnam bolmagymyza we duşmanyň maksadyna ýetmegine sebäp bolar. Menuçehriň bu işe razy bolmajakdygyna garamazdan, seniň razylygyň üçin patyşanyň huzuryna ýüzlenerin hem-de yhlas etmekde ýekeje pursaty hem gözden salmaryn. Belki, patyşa bu işiň amala aşmagyna rugsat berer».

Şeýdip, Sam Nehrwaladan Tir we Mekran[1] ülkelerine gidip, ol ýerden hem Tabarystana barýar. Menuçehr Sam gelmezinden öň, habarçylar arkaly Zal we Rudabanyň aşyklyk hekaýatlaryny eşiden eken. Ol Samyň gelýändigi baradaky habary eşidip, onuň bu işler babatda rugsat soramak üçin gelýändigini aňsa-da, onuň hormatyny saklaýar. Ogly hem-de oruntutary bolan Nowzeri hal-ahwal soraşyp, hoş geldiň diýip, ony görmäge höweslenýändigini bildirmek we oňa: «Sen biziň üçin Peridunyň ornundasyň» diýmek üçin ony garşylamaga iberýär.

Nowzer onuň ýanyna ýetende, Sam atdan düşýär, Nowzer hem atdan düşýär. Olar biri-birlerini gujaklaýarlar. Nowzer şanyň habaryny ýetirýär. Sam çuňňur şatlyk we guwanç bilen hyzmat wezipelerini berjaý edýär. Olar atlaryna münüp, Menuçehriň huzuryna gelýärler. Menuçehr oňa diliň taryplamakda hötdesinden gelip bilmejek sylag-hormatlary edýär, ýanyndaky zer kürsüde oturdýar, ýol ýadawlyklary hakda soraýar. Menuçehr oňa öz hümmetine we Samyň mertebesine laýyklykda, menzil-mesgen berip, ony sylaglaýar. Sam Menuçehriň Zal we Mehrabyň gyzy Rudabanyň aralaryndaky bolan wakany eşidendigini we ony halamandygyny eşidip, bu hekaýatdan bir syr we bu gürrüňden bir keleme aýtmakdan utanýar. Ol bu ýerde kyrk gün mesgen tutansoň, maksadyny ele salman yzyna dolanjak wagty Menuçehr oňa: «Sen Zabula ýeteniňden soň, Kabula leşger çekip, Zahhagyň perzentlerinden bolan Mehraby agdarmalysyň. Birden pitne ýüze çykaýmasyn» diýýär. Sam oňa: «Boýun bolýaryn, şeýderin» diýýär.

Sam Zala özüniň gudaçylyk bilen bagly şu iş üçin Menuçehriň ýanyna gidýändigi barada hat ýazansoň, Zal hem Rudaba aýralygyň oduny we şowkunyň köplügini düşündirip bir hat ýazýar we pöwrize daşly ýüzügini iberýär. Ol hatynda şeýle

---

[1] Tur we Mekran – häzirki Eýranyň günorta-gündogary, Päkistan bilen serhedi. Bu ýerlerde buluçlar köp ýaşaýandyklary üçin soňlar «Buluçystan» diýipdirler.

diýýär: «Bu meniň ýadygärligim. Eger sen onuň halkasynyň gaşyna seretseň, meniň ýüregimiň darygýandygyny bilip, aýralyga döz gelersiň. Soňra senden aýralygyň derdine meniň ähli zadym, hatda ýüzügimiň gaşy hem ýaşyl lybas geýendigini anyk bilersiň».

Ýene-de ol hatynda şeýle diýýär:

«Iş jana ýetip, ýüregi jandan çekip alanymdan soň öz halymy hat üsti bilen kakama beýan etdim. Ol alyjenabyň ýanyna gidip, haýyşymy ýerine ýetirjekdigini aýdyp meni begendirdi. Biziň ikimiz hem aýralyk renjinden halas bolar ýaly kakam alyjenabyň ýanyna baryp, onuň hakyny doly berjaý eder we ony sylar, şa bolsa bu gudaçylyga razy bolar diýip umyt edýärin».

Rudaba bu haty okap, oňa jogap ýazýar we oňa lagl ýüzük iberýär. Ol hatynda şeýle diýipdir: «Ýüregimiň ataş şuglasy bu ýüzügiň gaşyndan hekaýat edýär. Bagrymyň gany bilen reňklenen gözýaşym şu lagl ýaly. Sensiz jahan meniň üçin şu ýüzügiň halkasyndan hem dardyr. Seniň hatyň maňa gowşansoň, şol zeriň lagly gujaklaýşy ýaly, men hem bir gün seni bagryma bassam diýip umyt edýärin».

Olaryň hatlarydyr sowgatlaryny gatnadýan we Rudabanyň haremhanasyna hem gelip-gidýän bir garry bardy. Şol garry Zalyň ýadygärligini getirip, Rudabanyň ýüzügini alyp barýarka, birden Sinduhtyň gözi oňa düşýär we oňa garap:

– Sen öň her ýylda biziň ýanymyza iki gezek gelýärdiň, emma indi yzygiderli gelýärsiň, Rudaba bilen hylwat edýärsiň! Onuň sebäbi näme? – diýýär.

Garry aýal bir gowşak delil getirýär. Sinduht ony ynjydýar we onuň eşigini ýyrtýar welin, Rudabanyň haty we ýüzügi çykýar. Ol haty görýär, onuň mazmunyny okaýar we Rudabanyň ýanyna barýar. Soňra ol Rudaba şeýle diýýär:

– Eý, gahba betpäl! Eý, bişerim we bihaýa, seniň ýola goýan bu düzgüniň näme?!

*Beýt*

Şerim suwundan – zerre haýadan – damja ylla,
Gözüňde hem kalbyňda ýok şaýat muňa Alla.

Seniň bu döreden resmiň näme! Biziň aslymyzda kim betkär bolupdyr. Biziň ata-babalarymyz diňe päklik we ýagşylyk görkezipdirler! Seniň tutuşlygyna masgaralyk we ryswalyk bolan bu näz-kereşmäň näme?

Rudaba kirpiginden merwerit damjalaryny akdyryp, ötünç hökmünde gözýaşyň göwher suwlaryny ejesiniň aýagyna sepip, şeýle diýýär:

– Eý, eje, käşgä sen meni dogurmasadyň, emma indi dogrupsyň, käşgä mundan öň panylyk jamyndan suw noş eden bolsadym. «Wah, şundan öň ölüp, unudylyp giden bolsadym»[1]. Şonda bu bela maňa ýetmezdi. Indi bu bela maňa ýetensoň, şu gezek meniň perdämi ýyrtma we bu sözi kakamdan gizläp sakla. Sebäbi ol gaýratly we edermen adam. Birden, onuň gaýrat ody meni ýele sowrup, seni menden aýralykda topraga garaýmasyn. Meniň halas bolmak ýagdaýym bar. Sam şu gudaçylyga rugsat almak üçin Menuçehriň hyzmatyna gidipdir. Wagt gelip, ýapyk gapa açar we garaňky gijä çyra peýda bolmagy mümkin. Eger mundan başga zat emele gelse, Zalyň hijrany meniň üçin kakamyň gylyjyndan ýaman bolar:

*Beýt*

Gylyç bilen ganymy dökseler çekme ahy,
Seniň hijranyň soňy ondan beter ahyry.

[1]Gurhanyň 19-njy (Ýusup) süresiniň 23-nji aýaty.

Soňra Sinduht perişan kalby bilen gyzynyň ýanyndan gaýdýar. Ol oý-pikire batýar we bu işiň soňy barada oýlanýar. Şol wagt Mehrap onuň ýanyna gelýär we onuň pikire batyp oturandygyny görüp, Sinduhtdan:

– Pikire batmanyň sebäbi näme? – diýip soraýar.

Ol ilki dürli bahanalar getirip, her hili sözler aýdýar. Ahyrynda tabagyň gapagyny açmaly bolýar. Mehrap bu sözi eşidip, gany gyzýar we gylyjyny alyp:

– Men gylyç ýaly kömekçimiň ýok wagty gam iýýärdim. Häziriň özünde şu gylyç bilen ony ýere süýndürerin we bu günäkäriň hapasyny özümden we öz maşgalamdan janalyjy «bir damja suw» bilen ýuwaryn – diýýär.

Sinduht:

– Köşeş, jylawuňy çek, bu işde gowy oýlan, birden peýdasyz iş edip ökünmeli bolaýma. Eger Allatagala bu işi ýazgyt eden bolsa, onda biz onuň hökümini we ýazgydyny üýtgedip bilmeris. Sam Narymanyň ogly, onuň bilen guda bolmak ar we namys däl. Eger şeýle bolýan bolsa, Sam bu işe rugsat soramak üçin gidipdir. Eger ol bu işe rugsat alyp gelse, owadanlygyň nyşany bolan Zaldan başga kim bize giýew bolup, bize abraý we döwlet getirer? – diýýär.

Mehrap:

– Menuçehriň: «Biziň oňa kömek etmek we ondan ýardam islemek üçin bu işi edendirler» diýip güman etmezi ýaly, bu gyzy öldürsem, Menuçehr hem menden razy bolar hem bu işde meniň hiç hili niýetimiň ýokdugyna düşüner – diýýär.

Sinduht oňa garap:

– Diri adamy islän wagtyň öldürip bolar, emma öldürileni direltmek ynsanyň güýjüniň çäginde däldir – diýýär.

Şeýdip, Mehrap ony öldürmekden saklanýar. Az wagtdan soň Sam alyhezretiň huzuryndan gaýdyp gelýär. Zal ony garşylaýar. Atalyk mähri we kakalyk duýgusy oýanýar. Zal kakasynyň ýanyna barýar. Kakasy ony ýanynda oturdýar we ondan

hal-ahwal soraýar. Zal edep zeminini ogşap, ýüreginiň derdine aglap: «Yşk gowgasy sabyr eşigini gursagyndan sogran hem-de rahatlyk onuň ýanynda rahat, arkaýynlyk, onuň ýanynda arkaýyn bolup bilmeýän kişiniň ahwaly nähili bolar» diýýär.

***Beýt***

Ne kalp galdy mende, ne-de bir dilber,
Ýa dilberim galsyn, ýa-da kalbym ber.

Samyň oňa rehimi gelip:

– Gam iýme, men alyjenaba hat ýazaryn. Seniň hut özüň bu haty alyp git. Şonda meniň hormatym we seniň mertebäň arzuwymyzyň hasyl bolmagyna we maksadymyza ýetmegimize sebäp bolar – diýýär.

Sam rugsat sorap, hat ýazýar we Zaly taýýarlaýar. Zal ýyndam ata münüp, tizlik bilen alyhezretiň ýanyna barýar. Ol Menuçehriň elini ogşamak bagtyna mynasyp bolýar. Oňa tagzym edip, haty gowşurýar we ondan rugsat alyp, yzyna dolanýar.

Mehrap öň Menuçehriň ýanyndan Samyň netijesiz hem-de maksadyny aýdyp bilmän gaýdandygy we Menuçehriň Sama «Leşger çekip, Mehraby agdar» diýeni gulagyna degensoň, ol Sinduhta ýüzlenip:

– Men saňa şu gyzy häziriň özünde öldürmegimiz ýagşy diýmänmidim? Indi iş işden geçdi. Eger birden Sam bize tarap goşun çekse, biz onuň elinden janymyzy gutaryp bilmeris – diýýär.

Sinduht oňa:

– Eger sen meniň diýenimi ýerine ýetirseň, bu derde derman tapaýyn we bu işi düzedeýin – diýýär.

Mehrap oňa:

– Sen näme etseň şol dogrudyr. Işi ele alyp, näme maslahatyň bolsa şony etmek gerek – diýýär.

Şeýdip, Sinduht köp sylag-sowgatlary alyp, Samyň gaýdyp gelenini gutlamak üçin Zabulystana barýar. Sam onuň gelýändigini eşidip, ony özüne çekmekde we garşylamakda elde baryny edip, ýakynlaryny öňünden iberýär. Sinduht Samyň hyzmatyna gelip, sowgatlary gowşurýar. Sowgatlaryň içinde gaşy lagldan ýasalan bir ýüzük bolup, bu ýüzük gijäni gündiz, gündizi bolsa ýürek ýagtyldyjy, göwün göteriji eder eken. Sam bu ýüzügi özi alyp, galan sowgatlary Zalyň köşgüne äkitmeklerini buýurýar. Soňra ol Sinduhta ýüzlenip:

– Seniň bu ýere gelmekden maksadyň näme? Näme arzuw bilen beýle zähmete galdyň? – diýýär.

Şonda Sinduht oňa:

– Seniň nurana duýgyň biziň halymyzdan habarly bolansoň, bize ony aýtmak nämä gerek? Sen meniň halymy gowy bilýänsiň we meniň maksadymy hiç kim senden ýagşyrak bilýän däldir – diýýär.

Bu söz Sama diýseň ýaraýar. Ol:

– Seniň işleriň we sözleriň gözellikde we şirinlikde didaryňa mynasyp eken. Indi arkaýyn bol, men Menuçehr hezretlerine hat ýazyp, onuň ýanyna Zaly iberdim. Onuň gaýdyp gelmeli wagty ýakyn. Ol maksadyny hasyl edip, gaýdyp geler we üstünlik daňy atar – diýýär.

Sinduht birnäçe gün galyp, dolanmaga rugsat soraýar. Sam Mehrap üçin göwnejaý donlar we nepis göwherler berip, başga-da köp sylag-serpaýlar gowşuryp, onuň getiren sowgatlaryndan birnäçe esse köp sowgatlar iberýär. Sinduht gidensoň köp wagt geçmänkä, Zal maksadyna ýetip, dolanyp gelýär. Olar derhal bu haldan habarly etmek üçin Mehraba hat ýazýarlar. Sam hatyň soňunda özüniň bu işi etjekdigini we toý tutup, her hili şagalaňlyklary ýola goýjakdygyny ýatlaýar.

Şeýdip, Sam Zal bilen Zabuldan Kabula tarap ýüzlenýär we iki ýurduň ähli ýerlerini bezäp, her hili taýýarlyklary görýärler. Sam ogly bilen Kabula ýetenlerinde, Mehrap olary garşylaýar we beýik köşge eltýär. Olar toý esbaplaryny taýýarlaýarlar. Sam oňa:

– Men siziň perzendiňizi görmegi we gözümi onuň jemaly bilen röwşen etmegi arzuw edýärin – diýýär.

Soňra rugsat alyp, köşgi bezäp, Rudabany şol ýerde oturdýarlar we Samy onuň ýanyna eltýärler. Sam onuň ajap jemalyny we çäksiz görmegeýligini görüp, haýran galýar. «Haçanda ony görenlerinde alkyşladylar we öz ellerini kesip başladylar hem-de: «Eý, Päk Alla, bu adam perzendi däldir, bu asyl perişdäniň özi-le!» diýenlerini duýman galdylar»[1].

Maňa käýän adamlar söýenim üçin seni,
Seniň ýüzüňi görüp, hakly saýdylar meni.

Soňra ogluna ýüzlenip:

– Ykbal seni şeýle jemala ýetiripdir, saňa şeýle gözellik döwleti nesip edipdir – diýýär.

Şeýlelikde, baýramçylyk geçirip, toý edýärler. Olar birnäçe günläp hoşallykda gezip, şatlyk jemalyny bulgur aýnasynda görýärler. Baýramçylyk gutaransoň, Sam bu ýeňşiň we üstünligiň penasynda Hindistana gidýär. Zal bolsa Rudaba bilen Zabula gidip, aýşy-eşretde ýaşap, aýralyk renjinden halas bolýar.

Her kim öz maksadyna ýetmek üçin güýçli dalaş etse we doly zähmet çekse, hökman myradyna ýeter we maksadyny kesp ediner.

[1] Gurhanyň 12-nji (Ýusup) süresiniň 31-nji aýaty.

### *Beýt*

Hiç umytsyz galmagyl umytsyz galsaň munda,
Baky galan ýok ahyr bu dünýäniň gamynda.

## RÜSTEMIŇ DOGLUŞY

Birnäçe wagt geçensoň, Rudaba bilen Zaldan bir oglan dünýä inýär. Ol oglan ýöne bir oglan bolman, belki bir lowurdap duran aýdy, ol diňe bir begzada bolman, eýsem bir şirzadady. Onuň adyna Rüstem goýýarlar we ony terbiýeläp başlaýarlar. Ululyk we merdanalyk alamatlary onuň alnynda görnüp durdy.

### *Şygyr*

Sallançakda atasynyň bagty hakda aýdýar ol,
Asylzadalyk keşbin has-da äşgär edýär ol.

Onuň dünýä ineninden birnäçe wagt geçip, gözellik aýy kiçilik halkasyndan çykyp, gunça gül bolup, çaga ýigitlige ýetensoň, Sam gözüni onuň jemaly bilen röwşen edip, agtygynyň ýüzüne seredip, ähli gaýgy-gamyny ýüreginden aýyrmak üçin Hindistandan Sistana barýar. Sam ony görüp, onuň jemalyna ýetenine begenip:

– Gözellik aýynyň asmanda günüň batan wagtynda görnüşi ýaly, bossanda güller açylyp nerkes gülüniň solan wagty ýaly, indi biziň nobatymyz geçdi we siziň döwrüňiz gelip ýetdi – diýýär.

Şeýdip, Sam ogly we agtygy bilen hoşlaşyp, Hindistana dolanýar.

Menuçehriň patyşalyk edip başlanyna ýüz ýigrimi ýyl bolandan soňra, ýurduň daş-töwereginde bulaşyklyk emele ge-

lip, işler kada-kanunyndan çykýar. Menuçehr ogly Nowzeri oruntutar edip bellemegi makul bilýär we ony tagta geçirýär. Soňra her hili kesellere we syrkawlyklara duçar bolýar we ahyrynda bu dünýä bilen hoşlaşýar. Nowzer patyşa bolýar. Menuçehr gidensoň, pitneler oýanyp başlaýar. Afrasyýap güýçli goşun we sansyz leşger bilen onuň ýurdunyň çar tarapyna gowga salýar we perişanlyk döredýär.

Taryhçylaryň arasynda Afrasyýabyň Eýran ülkesinden bir ýeri basyp alandygy ýa-da almandygy barada dürli gapma-garşylykly pikirler bar. Bu babatda dürli-dürli gürrüňler köpdür. Emma Abu Mansur Sagalyby «Gurar we siýär» («Saýlantgylar we başdan geçirmeler») atly eserinde ýazan bu rowaýaty dürs maglumatlaryň biridir.

## NOWZER

Menuçehr özüni toprak perdesi bilen örtüp, ogly Nowzer kakasynyň ýerini alansoň, pitneler köpelýär. Edil gündiz gidip, gije gelen ýaly ýa-da saglyk gidip, syrkawlyk gelen ýaly bolupdyr. Afrasyýabyň döwletiniň şemaly öwsüp, azamaty we haýbaty eýranlylarda kynçylyk döredipdir. Goşun Nowzer bilen ylalaşman, onuň huzuryndaky pälwanlar ondan ýüz öwrüpdirler. Ahyrynda Nowzer Sama hat ýazyp, ondan medet soraýar we onuň edermenligine bil baglaýar. Sam onuň huzuryna howlugyp, ähdine wepaly bolup, Menuçehriň ýagşylygynyň şükranasyny onuň perzendine kömek etmekde görýär.

Onuň gelip ýetdi diýen habary Nowzere ýetensoň, leşgeriň ählisi Samyň öňünden çykyp, hyzmat borçlaryny ýerine ýetirýärler. Sam agzalalyk döredip, wepalylygy saklamaýandyklary üçin olara käýinýär. Olar Nowzeriň işleri pes alyp barýandygyny, laýyk dälleri götergiläp, abraýlylary peseldýändigini, hiç işde oýlanmaýandygyny we patyşalyk işlerinde para-

satlylyk görkezmeýändigini ýatlap, ondan arza-şikaýat edýärler we erbet düzgünlerini ýatlaýarlar. Olar şeýle diýýärler:

– Biz onuň pederleriniň hormatyna şu wagta çenli tabyn bolduk, ýogsa ol şalyga mynasyp däl. Sen patyşalyk işinde ökde. Biziň ählimiz saňa tabyn we boýun bolmagy, saňa tabyn bolmak guşagyny guşamagy we seniň bilen soňky demimize çenli ähdi-peýman baglaşmagy maslahat bilýäris. Patyşalyk täji saňa ýetýär. Patyşalyk täjini başyňa geý, şonda saňa boýun bolup bilimizi mäkäm guşap, duşmany ýok etmek üçin elde baryny ederis. Nowzeri durmuşyny maksat-myradyna görä geçirip, aýşy-eşret bilen ýaşar ýaly owadan we şady-horram ýere iberip, islän zadyny ygtyýarynda goýmak gerek. Şeýtsek, patyşalyk we döwlet seniň hemaýatyň saýasynda aman galar, Afrasyýap maksadyna ýetmez, biziň aýal-çagalarymyz ýesir düşmez.

Sam bu gürrüňleri eşidip, howsala düşýär we:

– Siziň aýdýan zatlaryňyz gowy, emma ony düzetmäge we ýola salmaga çalyşmak gerek. Sebäbi öňküler: «Zaýalanan zady zyňyp goýberip, ony ýok etmek akyla we parasata bap gelmeýär, emma zaýalanan zady gowy çäre bilen düzetmek akyla we parasata laýyk gelýär!» diýip aýdypdyrlar. Biziň oňa käýinip, ýaramaz işlerini aýan edip, iş gören we tejribeli ýaşululary hyzmatynda goýup, oňa mähribanlyk we süýji söz bilen nesihat bermegimiz gerek. Şeýtsek, belki Allatagala ony ýola salyp, bize rehmet eder – diýýär.

Şeýdip, Sam Nowzeriň hyzmatyna barýar. Nowzer oňa tagzym etmek şertlerini berjaý edip, ony özi bilen tagtda oturdýar. Onuň ýaşululyk hakyny we hormatyny saklaýar. Samyň haýbaty we saýasy az wagtlap onuň üstünde bolansoň, işleri gowulaşyp, kemçilikleri düzelip, patyşalyk işleri tertibe girýär we ýurt Menuçehriň hem-de Peridunyň eýýamynyň şuglasy gaýdyp gelen derejede ösýär. Emma asmandan höküm edilişi ýaly, ynsanyň zähmeti peýda bermeýär. Sam Sistandaky waka-

lar üçin gamlanyp başlaýar. Şeýdip, mejburlykdan dessur alyp, şol sebite ugraýar. Ol giden badyna ýene-de patyşalyk işi doly perişanlyga düşüp, onuň döwletiniň güneşi batýar. Afrasyýap böwsüji goşun bilen Eýranşähre ýüzlenýär we bu ýeri weýran edýär.

## AFRASYÝABYŇ HÜJÜMI

Bu hüjümiň sebäbi şeýleräkdi. Menuçehriň wepat bolandygy baradaky habar Türküstana ýeten wagty ol ýeriň patyşasy Peşeňdi. Ol Peridunyň ogly bolan Turuň agtygydy. Peşeňiň üç ogly bardy. Olaryň iň güýçlüsi we edermeni Afrasyýap bolup, ol özüniň güýjüniň köplügi we kämil edermenligi, dogry çykalga tapyjylygy, parasatlylygy we hilegärligi bilen meşhur bolupdy. Peşeň döwletiniň sütünleri bolan Wisäni, Gersiwezi, Barmany we başgalary çagyryp, olara şeýle diýýär:

– Siz Peridundan we Menuçehrden ýaňa pederlerimize we siziň doganlaryňyza näme bolandygyny, olaryň Türküstanyň birnäçe han-beglerini we atlylaryny heläk edip, näçe mal-mülki ýok edendiklerini bilýärmisiňiz?! Bu günäniň başy biziň atamyz Peridundan başlady. Ol biziň kakamyzyň ululygyny sylamady we hakyny bermedi. Ol olardan kiçi Ireji ýokary saýyp, ähli hazynalary we gençleri oňa tabşyrdy, öz ýerleriniň iň gowusyny we gaýmagyny onuň ygtyýarynda goýdy. Bu jahanyň iki tarapyny bolsa merdanalygyň nyşany bolan beýleki iki ogluna tabşyrdy. Eger şol iki oglundan goh-galmagal eşidilip, olar ýalňyşan hem bolsalar, ötünç dilänlerinde ötünçlerine we ýalkaw dileglerine gulak salynmady. Şeýdip, hem boljak iş boldy. Indi biziň şol gadymky arymyzy almaly wagtymyz gelip ýetdi. Şu wagtky bize gelip ýeten bu pursatda, eger pederlerimiziň aryny almasak, bize ähtlerine wepasyz diýen at bererler. Men özümiň perzentlerimi, hazynalarymy we baýlyklarymy bu

işiň pidasy edendirin. Siz hem bu işde agzybir we birsözli bolmalysyňyz.

Hemmeler edep zeminini ogşap:

– Janymyz çykýança seniň razylygyň üçin agzybir, seniň dostlaryňa kömek etmekde we duşmanlaryňy ýok etmekde birsözli bolarys. Senden yşarat – bizden baş goýma, senden perman – bizden boýun egme – diýýärler.

Soňra ol ogly Afrasyýaby çagyryp, oňa şeýle diýýär:

– Bilgin, patyşalyk bir adam kimin bolup, döwlet sütünleriniň toplumy bolsa onuň el-aýaklary ýalydyr. Bularyň ählisi biri-birleri bilen agzybir bolmalydyrlar. Şonda işiň şowuna bolar. Men saňa olaryň başyny özüňe gezelen okuň galkany etmän, belki, öz başyňy olaryň galkany etmegiňi wesýet edýärin. Sen uruş wagty olardan öňe geçip, öňki hatarda söweşmelisiň hem-de olja paýlanylýan wagty olary özüňden öňde goýmalysyň.

Şeýlelikde, leşger onuň hyzmatyna geçýär. Afrasyýap olara köp wadalar berýär. Afrasyýabyň dogany Agryres oňa tagzym edip, şeýle diýýär:

– Men saňa tabyn we seniň permanyňa boýun. Emma nesihat bermek mähribanlyga delildir. Yhlasly kişiler maslahat bermek şertini berjaý etmelidirler, ýöne kabul etmek ýa-da ret etmek olaryň ygtyýarynda däl. Garaz, meniň saňa maslahatym, şu – etjek işiňde gowy oýlan. Eýran welaýatyndan diňe bir adam kemelipdir. Menuçehriň Nowzer ogly birnäçe janköýer adamlary hem peýkamçy edermenleri bilen heniz dur. Birden bu işiň soňy myradymyza görä bolmazlygy mümkin.

Afrasyýap şeýle diýýär:

– Eý, gardaş, bu söz takwalyk isleýänleriň sözüdir. Merdiň abraýy janyny orta goýmakda we ony howp-hatara salmakdadyr. Peýda töwekgellik etmekde.

Howp-howpdan gaçýandyr, bolmasa bezirgenler,
Tapmazdy kyrk peýdany gorkuda bolsa olar.

– Sen Menuçehri diňe bir ýönekeý adamdyr öýtme, ol uly jahandy, mülk we mülkdarlyk älemidi. Bu gün Eýran leşgeri onsuz jansyz göwredir we ruhsuz tendir.

Agryres tagzym edip aýtdy:

– Perman seniňkidir. Men janymy seniň razylygyň pidasy üçin we başymy seniň höwes çöwgeniň topy üçin saklaýaryn.

Sowuk howa geçip, bahar möwsümi gelip ýetensoň, Afrasyýap Balh tarapyna leşger çekip, ol ýerden Tabarystana barýar. Nowzer hem bu haldan habar tapyp, Tabarystandan Dehistana bardy. Iki leşger biri-birleriniň öňünde durup, hatar düzýärler. Söweşiň birinji güni türkleriň leşgeriniň pälwanlaryndan bolan Barman meýdana çykyp, özüne garşy söweşiji talap edýär. Karanyň kakasy Kubat onuň garşysyna çykýar we onuň bilen köp söweş edýär. Emma onuň ajaly ýetensoň söweşi peýda bermeýär we ol öldürilýär. Onuň ogly Karan goşuny toplap, bilelikde hüjüm edýär. Bu söweşde köp adam öldürilýär. Söweş meýdanynda atlaryň aýaklary çöwgen[1] taýagy bolup, olaryň topy serkerdeleriň başydy.

Agşam düşensoň goşunlar yzlaryna dolanýarlar. Nowzer özüniň ejizdigini we türkileriň güýjüniň köpdügini görüp, özüniň we leşgeriniň serkerdeleriniň goş-golamlaryny Pars galalarynyň birinde saklamaklaryny buýurýar. Ol Karany bu işe jogapkär edip belleýär. Karan goş-golamlary äkidýär. Afrasyýap bu ýagdaýdan habarly bolýar. Ol Serwiýäni leşgeri bilen bilelikde goş-golamlary ele salmak üçin olaryň yzyndan iberýär. Leşgeriň ululary Afrasyýabyň adamlaryndan bir toparynyň goş-golamlaryň yzyndan gidendiklerini eşidip, ryswalykdan

[1] Çöwgen – at üstünde oýnalýan top oýnunda ulanylýan taýak.

gorkýarlar we birden apat bolaýmasyn diýip, yza gitmekleri üçin Nowzerden rugsat soraýarlar. Olar Nowzere:

– Tä biz gaýdyp gelýänçäk asla Dehistanyň galasyndan çykaýma – diýýärler.

Olar gidensoň Serwiýe bilen bilelikde ugran Afrasyýabyň leşgeri Karanyň yzyndan ýetýärler. Karan olara garşy söweşe girýär we Serwiýäni hem-de onuň goşunynyň köpüsini ýere ýykýar we topraga garýar.

Eýran leşgeriniň ululary Serwiýäniň yzyndan gidenlerinde, bir bedasyl adam Nowzere maslahat berip:

– Seniň hem olaryň yzyndan gidip, olar bilen dolanmagyň gerek. Eger sen bu ýerde han-beglersiz ýeke-ýalňyz galsaň, saňa apat ýetmegi mümkin – diýýär.

Bu biçäre hem beýle pikiriň nädogrudygyny saýgaryp bilmeýär. Ol galadan çykýar. Afrasyýap hem onuň galadan çykanyndan habarly bolup, leşgeri bilen onuň yzyndan kowýar. Ol laçynyň serçä, bürgüdiň kepderä hüjüm edişi ýaly hüjüm edip, birnäçe adamy öldürensoň, Nowzeri döwletiniň ulularyndan müň adam bilen bilelikde tutup, tussag edýär.

Afrasyýap şeýle uly ýeňşe eýe bolansoň, Serwiýä şeýle diýýär:

– Seniň ogluň ýeke halda gidipdir. Leşger alyp, onuň yzyndan bar. Birden oňa zelel-zeper ýetäýmesin.

Serwiýe[1] leşgeri bilen ýola düşýär we Karany tapýar. Ol oglunyň gaharjaň şiriň awy bolandygyndan habary ýokdy. Şeýlelikde, ol Karana şeýle diýýär:

– Meniň saňa Nowzeriň Eýranyň sütünlerinden we tanymallaryndan müň adam bilen Afrasyýabyň toruna düşendiklerini buşlasym gelýär.

---

[1] Ýokarda Serwiýäniň özi Karanyň yzyndan gidip, söweşde öldürilýär. Bu ýerde «Ogluň yzyndan git» diýilýär. Ähtimal, Serwiýäniň oglunyň ady-da Serwiýedir. Sebäbi öňki döwürlerde beýle ýagdaý bolup durupdyr. Meger onuň ogluna-da, kakasynyň hormatyna Serwiýe diýendirler.

Karan bolsa oňa şeýle diýýär:

– Seniň aýdýan zatlaryňy men bilmeýärin. Seniň ogluň dowzahda sensiz ýüregi gysar. Ol meniň gylyjyma: «Kakamy hem maňa ýetir» diýip habar beripdir. Men hem edil häziriň özünde seni oňa ýetirerin.

Şeýdip, ol leşgeri bilen hüjüm edýär. Türkiler onuň öňünde durup bilmän, yzlaryna dolanýarlar. Karan olaryň birnäçesini öldürýär. Serwiýe galan leşgeri bilen gaçyp, Afrasyýaba goşulýar.

Afrasyýap bu habary eşidip, Nowzeri gaşyna getirýär. Soňra Afrasyýabyň permany bilen ýeri onuň gany bilen reňkleýärler. Ol galan adamlary hem öldürjek bolanda, dogany Agryres oňa:

– Sen olaryň başlaryny we guwançlaryny öldürdiň, indi olaryň özlerini öldürmek dürs bolmaz. Çünki, başgalar saňa ynam etmezler we seni ýigrenerler – diýýär.

Şeýlelikde, Afrasyýap olary öldürmekden el üzüp, ählisini tussag edýär we Abhaz[1] galasyna iberýär. Ol doganyny Tabarystanda oturdyp, tussagdakylary oňa tabşyrýar, özi bolsa Reýe gidip, patyşalyk tagtynda oturýar. Ol zulum elini uzadyp, Eýranyň ýerlerini weýran etmäge başlaýar, halkyň üstüne bela ýagşyny ýagdyrýar we jahandakylar üçin bu jahany tümlük we garaňky edip goýýar. Bu zulumyň şumlugy zerarly Päk we Beýik Alla ol ýerden bereketi aýyrýar. Güýçli gahatçylyk emele gelýär. Afrasyýabyň zulum gylyjy zerarly öldürilmedikler gahatçylyk zerarly heläk bolýarlar. Ol on iki ýyllap patyşalyk edýär. Afrasyýap öz döwründe harapçylyk, zulum we sütemden başga zat etmändir. Bu habar Peşeňe ýetensoň, şatlygyndan we begenjinden ýaňa ýüregi beden kapasasyna sygmandyr we içini kineden boşadypdyr. Şeýdip, Afrasyýaba Türküstanyň patyşalygy bilen bilelikde Eýranyň patyşalygy hem ýetýär.

---

[1] Käbir nusgalarda «Eshar» görnüşinde hem duş gelýär.

Ol ar almaga başlan ilkinji günlerinde Nowzere kömek-ýardam edilmesin diýip, Samy we Zaly başagaý etmek maksady bilen Balhdan Sistana tarap sansyz leşger we köp goşun iberipdi. Zal ol jemagaty pytradýar we ol leşgeri perişanlyga salýar.

Eýranly emirler Sistana baryp, Zala goşulýarlar, birtopar bolup jemlenişip, sanlaryny köpeldip, ýarag-esbaplaryny artdyrýarlar.

Afrasyýabyň dogany Agryres onuň edýän işleriniň soňunyň erbetdigini bilýän eken hem-de ol durky bilen parahatlygy we ýumşaklygy söýýän eken. Ol tussag edilen eýranly jemagata ýüzlenip, şeýle diýýär:

– Men Eýran leşgeriniň jemlenýändiklerini eşitdim. Men Afrasyýabyň bu habary eşidip, sizi ýok etmeginden hem-de meniň sizi halas etmek üçin eden dalaşlarymyň biderek bolaryndan howatyrlanýaryn. Meniň doganym ýaman päl we bet pikir adam. Eger men sizi goýbersem, onuň siziň ýeriňize meni heläk etmegi hem mümkin. Siz Zala bu ýere onuň leşger ibermegi üçin hat ýazyň. Şonda men galany taşlap, sizi goýbererin. Şeýdip, meniň onuň öňünde sypara bir bahanam bolar.

Olar hat ýazyp, ony Sistana iberýärler. Ol ýerden güýçli leşger gelip, şäheriň töweregini gabaýarlar. Agryres şäheri goýup, Reýe barýar. Afrasyýap ony görüp, gaty gynanýar we:

– Näme üçin olary öldürmediň, näme üçin welaýaty goýup geldiň?! – diýip, şol bada Agryresi gylyçdan geçirýär. Afrasyýap derhal ökünip:

– Meniň bu bolşum sag eliň sol eli kesişi we sag aýagyň sol aýagy döwüşi ýaly boldy – diýip, dogany üçin ýas tutýar.

Päk we Beýik Alla yslam patyşasyny, gury ýerlerdir deňiz şasyny, Günbatar we Gündogar soltanyny döwrüň ähli patyşalarynyň we soltanlarynyň mirasdüşeri etsin, wezirlik kürsüsini jahan hojasy, sahypkyran permanly we wezirleriň şasynyň şasy Nyzamylmülk bilen bezesin!

## Hekaýat

Eýran leşgeri jemlenişip, taýýar bolansoňlar, olaryň ählisi Reý şäherine gelýärler. Afrasyýap olaryň hüjüm edendikleri baradaky habary eşidip, leşgeri bilen taýýar bolup, leşgergäh gurýar. Iki leşgeriň arasy bir parsahdan daş bolmandyr. Älem-jahanda güýçli gahatlyk we elhenç belalar ýüze çykýar. Adamlar açlykdan jan berip, haýwanlar otsuzlykdan heläk bolýar. Eýran leşgeri alyp barýan bu işleriniň uly işdigini we onuň patyşasyz başa barmajagyny bilýärler. Şonuň üçin olar Peridunyň öwladyndan bolan hem-de patyşalyk nury alnynda görnüp duran Tahmasp bilen ähtleşip, ony tagtda oturdýarlar. Ol Afrasyýaba şeýle habar ýollaýar: «Bu pitneler zerarly älemden bereket aýrylypdyr, parahatlyk Symrug ýaly ýüzüni örtüpdir, bozuklyk we nähak gandöküşlik sebäpli asman gerekli mukdarda öz suwuny ýere ýetirenok. Eger makul bilseň, birnäçe günläp maslahatlaşaly hem-de bu ar alyş gylyjyny gynyna salaly. Belki, bu tutaşan bela ody söner we ýokary göterlen gam-gussa baýdagy ýatar».

Afrasyýap bu teklibi halaýar we gurakçylyk zerarly Reýden Tabarystana gidýär. Olar ýaraşyk üçin wadalaşyk ýerini kesgitleýärler. Eýranlylaryň zähmeti ýerine düşýär, olar daryşganlykdan giňişlige ýetýärler. Rehmet ýagmyrlary ýagyp, harabaçylyklar ymarat tapýar. Ilçiler orta girip, şeýle karara gelýärler: «Bir adam Eýranşährden olara tarap ok atmaly, eýranlylar şol peýkamyň baryp ýeten ýeri bilen kanagatlanmaly». Şeýle hem olar peýkamçynyň Areşiň bolmalydygyna ylalaşýarlar. Areş ýaşuly adam bolup, ol jadygöýlükden hem baş çykarýar eken. Ol ýörite bir agaçdan ok ýasap, okuň içini deşýär we köp wagt bäri dagda önüp-ösýän bir bürgüdiň perini şol deşige geýdirýär. Iki patyşanyň meşhur adamlarynyň her haýsysy we iki patyşa öz nyşanalaryny şol oka dakýarlar. Areş Tabarysta-

nyň dagyna çykyp, oky atýar. Ok Tabarystan dagyndan we Afrasyýabyň ýanyndan tä Badgysa çenli atylyp gidýär we gün-ortan wagty ýere baryp düşýär. Ýene-de gün günbatara tarap baş egip başlan wagty adamyň eli degmezden asmana galýar we gün batanda Helm diýen ülkäniň Kurin diýen ýerine düşüp, şol ýerde ýere çümýär.

Ol ýerden oky getirip, onuň nirä çümendigi we nireden getirilendigi barada ynamdar adamlardan birtopary şaýatlyk berensoň, Afrasyýap şerti mejbury kabul edýär. Olar ähdi-peýman baglaşyp, çäklerini kesgitleýärler. Afrasyýap Türküstana gaýdýär, Tahmasp ol ýerleri eýeleýär. Ol ýedi ýyllap raýatdan salgydy aýyrýar. Älem-jahanda parahatlyk we bol-elinlik döreýär. Ýer ýüzi abadan bolýar. Öňki güýçli azaby gören adamlar eşretli günleri görýärler. Emma bu döwlet uzaga çekmeýär. Tahmasbyň patyşalygy bäş ýyldan uzak bolmaýar. Şatlykly günler az bolup, rahatlyk eýýamynyň ömri gysga bolýar.

***Beýt***

Iki-üç gün açyldy misli ol bir gül,
Soňundan gül kimin sogurdy-da ýel.

# KYÝANLYLAR

## KEÝKUBAT

Tahmasbyň döwletiniň ody öçensoň, Keýkubadyň döwletiniň şemaly öwüsýär. Onuň kämil ukyplylygy we gözel asyllylygy şeýle bir ýokary derejede bolup, dil ony taryplamakdan kem gelip, pähim-paýhas onuň beýiklik mertebesini wasp etmegi başarmandyr. Ol adalatlylyk düşegini düşäp, adamlara rahatlyk saýasyndan ýer berýär. Afrasyýap Tahmasbyň wepat bolandygy baradaky habary eşidensoň, öz ýörelgesini gaýtalaýar we ýene bir gezek Eýran welaýatyna çozmagy ýüregine düwýär. Ol şeýle bir köp leşger taýýarlapdyr welin, jahan sahnasy bu leşgeriň ulaglaryndan darygyp, onuň ýyndam atlarynyň aýaklarynyň tozanlaryndan ýaňa howada güneşiň öňüne perde tutulypdyr.

Onuň hüjüm etjekdigi baradaky habar Keýkubada baryp ýetende, ol leşger jemläp, raýaty çagyrýar. Onuň gelýändigi baradaky habar Zal we Sama hem baryp ýetýär. Olar gaty ynjaýarlar. Zal Zabulyň, Kabulyň we Hindistanyň emirlerini we pälwanlaryny jemläp şeýle diýýär:

– Afrasyýabyň pitnesi ýene-de täzelendi. Ol ýene bir gezek zulum ýoluny we jebir-sütem ýörelgesini ulandy, meýdanda topalaňçylyk ulagyny sürdi. Biz özümizi Keýkubadyň belasyna galkan edip, bu pitnäni dep etmegimiz gerek. Men

indi garrapdyryn, emma meniň Rüstem atly oglum edermen we gaýduwsyzdyr. Her bir at ony göterip bilmeýär. Meniň mynasyp atym ýok. Eger siziň içiňizde biriňiziň oňa mynasyp aty bar bolsa, onda merhemet edip, aty ogluma bagyş etsin. Şonda men ondan minnetdar bolaryn.

Olaryň ählisi şeýle diýýärler:

– Jan, mal we atymyz onuň pidasy bolsun, biz ähli zadymyzy oňa hödürläris.

Şeýlelikde, Hindistanyň uzak ýerlerinden tä, Zabulyň çäklerine çenli ýerlerden elli müň töweregi at getirip, Rüsteme hödürleýärler. Ol hiç bir aty saýlamaýar. Ahyrynda bir baýtaly ýanyndaky tulpar taýçanagy bilen onuň öňünden geçirýärler. Rüstemiň gözi şol taýy görüp açylýar, ýüregi güýçli joşup, şeýle diýýär:

– Şol taý kimiňki? Getiriň göreýin.

Olar taýy onuň ýanyna getirip:

– Bu taýy seniň adyň bilen atlandyrýarlar we oňa «Rüstemiň Rahşy» diýýärler. Häzire çenli hiç kime el beren däldir we hiç bir baş öwredijiniň eli onuň arkasyna degen däldir – diýdiler.

Rüstem:

– Ine, şu meniň atym – diýýär.

Soňra kement salyp, ony tutýar we onuň ýanyna baryp, elini arkasynda goýýar we oňa erkin daraşyp başlaýar. Rüstem şatlanyp, onuň arkasyna eýer oklaýar we atyň üstüne münýär. Şeýdip, leşger bilen bilelikde Keýkubadyň huzuryna barýarlar. Keýkubadyň gözi Rüstemiň jemalyna düşende, onuň berdaşlylygyndan we kämilliginden ýaňa haýrana galýar.

*Beýt*

Don egninde, serwi diýersiň boýy,
Jyga başynda, ýüzi ýatladar aýy,

Hem Aý, hem serwi, ýöne beýle däl,
Aý-ha jyga geýmez, serwi geýmez don.

Keýkubat Rüsteme gowy sylag-hormat edýär we ony özüne ýakynlaşdyrmakda we tagzym etmekde hiç bir zady hem elden bermeýär. Olar birnäçe gün şol ýerde mesgen tutýarlar. Afrasyýap leşger bilen gelip ýetýär we olaryň golaýynda leşgergäh gurýar. Garpyşyk we jeň güni hatarlary düzýärler. Afrasyýap leşgeriniň merkezinde durýar. Rüstem oňa:

– Afrasyýaby maňa görkeziň. Meniň gözüm oňa düşdügi ol meniň elimden sypyp bilmez – diýýär.

Haçanda naýzalar naýzalar bilen garpyşyp, leşgerler biri-birleri bilen çaknyşanda, Rüstem ýalyn-ot kimin hüjüm edip, ýel deýin Afrasyýabyň yzyndan eňýärdi, peleň kimin arlaýardy. Ýöne gözüni Afrasyýapdan aýyrmaýardy. Ol birnäçe adamy atdan agdaryp, Afrasyýabyň ýanyna ýetýär. Afrasyýap gaçmakdan başga çäre tapman, gaçyp başlaýar. Rüstem hüjüm edip, onuň yzyndan ýetýär we atdan agdaryp, boýnuna kement salyp, süýräp başlaýar. Eýran leşgeri Rüstemi gutlamaga gelýärler. Rüstemiň ünsüni Eýran leşgerine berip, gyzygan wagty Afrasyýap hilegärlik bilen ýüpüň daňysyny çözüp, öldürilenleriň birini oňa daňýar we özi gaçyp, leşgergähine ýetýär.

Rüstem şol ölini süýräp, Keýkubadyň ýanyna getirýär. Ol getiren adamynyň Afrasyýap däldigini bilip utanýar. Keýkubat onuň ýüzünde utanç alamatlaryny görüp, oňa şeýle diýýär:

– Bu günki ýeňiş we üstünlik seniň gujur-gaýratyň, edermenligiň sebäpli boldy. Eger Menuçehr agalaryna garşy söweşmedik bolsa, beýle müňlerçe pitne emele gelmezdi. Belki, onuň

seniň eliňde öldürilmezligi maslahatdyr. Onuň özüni tanap, öz çägini biläýmegi ähtimal.

Rüstem edep bilen boýun egip:

– Bu meniň ýaşlygym we kem tejribeliligim zerarly boldy. Mundan beýläk beýle kemçilik bolmaz – diýýär.

Afrasyýap şol gije ýeňlip, Jeýhundan geçýär we Mawerannahra barýar. Soňra ol ýerden ilçi iberip, ylalaşyk teklip edýär. Ýene-de Peridunyň Tura welaýat berende bellenilen ilkinji çäkleri bilen çäklenýärler. Pitneler ýatýar, jahan parahatlaşýar we ýollarda erkin gatnawlar başlaýar. Hökümdarlyk Keýkubadyň ygtyýaryna geçýär, ýurdunyň ähli duşmanlary ondan ýeňilýärler. Onuň patyşalygyna ýüz ýyl bolanda, ol uly ogly Keýkowusy mirasdüşer belläp, özi ahyret älemine ýüzlenýär. Onuň durmuş gündeligini panylyk eli ýapýar.

***Beýt***

Zamananyň jebri, garry pelegiň öwrümi bolsa-da,
Hem Keýkubadyň ýurdunyň ählisi ýele sowrulsa-da,
Wezirleriň şasynyň tagtynda Nyzamylmülk[1] galsyn,
Ömrüň ahyryna çenli ähli halk oňa şat bolsun.

## KEÝKOWUS

Keýkowus patyşalyga geçýär. Ol üýtgäp duran häsiýetli, üýtgäp duran pikir-niýetli adam bolup, onuň işlerinde durnuklylyk we parasatlylyk bolmandyr. Ol käwagtlar gowşaklyk edip, köp wagtlar öte geçýän eken. Käwagtlar bolsa möhüm işlerde-de mäkämlik we hüşgärlik ýoluna eýermeýän eken. Ol

[1] Nyzamulmülk Muhammet Jüneýdi soltan Şemseddin Iltutmuşyň weziri. Ýazar şu kitaby şol wezire bagyşlap ýazypdyr.

Tusyň, Güderziň we Güstehmiň yşaraty we görkezmesi bilen Balh şäherini öz paýtagty edip, şol şäherde hem oturýar. Şu sebäpden Eýran welaýatlary türkileriň hüjüminden amanda galypdyr.

Bir gün näletsiňen Iblis özüni bir aýdymçynyň şekiline öwrüp, onuň meýlisine girýär we aýdym aýdyp başlaýar. Ol öz goşgularynda Ýemeni, şol sebitiň aýallarynyň we çagalarynyň husny-jemalyny wasp edýär welin, Keýkowusyň göwni olary güýçli küýsäp başlaýar. Onuň haý-höwesi öz häsiýetinden üstün çykansoň, durnuklylyk onuň islegi we oýlanmaklyk onuň parasaty bilen ýar bolmaýar. Ol Ýemene tarap hereket edýär. Döwlet akyldarlary we ýurt sütünleri bu sapara garşy bolup, oňa kakdyryp ýa-da aç-açan garşydyklaryny bildirseler-de, ol bu işden el üzmeýär. Olar mejburlykdan oňa boýun bolýarlar.

Haçanda ol Ýemeniň töweregine ýetende, ol ýeriň patyşasy oňa garşy söweşmek üçin şäheriň daşyna çykýar. Keýkowusyň haýbaty we azamaty ol ýeriň patyşasyna mälim bolansoň, ol uruşdan geçip, ylalaşyga meýil görkezýär. Ol müňlerçe dinar, bimöçber sap ýüpek, müň arap aty we müň Ýemen gylyjyny berip ylalaşýar. Ýemeniň patyşasyna Zülezgar diýer ekenler. Onuň bir gyzy bardy, ol älemde owadanlykda we gözellikde tymsala öwrülen eken. Oňa arapça Şygra, parsça Sudaba diýýärdiler. Keýkowus şol gyzy dileýär. Ýemeniň patyşasy muny kabul edýär we olaryň ylalaşygy pugtalanýar. Keýkowus ,bilen Sudabanyň arasynda güýçli söýgi döreýär. Olar biri-birlerine wysal ýüregini berip, biri-birleriniň husny jemalynyň aşygy bolýarlar.

Zülezgar ar almagy we bolan zatlaryň çykdajysyz bolmagyny isleýär. Ol Keýkowusy ähli leşger ýolbaşçylary we döwlet sütünleri bilen myhmançylyga çagyrýar. Olary aýry-aýry köşklerde oturdýar. Soňra birden olaryň ählisini tutup, tussag edýär. Keýkowusyň aýagyna zynjyr baglap, bir guýa oklaýar we guýynyň agzynda sakçylar goýýar. Ol Sudabany köşgüne

çagyrmak üçin adam iberýär. Sudaba bu habary eşidip, zaryn-zaryn aglaýar we ýüzüni ýyrtyp, saçyny ýolýar. Kakasy onuň beýle ýagdaýyny eşidip, ony şol köşkde goýýar we oňa her gün bir gezek guýynyň başyna gidip, Keýkowusyň iýjek naharyny bermäge rugsat berýär. Bu habar Eýranşähre ýetýär we işler bulaşýar. Afrasyýap pursat tapyp, öz çäginden geçýär we Keýkowusyň ülkelerine hüjüm edip, halka azar berip başlaýar.

Şeýlelikde, eýranlylar Zabulystana gidip, Rüstemi Keýkowusy halas etmeklige ündeýärler. Rüstem leşger bilen Ýemene ugraýar. Ýemen patyşasy oňa garşy söweşmek isleýär. Ol Rüstemiň güýjüni görüp, özüniň ejizligini bilýär hem-de onuň şan-şöhratyny eşidip, batyrgaýlyk edip bilmeýär. Ol Keýkowusyň ondan öňki alan ýerlerini gaýdyp bermek şerti bilen ylalaşýar. Soňra ol Keýkowusy we onuň ähli emirlerini we adamlaryny goýberýär hem-de olardan alan zatlaryny hem birnäçe esse artyk edip gaýdyp berýär. Sudabany müň keniz goşup, Keýkowusyň ýany bilen iberýär. Haçanda Keýkowus Yraga ýetende, patyşalar we ady belli adamlar ony garşylaýarlar. Rüstem oňa gutlag sözlerini saçýar.

Soňra Keýkowus Afrasyýaba hat ýazýar. Ol öz hatynda şeýle diýýär: «Ähdi bozmak şalara we patyşalara mynasyp däldir. Biziň welaýatymyzdan alan ýerleriňi gaýdyp, eden işleriňden ötünç sorasaň biziň ylalaşygymyz öz ornunda berkär. Şonda bu iş adamlaryň peýdasyna bolar».

***Beýt***

Eger-de islegime görä bolmasa jogap,
Söweş meýdanynda bolar gürzi Afasyýap.

Hat Afrasyýaba ýetende, ol akyla nälaýyk we parasatlyga nämynasyp jogap berýär. Ahyrynda olar belli karara gelip bilmeýärler. Olaryň arasynda şeýle bir gazaply uruş turýar welin,

çarhy pelegiň başy aýlanyp başlaýar. Afrasyýabyň leşgeri ýeňilýär. Ol birnäçe gezek heläkçilik duzagyndan, ölüm derdinden we panylyk delillerinden halas bolýar. Onuň wagty dolmanlygy üçin güýjüň mertlerçe çalyşmasy peýda bermändir. Afrasyýap ýeňlip, yzyna dolanansoň, patyşalyk Keýkowusyň ygtyýaryna doly geçýär we onuň döwleti ýaňadan terlenýär we juwanlaşýar. Keýkowus leşgerden ötünç soraýar, olara halat berýär we mülk-ýer bagyşlaýar. Eýranyň goşunbaşylygyny Rüsteme tabşyryp, Nimruzyň, Kabulyň, Zabulyň we Hindistanyň hökümdarlygyny onuň ygtyýaryna berýär hem-de permanyny ýaňadan täzeläp, köp wagtlap parahatlykda ýaşaýar.

Tefsir kitaplarynda Nemrut we Ybraýym pygamber barada, ýagny Nemrudyň dazzarkeller arkaly asmana hökümdarlyk etjek bolşy barada rowaýat edýärler. Aýdyşlaryna görä, şol Nemrut Keýkowus bolmaly. Bu kyssa meşhurdyr we taryhdyr tefsir kitaplarynda köp getirilendir. Şonuň üçin bu barada gürrüň edilmedi.

Aýtmaklaryna görä, Keýkowus ejizligini we gowşaklygyny duýup, bu işiň ýaramazdygyna göz ýetirip, tutuş bir ýyllap terkidünýälik edip, bir gyrada ýaşaýar. Ol Alladan ýalkaw diläp, ötünç soraýar we gözüniň suwy bilen günäsiniň hapasyny ýuwýar. Bir ýyldan soň adamlaryň arasyna gelip, öz işini ýöredip başlaýar.

***Beýt***

Dünýäde şeýle bir oýunlar bardyr,
Ýüreklerde gandan derdi-azardyr.

# SYÝAWUŞYŇ HEKAÝATY

Aýtmaklaryna görä, Keýkowusyň Sudabadan başga bir aýalyndan akylly, parasatly we hüşgär ogly bolup, onuň ady Syýawuş eken. Ejesi çagany dogran wagty öz janyny ogluna bagyşlaýar we bu älem bilen hoşlaşýar. Ony terbiýelemäge adam bolmansoň, Keýkowus ony terbiýelemek üçin Rüsteme berýär. Rüstem oňa gözel ahlaklary we gowy häsiýetleri hem-de patyşalara laýyk ähli hünärleri iň gowy we gözel görnüşde öwredýär. Onuň jemaly we kemaly älem-jahana ýaýraýar. Onuň şan-şöhratynyň owazy Keýkowusyň gulagyna degýär. Atalyk mähremligi we pederlik mähri ony çagyrmaga sebäp we esas bolýar. Ol Syýawuşy getirmeklerini buýurýar.

Rüstem aňrybaş hormat-sylag bilen ony Keýkowusyň huzuryna iberýär. Ol alyhezretiň huzuryna ýetensoň, kakasy onuň jemalyny görüp, hereketlerine we sypatyna aşyk bolýar we ony hormatlaýar. Bir adamyň ýa-da aýalyň gözi oňa düşse, yşk eli kalp öýünden sabyr eşigini çykarar eken. Onuň jemaly baradaky gürrüň Sudaba ýetýär we onda Syýawuşy görmek höwesi döreýär. Ol Keýkowusa şeýle diýýär:

– Seniň ogluň Sistandan gaýdyp gelendigini hem-de onuň husny-jemalynyň, danalygynyň we mähremliginiň şeýle derejede bolup, älemde nakyla öwrülendigini eşitdim. Men onuň ejesi, meniň oňa bolan mähribanlygym güýçli. Ol perzendiň jemalyny görüp, oňa guwanasym gelýär. Men oňa enelik mährini görkezmek isleýärin. Eger rugsat berseň, men bir gün ony çagyraýyn. Ol bu patyşalygyň kämil derejesini görkezer.

Keýkowusa bu söz ýaraýar we oňa rugsat berýär. Sudaba gaty täsin mejlis gurýar. Keýkowus ogluna ýüzlenip:

– Bu gün biziň haremhanamyzyň eziz bikeleri seni görmek meýdanyna gadam goýmak isleýärler. Sen şol ýere barmaly – diýýär.

Syýawuş bu işi halamaýan hem bolsa boýun bolmakdan başga çäre tapmaýar. Ol haremhana barýar. Sudaba onuň gelendigini eşidip, onuň öňünden çykýar. Ol ony ilkinji gezek gören badyna, keşbine göwün baglap, yşk dili bilen şeýle diýýär:

Bagtly gün, bagtyýar men, çünki gülüstany gördüm,
Janymy seçgi edeýin, rahaty jany gördüm.

Gözellik desterhanyndan aýrylypdyr perdesi,
Şol gören duzgabymdan ýüregimde şoryň ysy.

Soňra Sudaba haremhanadaky gyzlary we Keýkowusyň perzentlerini, ýagny Syýawuşyň aýal doganlaryny ugradýar. Ol Syýawuşy oturdyp, gepiň tanapyny çöşläp başlaýar. Ol söz jümleleri we üm-yşaratlary bilen ýürek syrlaryny beýan edip başlaýar. Syýawuş onuň maksadyna düşünip, derhal turup gidýär. Sudaba Züleýha kimin şol wagtyň Ýusubynyň yzyndan ylgaýar we şeýle diýýär:

Ýüregime rahat, sen ýanyma gelsene,
Islegim seniňki deý goý, bolmasyn bolmasa,

Ýanynda men deý dertliň – heser zaryň başynda,
Sendigiňi bilýänçäm, gel, otur sen gaşymda.

Syýawuş beýle işiň birinji gezek bolýandygyny, özüniň hem ondan utanýandygyny we heniz öňde pursatlaryň bardygyny bahana edýär. Soňra haremhanadan çykýar we Sudabany yşk söwdasynyň ataşynda goýýar. Ol haremhanadan çykansoň, Keýkowus girýär we Sudabadan:

– Meniň bu oglumy neneňsi gördüň?! – diýip soraýar.

Sudaba oňa:

– Eger onuň seniň perzendiňdigini bilmeýän bolsamdym, onda jennet perişdesi ony behişt bagyndan getiripdir ýa-da gün belent asmandan ýere inipdir ýa-da aý peleklerden ýer düşegine düşüpdir diýip şeklenerdim. Emma Allatagala özüniň kämil pazly-keremi, enaýaty bilen bu deňsiz-taýsyz şany ähli jahan patyşalaryndan saýlady. Haktagalanyň ony beýgelden häsiýetleriniň biri bolsa şu mynasyp perzent bolup, onuň älemde deňitaýy ýokdur. Men ol barada oýlanyp gördüm. Mende onuň halyny tertipleşdirmek barada pikir döredi. Eger patyşa ony maslahat bilse aýdaýyn – diýýär.

Onda Keýkowus:

– Seniň aýdýan zadyň hak bolar. Sen oňa degişli işlerde günäkär hasaplanmarsyň. Sebäbi sen onuň öweý enesisiň – diýýär.

Sudaba:

– Onuň ýüregi aram tapyp, göwni rahat bolar ýaly oňa bir ýar gerek. Men häzir jahanda hiç kimi oňa taý görmeýärin. Eger maslahat bilseňiz onuň döwleti düzgünleşip, ondan dünýä inen çaganyň iki tarapy, ata-enesi sahawatly bolar ýaly gyzlarymyzyň birini oňa nikalamaly – diýýär.

Keýkowus bu pikiri halaýar. Şol wagt Sudaba:

– Patyşa oňa haremhana girmegi buýursyn. Men oňa gyzlary ýekän-ýekän görkezip, olaryň artykmaçlyklaryny we kemçiliklerini beýan edeýin. Ol haýsyny islese şony alsyn – diýýär.

Soňra Keýkowus Syýawuşa:

– Meniň pikir-aladam seniň işiň üçin sarp edilýär we meniň yhlas-tagallam seniň işleriň düzgünleşmegi üçin harç edilýär. Men seniň jemalyňy görüp, şatlykdan paý alşym ýaly, seniň perzendiň jemalyny görüp, rahatlyk paýyny almak isleýärin. Bu gün jahanda öz gyzlarymdan, ýagny seniň doganlaryňdan başga saňa taý bolup biljek ýok. Olary seniň öňüňden geçirerler. Sen olardan haýsy birini halasaň, şony-da saňa bereris, şagalaňly toýdan şatlyk paýyny alarys – diýýär.

Syýawuş bu işiň Sudabanyň mekiridigini we onuň bu iş bilen ony haremhana girizmek maksadynyň bardygyny aňýar. Şonuň üçin ol:

– Men bir gul. Guluň ygtyýary ýok. Patyşa her kimi halasa şol halanylar – diýýär.

Patyşa:

– Seniň akyl-huşuňdan we parasatlygyňdan şeýle jogaba garaşsa bolar. Emma nikalaşmak ömürlik iş. Başgalaryň göwni bilen dost saýlap bolmaýşy ýaly, başgalaryň gözi bilen hem aýal isläp bolmaz – diýýär.

Syýawuş haremhana gidýär. Sudaba onuň gelenini bilip, başyny gadam edip, onuň öňünde durýar we ony sylag-hormat bilen oturdýar. Soňra bezenen, beslenen gyzlary oňa görkezýär. Ol başyny aşak salyp oturan eken. Soňra Sudaba hyzmatkärlere ýüzlenip:

– Siz aýrylyň, oglum sizden utanýar we gyzlaryň hünärleri we kemçilikleri barada sorap bilmeýär – diýýär.

Şeýlelikde, hyzmatkärler we kesekiler çykyp gidýärler. Sudaba onuň ýanyna gelip, oňa:

– Eger patyşa meniň gyzymy saňa berse neneňsi bolar? – diýýär.

Syýawuş:

– Ondan ýokarda-da döwlet bolarmy?! – diýýär.

Şol wagt Sudaba:

– Bularyň hemmesi bahana. Gepiň gysgasy şeýle. Meniň dil-u janym seniň yşkyň kemendine baglanan. Hiç ýagdaýda ondan halas bolmak mümkin däldir – diýýär.

### *Beýt*

Seniň bilen janymy humara goýmak pikiri bardyr mende,
Başyňy yra, eger-de meniňki dek pikir bar bolsa sende.

Syýawuş:
– Patyşa bu pikiri gowy görmez. Men kakamyň haremhanasyna hyýanat edýän erbet perzentlerden däldirin – diýip, daşary çykjak bolanda, Sudaba oňa aslyşyp:
– Sen meniň syryma ägä bolanyňdan soň, indi men senden el çekmerin we seniň janyňa we ganyňa kast ederin – diýýär.
Syýawuş:
– Menden arkaýyn bol. Men hergiz seniň syryňy paş etmerin we seniň syryňy hiç kime aýtmaryn – diýýär.
Ol Sudabanyň elinden sypyp, gapa barýar. Sudaba perýat edip, şeýle bir gygyrýar welin, Keýkowus onuň sesini eşidýär. Ol ýerinden turup, bu gykylygyň nämedigini bilmek üçin adam iberýär. Ilçi Sudabanyň ýanyna gelip, bolan wakany soraýar. Sudaba oňa garap:
– Ol betpäl näkes maňa kast etdi we kakasynyň haremhanasynda erbetlik etdi – diýip, jogap berýär.
Ilçi baryp, bu sözi patyşa aýdýar. Patyşa Syýawuşy ýanyna çagyryp:
– Maňa sen barada ýürege ýakmajak gürrüň aýtdylar. Men seniň başda haremhana gitmegi islemeýändigiňi we ýigrenç bilen gidendigiňi bilýärin. Indi saňa şeýle töhmet atypdyrlar. Eger ýöňkelýän töhmet çyn bolsa boýun almak almazlykdan gowrakdyr. Eger çyn bolmasa, onda meniň bilmegim üçin hakykaty beýan et – diýýär.
Syýawuş bu wakany bolşy ýaly beýan edýär. Patyşa oňa ynanýar we aýalynyň aýdanyna üns bermeýär. Sudaba bir hyzmatkäre iki hamyla aýaly tapyp, olaryň çagalaryny düşürmegi we gizlinlikde oňa getirip bermeklerini buýurýar. Hyzmatkär şol gijede onuň buýrugyny bitirýär. Iki sany dört aýlyk çagany düşürip, gije oňa gowşurýarlar. Sudaba gijesine ýene-de perýat edip, arlap, şol iki çagany öz eşiginiň arasyndan çykarýar we:

– Indi Syýawuşyň maňa uran zarby şeýle netije berdi we meni şeýle renje duçar etdi. Ol patyşadan bolan iki çagany düşürdi we heläk etdi – diýýär.

Kenizleriň ählisi bu ýagdaýy görüp, perýat edýärler. Keýkowus ukudan oýanyp, Sudabanyň ýanyna gelýär we ony şeýle halda görýär. Ol çagalary altyn legende goýýarlar we Sudabanyň eşigini gana bulaşan halda görkezýärler. Keýkowusyň ýüreginde ogly barada şek peýda bolýar we güman ynamdan üstün çykýar. Ol müneçjimleri we bilgiçleri çagyryp, çagalary olara görkezýär we olara çagalar barada maglumat bermeklerini, olaryň täleýini çykarmaklaryny we başardyklaryndan olaryň halyny aýan etmeklerini buýurýar. Olar ätiýaçlyk bilen bu çagalaryň Keýkowusdan we Sudabadan däldigini aýdýarlar we olaryň haýsy aýaldandygyny çak bilen aýdýarlar. Olaryň göz öňüne tutýan aýalyny getirip, haýbat atmak we gorkuzmak bilen dogrusyny aýtmaga mejbur edýärler. Sudaba aglamaga durýar we:

– Ilki maňa ynanmadyň, indi men şaýat getirip, çagalary saňa görkezenimden soň hem meniň sözümi tassyklamaýarsyň. Meniň bu kynçylyklarym diňe kakamy terk edip, jandan el üzüp, seniň bilen ugurdaş bolanym üçindir. Ol aýala onuň ýalan sözläp, Rüstemden gorkup şeýle zady boýun almagy üçin köp altyn-zer wada edilipdir. Hudaýtagala zulumy söýmeýär. Men özümiň hukugym batyl bolmaz ýaly, kakamyň ýanyna gidip, ondan öz hakymy talap etjek – diýýär.

Keýkowusyň Sudaba haýpy gelip: «Meniň elimde näme bar, bu barada men näme edeýin?» diýip, oý-pikire batýar we öýüne gaýdýar. Soňra ylym eýelerini çagyryp, bolan wakany olara beýan edýär. Olar:

– Bu işde otdan başga hiç zat çözgütçi bolup bilmez. Biziň maslahatymyza görä, sen güýçli ot ýakyp, olaryň ikisini hem oduň içinden geçirmeli. Şonda günäkär ýanar, bigünä bolsa halas bolar – diýýärler.

Keýkowusyň olaryň eden yşaratyna görä, beren permanyna laýyklykda, uly ot ýakyp, onuň arasynda geçer ýaly ýol ýasaýarlar. Soňra Syýawuşa we Sudaba ýüzlenip: «Allatagala dogruçyly ýalançydan saýgarar ýaly şu ýoldan geçiň» diýýärler. Sudaba:

– Men şaýat getirdim we çagalary görkezdim. Indi her kim meniň şaýadymy ret etjek bolsa, öz delillerini getirsin – diýýär.

Keýkowus ogluna:

– Eger günä iş eden bolsaň ýalkaw dilemek haýyrlydyr. Biz ikimiz hem masgara bolarys, bu ar kyýamata çenli bizden galar. Eger bigünä bolsaň, ýürek karar tapyp, adamlar saňa dil uzatmaz ýaly delil getir – diýýär.

Syýawuş:

– Allatagala günäkäri, bigünäni we ýagşy-ýamany gowy bilýär. Eger men günäkär bolsam, onuň şumlugy maňa ýeter. Eger men bu günäden päk bolsam, dogruçyllygym meniň gözegçim bolar – diýýär.

Soňra Syýawuş gara ata münüp, ak don geýip, kakasyna tagzym edýär we asmana seredip:

– Eý, gizlinlikleri we syrlary biliji, Sen meniň bu günäden päkdigimi bilýärsiň. Meniň bigünäligimi görkez we meni dogruçyllaryň delili et – diýýär.

Ol şu sözleri aýdyp, atyna gamçy urýar we ony oda tarap sürýär. Oduň uçgunyndan özüne hiç hili zyýan ýetirmedik we dony tüsse zerarly garalmadyk halda oduň beýleki tarapyndan çykýar. Soňra Eziz we Beýik Hudaýa şükranalyk hökmünde sejde edip, kakasynyň ýanyna gelýär we öz ornunda oturýar. Kakasy ýerinden turup, onuň ýanyna gelýär we ony gujaklap:

– Allatagalanyň meni şeýle perzent bilen hormatlany üçin oňa haýsy dil bilen şükür etjegimi bilemok – diýýär.

Soňra ol Sudabany jezalandyrmak isleýär. Emma Syýawuşyň araçy bolmagy bilen, ol betpäliň janyny almakdan geç-

ýär. Syýawuşyň dogruçyllygy sebäpli, oduň uçguny oňa zeper ýetirmedi. Bu bolsa ýakyjy oduň, «ýaşaýşy düzüji» suwuň, öwsüp duran ýeliň we berk topragyň Beýik we Päk Ýaradyjynyň permany we takdyry bilendigini aňladýar. Eger ol höküm etse, olaryň her haýsysyny öz amalyndan boşadýar we biri-birlerine meşgul edýär.

Ot-ataş ýakýandyr, örän gorkuly,
Emma Ybraýymy ýakyp bilmedi.
Suw hem howply, bilýär ahyr gark edip,
Ýöne, Musaň kowmy heläk bolmady.

## SYÝAWUŞ WE AFRASYÝAP

Syýawuşy päkligini bilmek üçin otdan geçirensoňlar, Afrasyýabyň Eýrana tarap söweşe gelendigi we onuň birnäçe müň atly toplap, Balhy basyp alandygy baradaky habar gelip ýetýär. Keýkowusyň özi bu pitnäni dep etmek üçin ýola düşmek isleýär. Emma Syýawuş töhmet zerarly gamgyn we perişan bolandygy hem-de şanyň ýüreginden bu pikiriň aýrylmagy üçin kakasyndan özüni bu işe bellemegini soraýar.

Keýkowus onuň haýyşyny kabul edýär we oňa:

– Leşger we hazynadan näme gerek bolsa bererler – diýýär.

Soňra Syýawuş oňa:

– Rüstem goşunyň arkadagy we leşgeriň ýüzi hasaplanýandygy üçin ony ýoldaş tutunmakdan başga çäre ýok. Şonuň ýaly-da, meniň güýjüme güýç goşulyp, şonuň bereketi bilen bu işi amala aşyrar ýaly maňa käwiýanlylaryň baýdagy gerek – diýýär.

Şa onuň islegini berjaý edýär we oňa Sistan ýolundan gidip, Rüstemi özi bilen alyp gitmäge rugsat berýär.

Syýawuş batyr edermenlerden we meşhur gahrymanlardan on iki müň atlyny we on iki müň pyýadany saýlap alyp, Sistana ugraýar. Rüstem ony garşylamaga çykýar we hormat goýmak, tagzym etmek şertlerini berjaý edýär. Ol kyrk günläp, Sistanda saklanýar. Soňra ol ýerden Talykan şäheriniň üsti bilen Balha gidýär. Şol wagt Afrasyýabyň dogany Gersiwez Balhda eken. Ol leşgeriň gelip ýetendigi baradaky habary eşidip, olaryň garşysynda durup bilmejegini bilip, gaçmagy makul bilýär. Ol Termizde Jeýhunyň üstünden geçip, Afrasyýaba goşulýar. Afrasyýap oňa: «Näme üçin uruşman gaçdyň we duşmany görmän oňa ýeňsäňi görkezdiň» diýip käýeýär. Şonda Gersiwez oňa:

– Rüstemiň we Syýawuşyň güýjüni we haýbatyny bilendigim üçin sebäpsiz özümi bela meýdanyna we leşgeri panylyk oýnuna ibermäýin diýdim – diýýär.

Şeýlelikde, Afrasyýap onuň günäsini geçip, goşun toplamaga durýar.

Afrasyýap bir gije Zahhagyň gören düýşi ýaly düýş görüp, diýseň gorkýar. Ertesi düýşüni beýan edýär we doganyndan:

– Näme etmeli, bu işi nähili çözmeli we bu düýşi nädip ýormaly? – diýip soraýar.

Gersiwez oňa garap:

– Bu gorkuly düýş. Emma düýşüň birnäçe ýorgudy bar diýipdirler. Onuň haýyr getirmegi hem mümkin. Indi biziň olar bilen ýaraşyp, ylalaşmagymyz gerek. Şonda duşman biziň ýurdumyzdan el çeker – diýýär.

Afrasyýap bu pikiri halaýar. Ol Syýawuşy we Rüstemi mertebelilik bilen ýatlap, ylalaşyk sözlerini aýdyp hat ýazýar we ony adatdan daşary sylag-serpaý bilen bilelikde Gersiwezden iberýär. Gersiwez Eýran leşgerine gelip ýetýär. Ony atdan düşürýärler we onuň getiren sylag-serpaýlaryny görüp:

– Ýaraşygy ret edip we ylalaşyk ýolundan daşlaşyp bolmaz – diýýärler.

Olar bilelikde şeýle hat ýazýarlar: «Eger Eýranyň welaýatlaryndan alan ýerleriňi yzyna berseň, weýran eden ýerleriňi abadanlaşdyrsaň we belli ýakyn-garyndaşlaryňdan ýüz adamy biziň ygtyýarymyzda girew goýsaň biz ýaraşyk ederis. Eger şeýle karara gelinse, ylalaşyga bil baglap bolar».

Olar şeýdip Gersiwezi gaýtarýarlar.

Afrasyýap olaryň hatyny görüp:

– Ahyrynda ogul pul bilen aldandy – diýýär.

Soňra ýüz adamy girew hökmünde olara iberýär we bellik edilen zatlary doly berjaý edýär. Şeýdip, äht we ýaraşyk pugtalanýar. Syýawuş Rüsteme:

– Bu iş Keýkowusdan perman bolmazdan ýerine ýetirildi. Birden bizden ynjap, onuň bize bolan garaýşy üýtgäýmesin! Onuň huzuryna gidip, bolan zatlary beýan etmek gerek – diýýär.

Rüstemiň özi alyhezretiň ýanyna barýar. Afrasyýabyň iberen köp sowgat we pullaryny görkezýär. Ol Keýkowusa eden ýaraşyklary barada gürrüň berýär. Keýkowus onuň gürrüňini eşidip, ýerinden turýar we gaty ynjap:

– Ahyrynda Afrasyýabyň hilesi we mekirligi bilen aldandyňyz. Onuň mekirlik ýalyny täsir edipdir. Ol başlary bir sany gan alyjynyň muzduna hem ýaramaýan ýüz sany näbelli adamy girew hökmünde size iberipdir. Ol olaryň zähmet hakyny bermekden dynmak üçin size iberipdir. Siz aldanypsyňyz. Ulular öz işlerini çagalara tabşyrsalar şeýle bolýar. Şu wagt işişden geçipdir. Siz häziriň özünde gidip, meniň gylyçlarymy barlap görmegim üçin şol ýüz adamy meniň ýanyma ibermeli we leşger çekip, Turan ülkesiniň bir garyş ýerini hem goýman basyp alýançaňyz ýaraglaryňyzy gynyna salmaly däl. Ol ýurdy weýran et, olardan öňki ar-kinämizi al we olaryň milt edendikleriniň jogabyny ber – diýýär.

Rüstem Keýkowusa garap:

– Eý, patyşa, bize garşy söweşe başlamadyk bilen neneňsi söweşmek bolar?! Olar ýaraşyk gapysyny kakýan wagtlary biz nähili söweşiň gürrüňini edeli?! Biz ähdi-peýman baglaşdyk we bu işi berkitmek üçin girew aldyk. Afrasyýap biziň elimizde. Ähdi bozmagyň patyşalara we patyşalaryň hyzmatkärlerine mynasyp iş däldigini patyşa bilýändir. Eger Syýawuş bu buýrugy eşitse, gaty ynjar we işler perişanlyga düşer – diýýär.

Keýkowus bu sözleri eşidip gaharlanýar we oňa:

– Bu perişanlygyň seniň gapyllygyň we perwaýsyzlygyň üçin bolandygyny men bilýärin. Ýogsa, bu iş beýle bolmazdy – diýýär.

Rüstem oňa:

– Men haýsy zat gowy bolsa şony aýtdym. Eger patyşa bu işe özdiýenli çemeleşjek bolsa, onda bu permany başga bir adamyň üsti bilen Syýawuşa ýetirsin. Sebäbi men hergiz bu sözi oňa aýdyp bilmerin – diýýär.

Onda Keýkowus:

– Kabul edildi, sen bu ýerde biziň hyzmatymyzda bol. Jahan diňe bir adam arkaly abadan däldir. Eger sen bolmasaň, başgalar seniň işiňi ýerine ýetirerler – diýýär.

### *Beýt*

Jahanda Hudaýdan enaýat bardyr,
Eger Zeýt bolmasa, Amr taýýardyr[1].

Keýkowus Tusy iberýär we Syýawuşa şeýle habar berýär:

– Şol girew edip alnan topary maňa iber. Men bolsa olary öldüreýin. Soňra Türküstana gidip, ol sebitiň ähli ýerlerini weýran et. Eger bu permana boýun egmejek bolsaň leşgeri, ha-

[1] Bu ýerdäki söz düzüminiň manysy « Sen bolmasaň senemjan» diýen aýtgy bilen gabat gelýär.

zynany we käwiýanlylar baýdagyny Tusa ber we özüň yzyňa dolan. Onsoň seniň eden işiň jezasy şu ýerde berler.

Tus Balha ýetip, Keýkowusyň permanlaryny ýetirensoň Syýawuş ynjap:

– Men äht etdim we Allanyň adyndan kasam içdim. Allatagalanyň permany maňa Keýkowusyňkydan rüstemdir. Men onuň malyny, hazynasyny hem-de leşgeri saňa bererin, emma girew alan jemagatymy saňa bermerin. Sebäbi olary saňa bersem, men sebäpli birnäçe adam öldüriler. Dünýäde we ahyretde bu günä meniň boýnumda galar – diýýär.

Soňra ol leşgeri, hazynany we beýleki zatlary Tusa tabşyrýar we girewdäkileri Afrasyýaba iberip, oňa şeýle mazmunda hat ýazýar: «Kakam bilen meniň aramda sen sebäpli agzalalyk we terslik döredi. Ol eden işim üçin meni ynjytdy we menden leşgeri we hazynany alyp, başga birine tabşyrdy. Men aladaly. Men myradyma ýetmedik we duşman güldüren halda onuň ýanyna baryp bilmerin. Men bialaç bir çet ýere gitmeli. Men seniň öz eden ähdiňe wepaly boljagyňy ýa-da bolmajagyňy bilmeýärin. Eger sende şol äht-peýmanlara bolan wepalylygyň bar bolsa, onda maňa Türküstanyň üstünden Keşmire gitmegime rugsat berseň, saňa zyýan ýetmez. Men şol ýerde bir çet ýeri saýlap, Allatagalanyň hökümine garaşyp durmak isleýärin».

Bu hat Afrasyýaba ýetende diýseň şatlanyp, özüni bagty açylan, bagtyýar hasaplap, döwlet ýaşulusy, ýurt weziri we ugur tapyjy maslahatçysy bolan Pirany çagyryp, bu mesele barada ondan pikir soraýar. Piran oňa:

– Sen Syýawuşy sylamaly, ony özüňe ýakynlaşdyrmaly, bu üstünligiň gadryny bilmeli, oňa ýagşy jogap bermeli. Sen anyk bilgin, hiç bir ene Syýawuş ýaly oglan dogran däldir. Şol arkaly sende we seniň ahwalyňda köp oňatlyklar bolar we ony garşy almak bilen köp üstünliklere ýetersiň – diýýär.

Şeýlelikde, Afrasyýap mähremlik we göwünlik bermek bilen hatyň jogabyny ýazýar. Ol hatynda şeýle setirleri ýazypdyr: «Eger sen Türküstana gelmegi höwes edýän bolsaň, biz ikimiz bir jan bilen ýaşaýan iki ten ýaly ýa-da bir garaýyş bilen seredýän iki göz ýaly bolarys hem-de meniň mülkdarlygym we ýerlerim seniň ygtyýaryňda bolar».

Ol şeýle wadalar bilen kasam edýär. Bu hat Syýawuşa ýeten badyna, eglenmezden, Termiz suwundan geçip, ýola düşýär. Ol Mawerannahra ýetende, Piran ony garşylap, bezegli pilleri we zer esbaply ideg atlaryny peşgeş berip «Hoş geldiň» diýýär. Olar Samarkanda çenli ähli şäherleri bezäp, toý tutup, dürli merhemetleri edýärler. Şeýle şagalaňly ýagdaýda Afrasyýabyň ýaşaýan şäheri bolan Gang şäherine ýetýärler. Afrasyýap köşgünden çykyp, pyýada Syýawuşyň öňünden çykýar.

Syýawuş ony pyýada halda görüp, özi hem atdan düşýär we Afrasyýaba tagzym edýär. Afrasyýap ony gujaklap, hal-ahwal soraşyp:

– Öz öýüňe gelipsiň, batyrgaý bol, men seniň myhmanyň. Eger saňa päsgel berýän bolsam, onda bir çet ýere gidip, patyşalygy saňa tabşyraýyn – diýýär.

Syýawuş oňa köp alkyşlar aýdýar. Syýawuşy behişti ýatladýan bir köşkde ýerleşdirip, oňa rahatlyk, erkinlik we aýşyeşret esbaplaryny bagyşlaýarlar. Keýkowus eden işinden puşman edýär. Onuň işleri perişanlyga düşýär. Adamlar oňa käýinç dilini uzadýarlar. Rüstem hem ondan ynjapdyr, Syýawuşdan aýrylany üçin gam-gussa çekip, älem-jahan gözüne garaňky bolup, aýralykdan ýaňa günler ýyla dönüpdir:

Ömrüme aýralyk ýüz berdi indi,
Sensiz gijäm ýyldan uzak göründi.

Syýawuş Afrasyýabyň hyzmatynda emin-erkin ýaşapdyr. Ahyrynda iş myhmançylykdan giýewlige ýetýär. Afrasyýap

özüniň gyzlarynyň birini Syýawuşa bagyşlap, Çyn paýtagtyna ýetip duran ýerleriniň bir bölegini onuň ygtyýaryna berýär. Syýawuş şol ýeriň bir böleginde beýik-beýik ymaratlar galdyryp, ol ýeriň adyna Syýawuşabat goýýar. Soňra ol Turan welaýatynda hiç kimde bolmadyk bir köşk gurýar. Ol köşgüň bir tarapynda kakasynyň, Rüstemiň we Eýran döwletiniň sütünleriniň suratyny, beýleki tarapynda bolsa Afrasyýabyň, Gersiweziň, Piranyň we Turan döwletiniň sütünleriniň suratyny goýýar. Ol ýerde öz parasatyna görä düzgün, kada-kanun ýöredýär.

Bularyň habary Afrasyýaba ýetýär. Afrasyýap görip adamdy. Şol sebäpli gazaba münüp, Syýawuşyň kemçiliklerini we ýalňyşlyklaryny yzarlap başlaýar. Duşmanlar ikiýüzlüligiň ösenligini we şugullygyň rowaç tapandygyny görüp, Afrasyýabyň töweregine üýşüp, her gün Syýawuşyň kemçiliklerini oňa beýan edip: «Seniň leşgeriňi özüne çekýär, olara köp baýlyk berýär, pitne turuzjak bolýar» diýer ekenler.

Afrasyýap bu sözleriň käbirine ynanyp, bir toparyna ynanmandyr. Ol Syýawuşy barlap görmegi ýüregine düwýär. Şeýlelikde, ol Gersiwezi ilçi edip, Syýawuşyň ýanyna iberýär we mähribanlyk we mylaýymlyk bilen:

– Biz seniň jemalyň arzuwynda. Eger sen merhemet edip, eý görýänleriň bilen biziň ýanymyza gelseň, seniň bilen bilelikde bolup hem-de seniň jemalyňy görüp, şatlansak gowy bolardy – diýmegi buýurýar.

Gersiwez Syýawuşy duşman saýyp, hemişe oňa göriplik eder eken. Ol Syýawuşyň ýanyna gelip, onuň tagzym edişini we boýun bolşuny görüp, ony Afrasyýabyň ýanyna äkitse, özüniň hormatynyň peseljekdigine we Syýawuşy betnam etmek ugruna edýän mekir-hileleriniň we şugullyklarynyň puç boljakdygyna hem-de patyşanyň oňa hiç zat diýmejekdigine göz ýetirýär. Şoňa görä, ol Syýawuşa:

– Bilgin, birtopar kişiler patyşanyň saňa bolan garaýşyny erbetleşdiripdirler. Häzir patyşa saňa gaharlanyp ýör. Eger häzir sen onuň ýanyna barsaň, birden onuň çäre tapyş eli gysga hökümi beräýmegi mümkin. Men seniň boýun egijiligiňi we yhlasyňy gördüm. Men senden öňden gidip, seniň patyşa şeýle yhlaslydygyňy gürrüň bereýin. Soňra sen gelseň gowy bolar – diýýär.

Syýawuş onuň jadyly owsuny bilen duzaga düşýär we duşmanyň gepine aldanýar. Syýawuş ony gaýtaryp, özi şanyň rugsadyna garaşýar. Gersiwez Afrasyýabyň ýanyna ýetende, ol Syýawuş barada köp gybat edip, ony ýamanlap şeýle diýýär:

– Eger bu işiň pikirini tiz etmeseň, iş elden gitmegi mümkin. Her kim duşmana ynam etse, oňa hiç tebibiň düzedip bilmejek ýarasy ýeter.

Afrasyýap bu sözi dogry hasaplap, özi atlanýar we Syýawuşabada barýar. Onuň gelýändigi baradaky habar Syýawuşa ýetende, ony garşylamaga çykýar. Afrasyýabyň gözi Syýawuşa düşen badyna oňa azgyrylýar. Onuň buýrugyna görä, Syýawuşy atdan düşürip, başy açyk, aýagy ýalaňaç halda Afrasyýabyň ýanyna getirýärler. Syýawuş hernäçe ötünçler sorap, özüniň bigünädigini beýan etse-de, oňa üns berilmeýär. Ahyrynda ony çadyra eltip, Afrasyýabyň buýrugy boýunça ýatyryp, goýun kimin kellesini teninden jyda edýärler.

### *Şygyr*

Saňa bolsun Hakyň baky salamy,
Sahawata bagyşlasam senamy.

Şalyk çarbagynda açylan güldi,
Emma ömri gülden has gysga boldy.

Afrasyýap eden işine ökünýär. Şol bada ýaramaz iş edendigine düşünýär we ol Gersiweze nälet okap:

– Sen meni şeýle günä işe iterdiň, bu işiň soňunyň nähili boljagyny bilmeýärin – diýýär.

Bu elhenç habar Eýranşähre ýetýär. Olar şeýle bir derejede ahy-nala edipdirler welin, olara asmanyň ýüregi awapdyr. Keýkowus ýas tutmaga oturýar we başyndan täjini aýryp, kellesine toprak seçýär. Rüstem zöwwe ýerinden turup, aýak ýalaň, baş açyk Keýkowusyň ýanyna barýar we:

– Patyşalygyňa we bize müň duşmanyň edip bilmejek zadyny etdiň. Bu betgylyklaryň ählisi Sudaba we onuň bedasyllygy sebäpli boldy – diýip, rugsatsyz onuň haremhanasyna baryp, Sudabany daşary çykarýar we Keýkowusyň öňünde onuň kellesini kesýär. Keýkowus oňa böwet bolmaýar. Eýranlylaryň her biri ýürek awamakdandyr gam-gussasyndan ýaňa dil bilen düşündirip bolmajak işleri edipdirler.

Şeýlelikde, Rüstem leşger toplap, Afrasyýaba garşy söweşmek üçin ýola düşýär we Syýawuşyň aryny almak ugrunda guşagyny biline berk guşaýar. Afrasyýap hem olaryň öňünden çykýar. Olar uruş esbaplaryny taýýarlaýarlar. Urşuň birinji güni Afrasyýap öz ogly Surhany üpjün leşger bilen olara garşy iberýär. Rüstem ilkinji hüjümde onuň ogluny agdaryp, leşgeriň köpüsini ýere ýazýar. Urşuň ikinji güni Afrasyýabyň özi urşa girýär. Haçanda uruş degirmeni aýlanyp başlanda, söweş tamdyry tutaşyp, ajal ilçisi atylyp duran peýkamyň ujy bilen ölüm habaryny adamlara ýetirip, mawy gylyjyň ýalkymyndan suw oduň uçguny ýaly bolup görnüpdir, ýer adamlaryň ganyndan ýaňa gülgün lybas geýnipdir, gylyçdyr naýzalar akyl deýin esgerleriň beýnisinde ornaşypdyr. Olaryň oklarynyň uçar guşy ýaýyň gysymyndan sypyp, uçup gidýärdiler.

Afrasyýap duşmanyň güýjüni we leşgeriniň gowşaklygyny görüp, öz zulumynyň jezasyny tapýar hem-de nämyratlyk eli bi-

len uruşdan jylawyny sowup gaçýar. Ol gaharjaň şiriň sesinden ürken sugun ýaly gaçýardy, uruşdan yza çekilende, ýel kimin toprak düşelgelerinden geçýärdi, Rüstemiň okunyň haýbatyndan keýik deý iki ýana bökýärdi, hyýalynda ömür kesjek gylyçdan gorkusyna ýylan ýaly her hine sümýärdi. Rüstem eli aždarhaly we asty läheňli halda onuň yzyndan kowýardy. Şeýdip, Gang Behişte[1] çenli kowalaşyp gidýärler. Afrasyýap Çyna gaçýar. Olar onuň paýtagtyny talap, hazynalaryny alyp, esgerlerini gyryp, mülkdarlara we garyp-biçärelere mähremlik we mähribanlyk görkezýärler. Rüstem Keýkowusyň hem ýürekde, hem tende ejizdigini bilip, pitne döräp, perişanlyk köpeläýmesin diýip, mejburlykdan yza dolanýar we hazynalaryň hemmesini Keýkowusyň ýanyna eltýär. Afrasyýap ähdi bozmagyň ýaramaz kötegini iýýär we wadada durmazlygyň jezasyny dadýar.

Bu hekaýat akylly adamlara duýduryşdyr, ýagny adamlar wadalaryna we ähtlerine wepaly bolup, şony ýörelge etmelidirler. Eger wepalylyk ýolundan daş düşseler, şol günäleri zerarly jezalandyrylýandyr.

### *Beýt*

Bakma işin ökde alyp barşyna,
Seret onuň öz ähtinde durşuna.

---

[1] Gadymy döwürde köp şäherler şu at bilen tanalypdyr. 1. Zahhagyň Babyl şäherinde gurduran bir galasynyň ady. 2. Daşkent şäheriniň ady, oňa Çäç hem diýlipdir. 3. Beýtil-mukaddes, Iýerusalim. 4. Pehlewi kitaplaryna görä, Gang şäheri ýa-da Gang Behişt gadymy Eýranyň gündogar serhedindäki daglyklarda ýerleşipdir. «Bündehiş» kitabynda: «Gang şäheri Horasan sebitinde Ferahkert deňzinden birnäçe parsahlykda ýerleşýär» diýilýär. Gang şäherini käbirleri Buhara ýa-da Horezm hem diýip çaklaýarlar. Käbirleri bolsa ony Samarkant diýip hasaplaýarlar hem-de «Gadymy Hytaý dilinde Samarkanda «Keheng» diýipdirler» diýýärler.

Eger dursa adam eden ähtinde,
Çakyňdan belentdir, duýarsyň şonda.

## KEÝHYSROW

Taryhçylaryň aýtmaklaryna görä, şol wakanyň ýüze çykmazyndan birnäçe gün öň Syýawuş bir düýş görýär we şol düýşünden özüniň möwsüminiň gutarjakdygyny aňýar. Ol aýalyny çagyryp, şeýle diýýär: «Bilgin, seniň kakaň tarapyndan maňa uly betbagtlyk ýeter, işler meniň islegim boýunça bolmaz. Hökman kakaň meni öldürer. Seniň maňa bolan dostluk yhlasyňy bilýärin. Kakaň hem seniň meni gowy görýändigiňi bilýär. Şol sebäpli ol seni öldürjek bolar, emma Piran ony goýmaz. Eger meniň saňa beýan eden şu zatlarym ýüze çyksa, onda zynhar diňle! Eger şol göwräňdäki çaga oglan bolsa, oňa Keýhysrow diýip at dak we ony Eýranşähre ýetirmek üçin elde baryňy et. Megerem, Eziz we Beýik Alla onuň eli bilen meniň arymy we hakymy alar».

Bu waka ýüze çykansoň, Piran eşidip, «ýele» münýär we tiz wagtda Afrasyýabyň ýanyna gelip, oňa köp käýinçli sözler aýdýar. Afrasyýabyň özi hem ökünipdi. Ol takdyra bil baglap:

– Men bu edilmeli däl iş edilensoň, onuň neslinden daş durmagy makul bilýärin. Meniň gyzym ondan hamylamyş. Men ony öldürip, neslini gyrmaly – diýýär.

Piran oňa:

– Eý, Alla, Alla! Eger sen bu işi etseň, onda ähli adamlar seniň nadanlygyňy bilerler we saňa pes garaýyşlylygy, daşýürekliligi we nädogry pikirliligi ýöňkärler. Adam bigünä ýere perzendine neneňsi dözüp biler?! Adamlaryň ýüregi seni ýigrenip başlar – diýýär.

Afrasyýap bu sözleri eşidip ýumşaýar we gyzyny öldürmek pikirinden dänýär. Ol gyzyny Pirana tabşyrýar we özi yzyna dolanýar.

Biraz wagt geçensoň, Keýhysrow dünýä inýär. Ol owadanlykda we ýüz-keşpde kakasyna meňzeýän eken. Piran oňa şatlanýar. Emma ony gizlin saklaýar. Ol Afrasyýaby şatlykda we şadyýanlykda görende oňa, bu çaga barada aýtmagy niýet edinýär.

Afrasyýap oňa:

– Men ony öldürmek we pitne özenini kesmek isleýärin. Emma atalyk mähribanlygy we seniň nesihatyň bu işe böwet bolýar. Sen ony ejesinden al we çölde terbiýelemäge bir çopana ber. Ol özüniň kimiň perzendidigini bilmesin, ejesi hem onuň kime berlendigini bilmesin – diýýär.

Piran onuň permanyny saklap, bir çopana tabşyrýar we çagany terbiýelemekde kemkärlik etmezligi, bu iş onuň uly bagta ýetmegine sebäp boljakdygyny nesihat edýär. Çopan oňa hyzmat edip, gowy terbiýeläp başlaýar. Bu ýagdaýdan ýedi ýyl geçýär. Piran bir gün awa gidende, çölde şol çopany görýär we ondan çaganyň halyny soraýar. Çopan:

– Onuň jany sag, ulalýar we onuň maňlaýynda merdanalyk we mertlik alamatlary bar. Ol hiç kimden öwrenmezden okýaý ýasap, her gün awa çykýar. Towşan we tilki ele salyp, aw bilen meşgullanýar – diýýär.

Piran:

– Ony maňa görkez – diýýär.

Çopan derhal gidip, ony getirýär. Piranyň gözi oňa düşenden, onda bagtyýarlyk şuglasyny we Ylahy nury görüp, haýran galýar. Piran ony alyp, öýüne äkidýär we çagalaryna goşýar. Az wagt geçensoň, ol Afrasyýapdan gorkup, çaganyň we onuň ejesiniň öz ýanyndadygyny habar berýär.

Afrasyýap ony görmegi arzuw edýär we ony getirmeklerini buýurýar. Onuň çaga gözi düşüp, ýüreginde oňa bolan söýgi, mähremlilik döreýär we oňa zyýan ýetirmeýär. Ol:

– Onuň ejesini Syýawuşabada eltiň we çagany beriň – diýýär.

Olar Syýawuşabada ýetip, hazyna-gençlerden bir zatlar ele salyp, öz güzeranlaryny görýärler. Rüstem bilen Afrasyýabyň söweşleri gutarýar we Eýran leşgeri ülkesine gaýdýar. Afrasyýap welaýatlarda ymaratlar bina etmäge we kemçilikleri düzetmäge başlaýar.

Şeýle ýagdaýda Keýhysrowyň habary Eýranşähre ýetýär we onuň mesgeni we menzili ol ýerdäkilere mälim bolýar. Olar hilegär we mekir Giwi Keýhysrowy getirmek üçin belleýärler. Ol gizlinlikde Syýawuşabada tarap ýola düşýär. Ol Syýawuşabada gelip ýetende, Keýhysrow awa giden eken. Olar sähralykda biri-birleri bilen duşuşýarlar. Giw ony Ylahy nury arkaly tanaýar. Keýhysrow parasatlyk nury bilen onuň Keýkowusyň iberen adamsydygyny aňýar. Olar biri-birlerini gujaklap, tanyşýarlar. Ol Giwi gizlinlikde öýe getirip, ejesi bilen maslahatlaşýar. Olar: «Tizden-tiz atlanyp, ýola düşmeli. Allatagala näme höküm eden bolsa görübereris» diýen karara gelýärler. Olar ilkagşam atlanyp, ertire çenli at sürýärler. Irden syýawuşabatdakylar bu haldan habar tapýançalar, olar eýýäm uzak ýoly geçipdiler.

Bu habar ol ýerden Afrasyýaba baryp ýetende, ol adam taýýarlap, olaryň yzyndan iberýär. Emma olar köp menzilleri aşypdylar. Jeýhuna ýetip, bu derýadan geçmek üçin gämi soranlarynda, gämiçi olara gämi bermeýär. Giw Keýhysrowa ýüzlenip:

– Seniň şeýle Ylahy nuruň barka, şunuň ýaly müň derýadan we Jeýhundan geçip bilersiň. Gorkma, atyňy sür, biz seniň yzyňdan gideris. Sag-salamat galjagymyz aýandyr – diýýär.

Keýhysrow Haka töwekgellik edip:

– Eger Alla bizi bir iş üçin äkidýän bolsa, öz pazly-keremi bilen bizi gorar – diýip, atyny sürýär we sag-salamat beýleki tarapyna geçýär.

Giw we ejesi onuň yzyndan geçýärler. Eýranlylar bu haldan habarly bolup, olaryň ählisi ony garşylamaga çykýarlar we ululyk keşbini hem-de alnyndaky ýeňiş nyşanyny görüp, haýran galýarlar we onuň öňünde başlaryny egýärler.

Keýhysrow Keýkowusyň ýanyna barýar we atasynyň köşgüne girip, bendelik ähdini baglaýar. Atasy turup, ony öz tagtynda oturdýar we leşgerden äht we tabynlyk peýmanyny alýar. Ol Keýhysrowy aýlawly sözler bilen Afrasyýaba garşy söweşmäge höweslendirýär. Ol Keýhysrowyň bu işe bolan höwesini görüp, Sistandan Rüstemi, Yspyhandan Güderzi we beýleki han-begleri çagyryp, käwelileriň baýdagyny we hazynalaryň açaryny Keýhysrowa berýär. Soňra özi işinden el çekip, patyşalygy Keýhysrowyň ygtyýarynda goýýar.

Keýhysrow Keýkowusyň ýanyndan hereket edip, Balha barýar. Soňra Turan ülkesine gitmegi ýüregine düwýär. Afrasyýap olaryň garşysyna çykýar. Olaryň arasynda güýçli söweş turýar we iki tarapdan hem eýýamyň mertlerinden we ulularyndan ençemesi öldürilýär. Bu uruşlar kyrk ýyllap dowam edýär we her söweşde ýeňliş Afrasyýabyň goşunyna nesip edýär. Soňra Horezm we Dehistan beýewanynyň ortasynda iki tarapyň leşgerleri üýşüp, gazaply söweşýärler. Ahyrynda Afrasyýabyň leşgeri şeýle bir derejede perişan bolýar welin, ondan soň ýygnanyşmak we ar almak mümkin bolmandyr. Şondan soň Afrasyýap gaçmagy ganymat bilipdir.

Ahyr başyndan sowdy, uly belany, howpy,
Başyn alyp çykdy ol, çünki täçden gowudy.

Keýhysrow ol ýerden Afrasyýabyň paýtagty bolan Gang şäherine barýar we ol ýeri weýran edýär. Soňra Afrasyýabyň niredendigini bilmek üçin daş-töwerege jansyzlar iberýär. Olar Afrasyýabyň Çyndadygy barada habar getirýärler.

Keýhysrow Çyna leşger çekýär. Fagfur[1] onuň öňünden çykyp, köp mal-pul bermäge boýun bolýar. Afrasyýabyň derýadan geçip, Gang diýen galada penalanýandygyny habar berýär. Keýhysrow gämi ýasamaklaryny buýurýar. Ol ähli leşgeri bilen suwdan geçip, şol gala barýar. Afrasyýap halkyň arasyndan simap kimin gaçyp, ýitirim bolýar we hiç kim ondan habar tapmaýar. Keýhysrow ol ülkäni hem hasabyna geçirip, olara salgyt belleýär. Soňra yzyna dolanyp, Syýawuşabada gelýär. Ol köne ähdi täzeleýär we arap resmine laýyklykda, weýran edilen ýerleriň harabalyklaryny görüp aglaýar. Ol ýerden Gang Behişte barýar we ol ýerdäki saklanyp galan ymaratlaryň ählisini ýok edýär. Soňra Keýkowusyň hyzmatyna barýar. Älem-jahana adamlar iberip, Afrasyýaby gören adamyň ony tutup, alyhezretiň huzuryna getirmelidigi barada görkezme berýär.

Biraz wagt geçensoň, Afrasyýap Töwriz welaýatynda bir takwa adamyň ybadathanasyna girýär we ondan doga-dileg etmegini soraýar. Ol takwa ony tanap, şol bada ony tutýar. Soňra özi çykyp, derhal obadakylara habar berýär. Afrasyýap özünde galan we bilýänje jadysy bilen ybadathanadan gaçýar. Obadakylar gelip, Afrasyýaby tapmaýarlar. Ol takwa utanýar. Bir aýal olara:

– Men onuň ybadathanadan çykyp, ybadathananyň işigindäki şu howuza girip, ýitirim bolanyny gördüm – diýýär.

Adamlar şol howzuň gyrasynda durýarlar. Güderz hem bu haldan habar tapyp gelýär hem-de eline ýesir düşen Afrasyýabyň dogany Gersiwezi getirip, howzuň kenarynda oňa çybyk

[1] Çyn patyşalaryna berlen lakam.

urýar. Ol bolsa perýat edýär. Afrasyýap suwuň düýbünde ýatyrka, Gersiweze nebsi agyryp, başyny suwdan çykarýar. Olar derhal oňa kement salyp, suwdan çykarýarlar we el-aýagyny daňyp, Keýhysrowyň gaşyna getirýärler. Keýhysrow oňa rehim edip, aman goýmak isleýär. Güderz onuň bu islegini görüp, derhal gylyjyny çykarýar we Keýhysrow buýruk bermese-de, Afrasyýabyň kellesini top ýaly edip, meýdana oklaýar. Şeýdip, onuň ataşy sönýär we onuň köki gyrylýar. Keýhysrow Hudaýtagala şükür edýär we älemdäkiler erkinlige düşýärler.

Az wagtdan soň Keýkowus tagtdan dahma[1] göç edýär. Ähli patyşalar we döwlet sütünleri Keýhysrowa tabyn bolýarlar. Eýran, Turan onuň diwanyna salgyt töleýär. Dünýä mülki şu derejede onuň ygtyýaryna geçensoň, ol ahyretiň mülküni hem eýelemek isleýär. Ol özüni patyşalyk wezipesinden boşadyp, bu işi Luhraspa tabşyrýar, onuň başyna täç geýdirýär we leşgerden onuň üçin ähdi-peýman alýar. Soňra çöl-beýewana ýüz urýar. Şondan soň hiç göz ony görmeýär we hiç gulak ol barada söz eşitmeýär.

Keýkowus ýüz elli ýyl we Keýhysrow altmyş ýyl patyşalyk sürüpdir.

Päk we Beýik Allatagala Pygamberimiziň we onuň maşgalasydyr ýaranlarynyň haky üçin jahan patyşasynyň, zamananyň Hysrowynyň, älem soltanlarynyň soltanynyň hem-de dünýä we din güneşiniň deňsiz-taýsyz durkuny älem patyşalarynyň ömürlik mirasdüşeri etsin we wezirlik kürsüsini wezirler patyşasynyň şasy Nyzamylmülk bilen bezesin!

[1] Dahma – öli jaýlanýan ýer.

# LUHRASP

Luhrasp patyşalyk tagtyna geçip, ýurduň işlerini öz ygtyýaryna geçirensoň, işleri düzgün-tertibe salýar. Diwan eýelerini belläp, esgerleri raýatlardan we bazarçylary başga synplardan aýyl-saýyl edip, oruntutar wezir belleýär we her kimiň derejelerini we çäklerini aýan edýär.

Luhraspyň iki sany ogly bolupdyr. Biriniň ady Güştasp, beýlekisiniňki bolsa Zerir. Olar husny-jemallylyk zynaty we kämillik dony bilen bezelendi. Luhrasp olar barada bir gezek ýalňyşlyk goýberýär. Ol bolsa onuň Keýkowusyň perzentlerini öz çagalaryndan ýokary saýmagy we olara girdejili welaýatlary hem-de uly wezipeleri bermegidir. Ol perzentleri we garyndaşlary barka, bigänelerden kömek soramagyň patyşalyk parasatyndan daşdygyny bilmändir.

Şeýlelikde, Güştasp kakasyndan ynjap, oňa garşylyk görkezýän hökmünde, ol ýerden Ruma gidýär. Ol ýerde Peridunyň perzentlerinden bir adam bar eken. Ol Güştaspy öz öýüne getirip, mysapyrperwerlik we myhmanparazlyk şertlerini berjaý edýär. Rumda şeýle bir däp bolupdyr: Haýsydyr bir patyşanyň gyzy ýetişip, nikalaşmaly wagty gelip ýetende, bir üýşmeleň edip, oňa taý bolup biljek ýigitleri üýşmeleňe çagyrýar ekenler. Soňra gyz eline bir desse gül alyp, olaryň içine baryp, kimi halap, gül dessesini berse, gyzy oňa nikalaýan ekenler. Bu ýerde maksat, gyz bilen oglanyň arasynda ysnyşygyň we ylalaşygyň döremegi eken. Güştaspyň Ruma baran wagty Kaýsaryň uly gyzynyň nikalaşmaly wagty gelip ýeten eken. Däp bolşuna görä, üç günläp ýigitleri toplaýarlar. Güştasp hem olaryň içinde eken. Şazada gyz Güştaspyň husny-jemalyny, berdaşlydygyny, çalt hereketlidigini we gözel görküni görüp, ony saýlaýar we gül dessesini onuň üstüne oklaýar.

### *Beýt*

Ömrümde ençeme gözellik gördüm,
Dünýäde öňüňde bialaç durdum.

Saga-sola kän bakdyrdym ýüregi,
Gözellerden sen ekeni geregi.

Güştaspy ol ýerde hiç kim tanamaýardy we onuň mertebeli zynaty ýokdy. Şol sebäpden Kaýsar gyzyndan ynjap:

– Ony şol egnindäki köne lybasy bilen äre beriň we oňa aýdyň, goý, olar şäherden çyksynlar – diýýär.

Ol gyzy Güştaspa berensoňlar, Güştasp oňa şeýle diýýär:

– Sen nazy-nygmata öwrenişen we soltanlyk köşgünde terbiýelenen. Men bu ýerde ýat hem-de artykmaç barlygym ýok. Seniň meniň bilen ýaşamagyň kyn bolmagy mümkin. Eger özüň maslahat bilseň, Kaýsaryň ýanyna gidip, bu ygtyýaryňdan ýüz dönder – diýýär.

Şazada gyz oňa:

– Men mal-mülki goýup, seni saýladym we beden arkaýynlygyny goýup, ruhumyň rahatlygyny ygtyýar etdim. Men takdyra razy we Hudaýtagalanyň hökümine boýun, arkaýyn bol – diýýär.

Olar el-ele berip, Güştaspyň otagyna girýärler. Şazada gyz özi bilen getiren göwherlerinden satyp, şäherden çykmagyň taýýarlygyny görýärler. Olar şäheriň daşynda göwnejaý bir ýer saýlap, şol ýerde mesgen tutýarlar. Güştasp gaýta-gaýta awşikara çykar eken. Bu habar Kaýsara ýetýär. Onuň buýrugy bilen, ony çagyryp, ony hemmetaraplaýyn synag edip görýärler. Olar onuň her bir hünärde kämildigini we her bir işde ussatdygyny görýärler. Kaýsar ondan ötünç sorap:

– Biziň seniň halyňdan habarymyz ýokdy hem-de seniň uly barlygyňdan hiç zat bilemizokdyk. Eger sen babatda kemçilik we kemkärlik edilen bolsa, öz keremiň bilen bizi bagyşla – diýýär.

Soňra Kaýsar oňa ýene-de:

– Bir adam hünärde we edepde başarjaň bolsa, ondan: «Seniň aslyň nireden we haýsy nebereden» diýip soralýar – diýýär.

Güştasp aslyny Kaýsara beýan edýär. Kaýsar onuň aýdanlaryny goldap, köp mähribanlyk edip, mynasyp sylag-serpaý berýär. Ol gyzyny şeýle ýigit saýlamagy bilen öwgüleýär we Güştaspy hormatlamakda we oňa sylag-serpaý bermekde keltelik etmeýär. Bir gün Kaýsar Güştaspy myhmançylyga çagyrýar we oňa:

– Eý, şazada, eger men mülkdarlygy saňa ýetirmek we Eýran patyşalygyny seniň ygtyýaryňa geçirmek üçin dalaş etsem näme diýersiň? – diýýär.

Güştasp oňa:

– Perman seniň eliňde – diýýär.

Şeýlelikde, Kaýsar ilçi taýýarlap, Luhraspyň ýanyna iberýär we oňa gödek sözler aýdyp, şeýle diýýär: «Men seni özümden ýokary saýmaýaryn. Sen her ýyl nähak ýere menden salgyt alýarsyň. Eger menden alan zatlaryňy yzyna gaýdyp berseň, ikimiziň aramyzdaky ylalaşyk berkidiler. Eger kabul etmeseň, onda seniň ülkäňe leşger çekip, birnäçe ýylda alan zatlaryňy birnäçe esse artyk edip, gaýdyp alaryn».

Bu nama Luhraspa ýetensoň, ol Kaýsaryň sebäpsiz ýere beýle batyrgaýlyk etmejekdigini aňýar. Şeýlelikde, ol ilçini hormatlap, ony diýseň sylaglaýar, oňa hoşamaýlyklar edip, birnäçe kişä duýuş jylawuny akylyň elinden gidirýän şerap mejlisinde, ondan bu barada doly düşündiriş soramaklaryny tabşyrýar. Olar giýewlik we mülkdarlyk ýaly Güştasp bilen

Kaýsaryň aralarynda bolan gatnaşyklary bilip, bu habarlary patyşanyň huzuryna ýetirýärler.

Şeýlelikde, patyşa öz patyşalygynyň bähbidini Keýhysrowyň däbine eýermekde hem-de mülkdarlygy ogluna bagyşlamakda görýär. Ol Güştaspa tutuş mähremligi we mylaýymlygy öz içine alýan bir hat ýollaýar. Ol hatyň mazmuny şeýledi:

– Sen meniň üçin ähli älem-jahandan hem ezizsiň. Adamlar özleriniň tenleriniň bir bölegi bolan çagalaryny gowy görmekde günäkär däldirler. Patyşa jahanda hoş ahlakly, tejribeli we sowugy-yssyny dadan adam bolmaly. Häzir sen şeýle öwgüli häsiýetler bilen bezelipsiň. Indi seniň işe girişmegiň wagty geldi. Meniň bolsa, ybadat etmegi ygtyýar edip, zikirlere we toba etmäge meşgul bolmaly wagtym gelip ýetdi. Seniň tiz gelip, işi ýöretmegiň we adamlaryň hem leşgeriň gamyny, meniň bolsa ahyretiň gamyny iýmegim gerek.

Ol Güştaspyň doganyny ilçi edip, onuň ýanyna iberýär. Bu hat Güştaspa ýetende, hoşal bolýar we Kaýsar bu ýagdaýdan şat bolýar. Kaýsar hoşlaşmak we ugratmak şertlerini berjaý edip, köp sylag-serpaý bilen gyzyny oňa hemra edip iberýär. Güştasp ol ýere ýetensoň, Luhrasp ony garşylaýar we öz ähtinde durup, wadasyna wepalylyk görkezýär we mülki oňa tabşyrýar. Özi bolsa Balha gidip, ybadata meşgul bolýar. Ol ýüz ýigrimi ýyl patyşalyk edipdir. Güştasp patyşalykda gowy ýörelgeleri we ýagşy resimleri goýup, älem-jahany abat edipdir.

## GÜŞTASP

Aýtmaklaryna görä, Güştasp kämil pikirli we dürs garaýyşly patyşa bolupdyr. Emma ol özüniň döwletiniň eýýamynda bir ýalňyşlyk goýberdi. Onuň ýalňyşlygy şu aşakdakydy:

Zertuşt onuň höküm sürýän döwründe peýda bolupdy. Ol palestinli bolup, birnäçe wagtlap Ermiýa pygamberiň şägirtleri-

niň biriniň hyzmatynda bolupdyr we ondan geň-taň ylymlary öwrenipdir. Soňra halypasynyň garşysyna çykyp, oňa her hili töhmetleri atypdyr. Ol hormatly, beýik adam bolsa-da oňa bet doga edipdir. Şonuň üçin Allatagala ony pis keseline duçar edýär. Ol şol ussadyna eden hyýanaty sebäpli şeýle kesele mübtela bolýar. Şol sebäpli ol ussadynyň ýanyndan gidip, Töwrize barýar we ýörelgesini äşgär edip, otparazlyk dinini ýola goýýar.

Kakasynyň ondan ynjanlygy we şol sebäpli leşgerdäkileriň hem oňa boýun bolmaýandyklary üçin Güştaspyň hökümeti gowşapdy. Hatda Rüstem hem oňa üns bermändir we ony patyşalygy bilen gutlamandyr.

Zertuştyň ýüze çykandygy we onuň toslama, daşy jäjek, içi möjek gürrüňleri Güştaspa ýetende, ol Zertuştyň üsti bilen güýçlenmegi we oňa eýerýänlerden kömek soramagy ýüregine düwýär. Şeýdip, gizlinlikde onuň ýanyna adam iberýär we ony köşgüne çagyrýar. Olar her hili ýalan sözler bilen belli bir karara gelýärler. Zertuşt Balha gelip, özüniň ýalan amallaryny mugjyza şekilinde görkezýär. Güştasp ony tassyklap, otparazlyk dinine girýär we leşgeri hem onuň ýörelgesine çagyrýar. Ol bu işe boýun bolmaýanlary öldürýär. Ol ençeme adamlary öldürip, otparazlyk dininiň däp-düzgünlerini ýola goýýar we ol dini mäkämleýär. Ol «Zent we Pazent»[1] atly kitap ýazýar. Güştaspyň buýrugy boýunça on iki müň sygryň derisini kümüşden dolduryp, ol kitaby eredilen zer bilen derilere ýazýarlar we ony

[1] Zertuşt dini ýörelgesiniň mukaddes kitaby saýylýan «Awesta» kitabynyň düşündirişi we onuň pählewi diline terjime edilen nusgasy. Zent we Pazent diýip ot ýakmak üçin ulanylýan iki sany taýaga aýdylýar. Zertuşt dini otparazlyk dini bolansoň, oňa şeýle at berlen bolmagy mümkin.

Istehr galasynda saklap, garamaýaklary ony öwrenmekden saklaýarlar[1].

Zertuşt Balhdan çykyp, başga şäherlere barýar we halky öz dinine çagyrýar. Halklaryň köpüsi onuň çakylygyny kabul edýärler. Onuň pygamberlik çakylygyndan otuz bäş ýyl geçende Nusaý şäherinde bir adam ony para-para edip öldürýär. Ol ýetmiş ýedi ýaşapdyr. Bu habar Güştaspa ýetende, ol örän gynanýar we şol öldüren adamy ele salyp, ony öldürýär. Soňra Jamaspy onuň ýerinde goýýar. Jamasp otparazlyk dinini rowaçlandyrýar we bu batyl ýörelge älem-jahanda ösüş tapýar.

## Hekaýat

Aýtmaklaryna görä, Güştaspyň höküm süren eýýamynda Turan ülkesiniň patyşasy Erjasp bolup, ol Afrasyýabyň perzentlerinden eken. Ol özüniň köne kinesini eýranlylardan çykarmak pursatynyň gözleginde bolupdyr. Erjasp Güştaspyň dinini üýtgedendigini we gowşak pikirlidigini görüp, ata-babalaryň ýörelgelerine garşy çykmagyň ony batyllyga eltjekdigine göz ýetirýär. Şeýlelikde, ol söweş esbaplaryny we jeň gurallaryny taýýarlamaga meşgullanyp başlaýar. Ol bu işi ýöredip, birden hüjüm eder ýaly bahana we pursat gözläp başlaýar. Ahyrynda, Güştaspa betbagtlyk ýolugyp, ol Erjaspa nama ýazyp, ony zertuşt dinine çagyryp, ilçi iberýär.

Haçanda bu hat Erjaspa ýetende, ol gödek jogap berip, ýakymsyz mazmunly hat ýazýar. Ol hatynda şeýle jümleleri

[1] «Garamaýaklary ony öwrenmekden saklaýarlar» diýen jümlä şeýle düşünmeli: Öňki döwürlerde pygamberlik dawasyny edip, özleriçe dini ýörelgeleriň esasyny goýan şahslar garamaýak halk, umuman adamlar düşünip bilmez ýaly usulda kitap döredipdirler. Olar halkyň haýyrlanmagy üçin däl-de, eýsem diňe ruhanylar dini däp-dessurlarda olary okar ýaly çylşyrymly hem düşnüksiz edip ýazypdyrlar.

ýazypdyr: «Seniň eden bu işiň başgalary-da oňa çagyrar ýaly beýle bir gowy hem öwgüli iş däldir! Sen ata-babalarymyzyň dinini taşlan bir näkes we pes adamyň yzyna düşdüň. Eger bu batyl mezhebi terk etseň, ikimiziň aramyzda ylalaşyk berkarar bolar. Eger sen bu ýoluňda aýak diräp dursaň, öňki duşmançylygymyz üçin däl-de, belki dini gaýratym üçin Eýranşähriň topragynyň külüni ýyndam atlarymyň toýnaklarynyň zarbalary bilen arşyň ataş küresine ibererin».

Erjaspyň haty Güştaspa gelip ýetende, ol diýseň ynjaýar we hatyň jogabyny şeýle ýazýar: «Seniň aýagyňy ýorganyňa görä uzatmaýandygyňy we tabynlyk halkasyndan boýun gaçyrandygyňy, öz derejäňe mynasyp hat ýazmandygyňy gördük. Sen hatyň jogabyny eşitmersiň, belki ony görersiň. Wessalam».

Soňra Güştasp leşger jemläp, paýtagtyndan hereket edýär. Ol birinji menzile ýetende, Jamaspy çagyryp, ýyldyzlaryň ahwalatyndan we täleýiň bagt getirmeginden we şumlugyndan habar soraýar. Jamasp oý-pikire batýar we başyny aşak salyp, şeýle diýýär:

– Eý patyşa! Käşgi men bolmasadym, eger bolan bolsamam şu ylmy bilmesedim, eger bilsem hem sen menden soramasadyň. Ýöne sen bu zady menden soradyň. Eger jogap bermesem, permanyňa boýun bolmadygym bolar. Meniň aýtjak syrlarym saňa ýaraman, maňa zeper ýetirmegiň mümkin. Eger sen meni öz gazabyňdan aman goýsaň, onda men pelegiň syrlaryny seniň hyzmatyňda beýan edeýin. Şonda patyşa nämäni makul bilse eder.

Güştasp oňa:

– Saňa näme aýan bolan bolsa hökman aýtmalysyň – diýýär.

Jamasp oňa:

– Seniň öňüňdäki söweşde ilki zarba saňa deger. Seniň ýakynlaryňdan, garyndaşlaryňdan, söweşjeňleriňden, we per-

zentleriňdir doganlaryňdan köpüsi öldüriler. Emma ahyrynda ýeňiş saňa ýeter, seniň işiň güýçlener we seniň duşmanyň ýeňler – diýýär.

Güştasp bu sözden gama batyp:

– Perzentlerim, doganlarym we dost-ýarlarym bolmasa, nähili hoşluk bolar?! Ezizlerden jyda düşmekden ölüm ýagşyrakdyr. Eger men geleňsizlik bilen biperwaýlyk etsem we bu söweşi ýatyrsam hem bu iş hökman ýüze çykar. Şonuň üçin olaryň ýagşy at bilen öldürilmekleri, aýallar ýaly öýlerinde mesgen tutmaklaryndan ýagşyrakdyr – diýdi.

Şeýdip, ol ýöriş edýär we menzilme-menzil öňe gidýär. Ol aňtawçylary iberýär. Olar biri-birlerine ýakynlaşyp, leşgerler öňe çykyp, saplar düzülensoň, güýçli taýýarlyk görüp, söweşe girýärler. Tebil owazy çakylyk dili bilen ajal habaryny amanlyk isleýänleriň gulagyna ýetirip başlady. Baýdak şiri bady-sabanyň öwsüminde amanat jan bilen ýaşaýardy, ýalaw reňkli baş çakyjy (dişleýji) gylyç söweşjeňleriň süýr depesinden gyrmyzy-gülgün gan içýärdi, takdyr biçimçisi ýiti iňňe bilen duşmanyň gözüni tikýärdi, ýazgyt gaýçysy batyrlaryň bakylyk donuny çäk edýärdi. Pelegiň sekiz gözenegi: «Kime üstünlik bereliň?» diýip, uruş meýdanynyň töweregine jemlenýärdiler. Sekiz gün geçdi, ýedi gat ýer atlaryň toýnak sarsgynlaryndan simap deýin sandyraýardy. Eýran serkerdelerinden alty kişi öldürildi, bäş duýgy olaryň ölümine gan aglady. Älemiň dört burçy tolkun atdy. Güştaspyň perzentlerinden üç kişi atasynyň öňünde başyny pida etdi. Olar iki sebitde, Magrypda we Maşrykda ýeke-täkdiler we taýsyzdylar[1].

Ispendiýar, Zerriniň ogly we Eýranyň beýleki söweşjeňleri bu ýagdaýy görüp, ýürek derdinden we gursak odundan şeýle

[1] Bu ýerde ýazar gürrüňi çeperleşdirip, sekiz sandan bir sana çenli täsin sözlemleri düzüpdir.

bir hüjüm edipdirler welin, daglaryň ýüregine sarsgyn düşüp, güneş gylyçlaryň uçgunyndan gorkup, bulutlaryň arasynda mesgen tutupdyr. Olar bir pursatda we bir hüjümde türkleri dargadyp, olaryň hataryny pytradyp, boýnundan gylyç gynyny ýasapdyrlar. Olar yza çekilmegi ganymat bilip, gaçmagy karar edinýärler.

Mähnet garaňkylygynyň toplumyndan soň, halas ediji daň olara nur bagyş edýär. Erjasp yza çekilip, ýeňilýär. Güştasp leşgerdäkileri hoşamaý sözler bilen öwgüläp, olara köp sowgatlar we gymmatbaha sylaglar berýär. Ol Balhda ataşkede[1] gurýar. Ol ataşkedäni Azernuş diýip atlandyrýarlar. Ol patyşalygyň düzgün-tertibini täzeläp, Ispendiýary Yragy ymarat etmek üçin ol ýere iberýär. Özi bolsa Balhda mesgen tutýar.

***Beýt***

Şükür – lukma, iýip bilmez her kişi,
Kä içer çökündi, käte duryny.
Serwi agaja ol beýiklik beripdi,
Soňam dertden ýaňa egendir ony.

## ISPENDIÝAR

Ispendiýar Yraga gidensoň onuň juwanlyk kuwwaty, merdanalyk şan-şöhraty, güýjüniň ägirtligi we buýrugynyň ýörgünliligi patyşalyk islegine we mülkdarlygy talap etmegine sebäp bolupdyr. Şeýlelikde, ol kakasyny boşadyp we işinden daşlaşdyryp, özi patyşalyga geçmegi niýet edinýär. Ol özüniň bu niýetini amala aşyrmaga girişmezinden ozal, habarçylar Ispendiýaryň nähili pikirdedigini Güştaspa ýetirýärler. Güştasp Ja-

[1] Ataşkede – otparazlaryň mydama ot ýanyp duran ybadathanasy.

maspy ony getirmek üçin iberýär. Jamasp Ispendiýaryň ýanyna baryp, ilçilik düzgünlerini ýerine ýetirensoň, ol boýun bolmakdan başga çäre tapmaýar we Jamasp bilen bilelikde kakasynyň huzuryna barýar.

Güştasp ony näletläp, dili bilen ynjydyp şeýle diýýär:

– Sen meniň diriligimde patyşalyk dawasyny etmäge şerim-haýa etmediňmi? Seniň baýlykdan we nazy-nygmatlardan näme kemiň bardy, meniň senden başga perzentlerim we agtyklarym ýokmy? Indi senden şeýle uly kemçilik ýüze çykansoň, başgalaryň hem ybrat almagy üçin saňa ejir bermegim gerek.

Soňra Güştaspyň buýrugy bilen Ispendiýaryň aýagyna agyr zynjyrlar urup, ony berk galada saklap, rehimsiz adamlary sakçy goýýarlar. Bu habar Erjaspa ýetende, ol diýseň şatlanyp:

– Güştasp bir sus pikirli adam, Ispendiýar ýaly ogly tussag etmeklige ony bet bagty we ýaramaz ykbaly iteripdir – diýýär.

Soňra ol ýene-de leşger toplap, pursaty ganymat bilip, birden Balha girýär. Luhrasp garran bolsa-da, heniz diridi. Ol birnäçe adamy daşyna üýşürip, olaryň öňünden çykýar we garrylygyna garamazdan, şeýle bir derejede mertlik we merdanalyk görkezýär welin, adamlar Ispendiýar tussaglykdan goýberilendir öýdüpdirler. Ol şol söweşde garrylygyna garamazdan, ýüz adamy öldürýär. Ahyrynda, howanyň yssylygyndan we özüniň gowşaklygyndan ýere ýykylyp, jany asyl maksadyna ýetýär. Türkler Balh şäherini talaýarlar. Olar Balhdaky ataşkedeleriň ählisini weýran edip, birnäçe ýyldan bäri ýakylan ody halkyň ganlary bilen öçürip, otparaz ulamalaryndan ýetmiş adamy dara çekýärler we Güştaspyň gyzyny ýesir alýarlar.

Bu habar Güştaspa baryp ýetende, jahan gözüne tümlük we garaňky bolup görünýär. Soňra ol ar almak üçin aýaga galýar. Leşger toplap, duşmany garşylamaga çykýar we söweş es-

babyny taýýarlaýar. Olar biri-birleriniň öňünde hatarlar düzüp, şeýle bir söweşipdirler welin, pelegiň gulagy heniz şeýle söweşi eşitmändi, zamananyň gözi beýle urşy görmändi. Gylyç hutbaçysy boýun münberinde hutba okaýardy, azap buludy şol çölde gan silini akdyrýardy. Ýyndam atlaryň zedrjet-mawy toýnaklary şeýle bir derejede gyrmyzy ganlara bulaşypdy weli, gyzyl hakyk daşy ýaly bolup, hünji reňkli peýkamyň ýarasyndan edermenleriň ýüz-keşbi gyzyl lagla öwrülipdi.

Söweş üç gije-gündiz dowam edýär. Güştaspyň bir ogly öldürilýär, leşgeriniň köpüsini ot deýin ýalaw gylyçdan geçirýärler. Güştasp beýikliginden ýaňa pelek bilen bäsleşýän hemde aralaryndan geçmek kyn bolan bir dagda penalanýar. Erjasp dagyň daş-töweregini gurşap alýar. Güştasp çykgynsyz ýagdaýa düşýär. Azyk-iýmitler gutarýar. Ol Jamaspy iberip, Ispendiýardan ötünç sorap, ony getirmekden başga çykalga tapmaýar.

Jamasp gyssanmaçlykdan ýaňa ýelden hem ozup, Symrugdan ýelekdir ganatyny amanat alyp, tiz wagtyň içinde Parsyň Istehr diýen şäherine barýar. Ol Ispendiýaryň huzuryna baryp, edep zeminini ogşap, kakasynyň sargydyny ýetirýär. Ispendiýar oňa:

– Kakamyň howsalaly ýagdaýda soran ötünjini nädip kabul edip bolar? Hiç bolmanda meniň eden günä işim bir bar bolsady, onda men şu wagt onuň geçilmegi üçin doga-dilege meşgul bolardym – diýýär.

Jamasp oňa:

– Seniň ähli aýdan sözleriň dogry. Emma kakaň saňa kast eden hem bolsa, seniň doganlaryň hiç günäsi ýokdur. Olar bu gün Erjaspyň elinde öldürildi. Olardan ar almak seniň boýnuňda parzdyr. Sen bu işi gijikdirseň bolmaz, sebäbi aýal doganyň hem türkleriň elinde. Olaryň garadangaýtmazlygy bolsa hemmelere mälim – diýdi.

Bu sözleri eşidende, Ispendiýaryň gaýrat ataşy tutaşyp başlaýar. Ol:

– Kakamyň ýanyna barmagy kabul etdim. Men ar almak üçin bilimi guşaryn. Men Erjaspyň adamlaryny edil bil halkasy ýaly guşak astyna salýançam, ar almakdan elimi çekmerin – diýýär.

Jamaspyň buýrugy boýunça, demir ussalaryny çagyryp, onuň zynjyrlaryny açýarlar. Ispendiýar bir silkinip:

– Meniň şu wagta çenli bu zynjyrlaryň astynda sabyr edip durmagym mejburlykdan bolman, öz ygtyýýarymady. Bu meniň kakamyň razylygy üçin bolup, onuň daňan zynjyrlaryny özüm açmagy mynasyp görmedim – diýýär.

Soňra ol hammama girýär, işleri düzgün-tertibe salýar we söweş donuny geýip, Jamasp bilen bilelikde atlanýar. Erjaspyň sap düzen ýeri bolan dagyň etegine barýar we özüniň bilýän ýerinden daga çykmak isleýär. Şol gije howa şeýle bir garaňky bolupdyr welin, nebit çüýşesi pelegiň ýüzüne örtülen ýaly bolupdyr. Birnäçe adamlar onuň ýanyna gelip:

– Siz kim? – diýip soraýar.

Ispendiýar:

– Siz kimi gözleýärsiňiz? – diýýär.

Olar:

– Aýtmaklaryna görä, Ispendiýar Istehr galasyndan çykyp, şu oba gelip, daga çykypdyr. Siz çäksiz gapyllykdan ony görmänsiňiz. Bize: «Olaryň boýnuny çapyň, goý mundan soň beýlekiler şeýle gapyllyk we ýeňilkellelik etmesinler» diýip buýruk berildi – diýýärler.

Soňra Ispendiýar gylyjyny syryp, olaryň daşyna geçýär we köpüsini öldürip, dagyň depesine çykýar. Ol kakasynyň hyzmatyna baryp, bendelik düşegini ogşap, Güştaspyň huzurynda gözýaş dürlerini ýagdyrýar. Kakasy oglundan ötünç so-

rap, oňa hoşamaýlyklar görkezýär. Ol kakasynyň ötünjini uly keramat hasaplap:

– Men bir bende we boýun egijidirin. Hojaýynlar bendelerine näme buýursalar, olara boýun bolmakdan başga zat ýaraşmaz. Kakamyň men baradaky karary meniň peýdama boldy we meniň terbiýelenmegime we edeplenmegime sebäp boldy – diýýär.

Soňra leşgerleri toplap, üç günden soň dagdan sil kimin inýärler. Erjaspyň leşgeri hem hatarlar düzüp, söweşe girýär.

Söweş ataşy tutaşýar, dürli-dürli bela-beterler adamlara ýüzlenýär, ot şekilli ýalaw gylyçlar söweşjeňleriň tenlerinden gyn ýasaýar, şahap[1] şekilli ot saçyjy naýzalar aýlanyp başlaýar, sowut deşiji peýkamlar syr deýin gursaklarda ornaşýar, demir deşiji atlar beýikleriň başlaryny aýaklarynyň astyna alýar. Ispendiýar aç şir kimin hüjüm edip, takdyr we ýazgyt ýaly adamlary agdarar eken. Ahyry, Erjasp yza çekilýär we ýeňilýär. Olar söweşden ýeňse öwrensoň, yzlaryna seretmediler. Erjasp iň soňy, müň hile bilen Termiz derýasyndan geçip, howpsuz ýere ýetýär. Onuň leşgeri aman soraýar. Olaryň käbiri aman galyp, ýesir düşýär, ýene birtopary panylyk hatyny okaýarlar. Ispendiýar ýeňşiň we üstünligiň penasynda, kakasynyň huzuryna barýar. Kakasy ogluny ezizläp, köp sylag-serpaýlar berýär.

### *Beýt*

Şeýle Aýy bolan wagty pelegiň,
Hem-de şeýle beýik ogly bolanyň,

Donunyň ýeňinde gün dogup dursa,
Aý hem gapysynda gujagyn gerse,

[1] Şahap – asman daşy, meteorit.

Söweşde Ispendiýar bolsa, bek belle,
Jahanda şan gazanardy mertlikde.

Wezir çäresinden soltan duşmany,
Ýok bolsun öçürşi ýaly pitnäni!

## ISPENDIÝARYŇ GEÇEN ÝEDI SYNAGY

«Ispendiýaryň ýedi synagy» diýen hekaýaty ajamlylaryň toslandygy we onuň akyldan daşdygy hem-de sagdyn düşünjäniň kabul edip bilmeýändigi mälim bolsa-da, onuň meşhurlygy hem-de Erjaspyň kyssasynyň şoňa baglylygy üçin ony beýan etmekden başga çäre ýok. Beýik Pikire[1] (goý, Alla onuň saýasyny kemeltmesin!) bu hekaýat aýan bolansoň, gysgaça aýdyş ýoluna eýerdim.

Aýtmaklaryna görä, Ispendiýara uly ýeňiş we bagtyýar ykbal ýar bolansoň, ol ýesirleri çagyryp, käbirini goýberýär, ýene birtoparyny jezalandyrýar. Olaryň içinde Gürgsar atly bir adam bolup, ol mertlikde we merdanalykda älem akyldarlaryndan we Adam ogullarynyň batyrlaryndan rüstem bolupdyr. Ony getirip, gylyjy onuň bilen synamak isleýärler. Ol:

– Eger meni öldürmekden saňa peýda gelýän bolsa, onda men seniň eliňde – diýýär.

### *Beýt*

Eger seniň peýdaň meniň ýala zyýan ýetirmekde bolsa,
Onda meniň ýalynyň nyşany zamanada kem bolsun.

---

[1] Beýik Pikire – bu ýerde patyşa göz öňünde tutulýar.

– Emma meni goýberip, ýaşaýyş bereniň üçin maňa minnet goýsaň, onda ýüz müň atlynyň edip bilmejek hyzmatyny saňa ederin – diýýär.

Ispendiýar oňa:

– Ol nähili hyzmat – diýip soraýar.

Ol Ispendiýara:

– Saňa demirden galany görkezeýin. Ol galada Erjasp, onuň hazynasy we seniň tutulan aýal doganlaryň bar – diýýär.

Ispendiýar oňa:

– Eger sen şu hyzmaty doly berjaý etseň, onda men Türküstan welaýatyny saňa bererin. Ýöne maňa ol ýere nädip gitmelidigini we şu ýerden ol ýere çenli aralygy aýdyň et? – diýýär.

Gürgsar oňa şeýle diýýär:

– Ol gala gitmek üçin üç ýol bar. Birinjisi, üç aýlyk ýol bolup, ol çemenzarlykly we otly-suwly ýoldur. Ikinjisi, iki aýlyk ýol bolup, ol ýol weýranadyr. Üçünjisi, ýedi günlük ýol bolup, ol ýedi menziliň her menzilinde şeýle bir ägirt ýyldyrym we başga elhenç zatlar bar welin, hatda akyl ondan haýrana galyp, hiç kim onuň birinden hem halas bolup bilmez. Birinji menzilde alyn dişleriniň haýbaty bilen Arşyň ataş küresini sarsdyryp duran iki sany möjek bar. Ikinji menzilde iki sany şir bolup, pelegiň Hamaly[1] olardan gorkup, Sümmüläniň[2] şahalarynda gizlenip ýör. Üçünji menzilde şeýle bir ägirt aždarha bar bolup, dag onuň zäheriniň haýbatyndan ereýär. Dördünji menzilde bir jadygöý aýal bolup, mekir-hilesi bilen gazaply goşunlary we çensiz-çäksiz leşgerleri heläk edýär. Bäşinji menzilde güýjüniň öňünde hiç kim durup bilmeýän Symrug bar. Altynjy menzilde şeýle bir güýçli sowuklyk bolup, demiň ag-

[1] Hamal – ýyldyzlar toplumy.
[2] Sümmüle – ýyldyzlar toplumy.

zyňda doňýar, ýalyn we oduň ähli görnüşi ol sowuklyga döz gelip bilmeýär. Ýedinji menzilde bir çöl-beýewan bolup, ol ýerde suw ýok. Ol ýeriň akýan çägesi ruhuňy çökerýär. Bu apatlarda hiç kim ýaşap bilmeýär. Emma seniň işiň özgeleriň işine meňzemeýär, seniň ýagdaýyňy başgalaryňky bilen deňeşdirip bolmaz.

Ispendiýar oňa:

– Şu soňky ýoldan başga ýerden gitmerin. Allatagalanyň ýardamy bilen diňe şu ýoldan giderin – diýip, leşger toplaýar we ýola düşýär.

Gürgsar olaryň öňünden ýolbelet bolup ýöräpdir. Olar möjek ýerleşen birinji menzile ýetensoňlar, Gürgsar öňe çykyp, ahwaly beýan edýär. Ispendiýar leşgeri dogany Peşutene tabşyryp, ýeke özi möjekleri dep etmegiň hötdesinden gelýär. Soňra leşgerler gelip ýetýär. Ol ýedi menzilden we şol ýedi apatdan sag-aman geçýär... Bu wakalar «Şanamada» we başga taryhy eserlerde giňişleýin beýan edilendir.

Ýene bir rowaýata görä, şeýle maglumat berilýär. Ol alty menzilden geçip, alty beladan halas bolansoň, iň soňky ýol bolan ýedinji menzile ýetensoň, Gürgsara ýüzlenip:

– Bu menzile nädip barmaly? – diýip soraýar.

Gürgsar:

– Bu menzil hiç bir otsuz-suwsuz menzildir. Bu menzil aýralyk gününden uzyn we mähnet gijesinden hem uzak bolan bir çöllükdir – diýýär.

Şeýlelikde, Ispendiýaryň buýrugy bilen ulaglara köp ot-suw ýükleýärler. Ol olara gije hereket edip, howanyň yssylygyny gijäniň salkynynda geçirmeklerini buýurýar. Olar azajyk ýol geçenlerinden soň, öňlerinden güýçli derýa çykýar. Adamlaryň we ulaglaryň köpüsi şol derýadan geçenlerinde heläk bolýar. Ispendiýar bu ýagdaýy görüp, Gürgsara:

– Sen bu menzilde derýa ýok diýdiň, biz hem şol sebäpli ulaglarymyza suw ýükledik – diýýär.

Gürgsar oňa:

– Dogrusyny aýtsam, hergiz sen bu heläkçilikli ýerlerden halas bolarsyň diýip, güman hem etmeýärdim. Eger seniň bu ýollary şeýle aňsatlyk bilen geçjekdigiňi bilsedim, onda hiç haçan seni bu ýollara getirmezdim. Indi men Erjaspa etmeli hyzmatymy diňe şu ýol bilen edip bilýärin – diýýär.

Ispendiýar oňa:

– Eý, namart, heý bir akyly ýerinde adam hem ýagşy gününi ýaman gününe satarmy? Men seniň bilen Türküstan welaýatyny eýelesem, onuň patyşalygyny saňa bereýin diýip äht edipdim. Sen näme üçin şeýle bagtlylykdan mahrum galmaga razy bolduň? Sen öýüňe gelen döwleti näme üçin almadyň? – diýýär.

Şol wagt Gürgsar oňa garap:

– Men ökündim. Bu ýoldan şeýle geçmeli, bu derýanyň bir köprüsi bar. Ol ýerden geçensoň demir galany görüp bilersiňiz – diýýär.

Gürgzar ýoly olara görkezýär. Olar sag-salamat, aňsatlyk bilen derýadan geçýärler. Ispendiýar Gürgsaryň mekirliginden aman galmajagyny bilip, ony çagyrýar we ol «itde» gylyjyny synap görüp, ony dowzaha iberýär.

Ol bir depä çykyp, uzakdan demir galany görýär. Özüne şeýle diýýär: «Bu galany tekepbirlik bilen basyp almak edil bir adamyň arassa asmanyň gözeneksiz diňlerini aýagastyna almagy ýalydyr».

Soňra ol doganyna şeýle diýýär:

– Eý, doganym, edermenlik we merdanalyk hemme ýerde peýda bermeýär. Käwagtlar ýalaw gylyç bilen iş etmek hem miýesser bolmaýar. Granit daşyny ýörite usuldan başga zat bilen ýumşadyp bolmaz. Häzir sen şu ýerde leşger bilen mesgen

tut. Men bolsa bu gala gidip, hiledir mekirlik bilen özümi şol galanyň içine ataýyn. Şondan soň sen gije-gündiz maňa garaşyp dur. Eger gündiz galanyň üstünde tutaşan tüssäni we gije geň ody görseň, onda şol pursatda leşger bilen gala tarap gel. Şeýdip, biziň maksadymyz hasyl bolar.

Soňra Ispendiýar özüni bir söwdagär keşbine salyp, birnäçe düýä Eýranyň nepis zatlaryny, altmyş düýä bolsa sandyklary ýükledi. Her sandygyň içinde özüniň saýlan edermen-batyr ýaragly esgerlerinden birini ýerleşdirip sandyklary gulplaýar. Ol galanyň ýanyna ýetip, bir adamy şeýle sargyt bilen iberýär: «Men Eýran welaýatyndan gelen täjir. Men hemişe bezirgenlik edýärin we peýdamy hatarly saparlardan hem ýollardan gözleýärin. Men häzir siziň dergähiňize geldim. Eger rugsat berseňiz, ýanymdaky harytlarymy siziň hyzmatyňyza getireýin we siziň huzuryňyza baraýyn».

Onuň ilçisi Erjaspyň ýanyna baranda, Erjasp oňa sylag-hormat edip ilçä:

– Goý gelsin, bezirgenleriň aluw-satuw we täjirçilik işleriniň patyşalaryň amallaryna dahyly ýokdur – diýýär.

Şeýlelikde, Ispendiýar gala girip, Eýranyň gymmatbaha zatlaryndan Erjaspyň tagtyna eltýär. Onuň äkiden zatlarynyň ählisi jüpüne düşüp, patyşanyň kabul ediş islegine mynasyp bolýar. Patyşa oňa öwgüler-alkyşlar aýdýar. Ispendiýar oňa:

– Islän wagtym harytlarymy rençsiz-kösençsiz alyp, siziň huzuryňyza ýeter ýaly, galanyň içinde haryt goýmak üçin maňa bir ýer bermeklerini buýurmagyňyzy haýyş edýärin – diýýär.

Erjaspyň buýrugy boýunça oňa özüniň düýelerini we ýüklerini goýar ýaly galanyň içinden bir köşgi boşadyp berdiler. Ol her gün patyşa gyzykly gürrüň we täze sylaglary berýän eken. Şeýdip, Ispendiýar Erjaspy doly ele alýar. Ol bir gün Erjaspa garap:

– Men bu döwletiň her bir ady bellileri we bu ýurduň her bir sütüni üçin ýörite sowgat taýýarladym. Men bu sowgatlary olara bagyşlap, olar bilen tabakdaş bolasym gelýär. Eger makul bilseňiz, olary myhmançylyga çagyryp, hersine laýyk hyzmat etmegime we harytlarymdan islän adamyň satyn almagyna rugsat berseňiz – diýýär.

Erjasp oňa rugsat berýär. Ol myhman kabul etmek bahanasy bilen köp odun satyn alýar we öýüň içiniň darlygy sebäpli, ýeriňem bolmanlygy üçin odunlary üçegiň üstüne çykarýar. Soňra mülkdarlygyň dolandyryjylary, döwletiň sütünleri we leşgeriň penasy bolan Erjaspyň ýurt sütünlerini myhmançylyga çagyrýar. Ol olara güýçli şeraplary içirýär. Olaryň ählisi serhoş bolýarlar. Soňra üçege çykyp, odunlary otlaýar we gelip, olaryň her haýsysyna gylyç sakysynyň eli bilen şerap jamyny berýär. Olaryň serhoşlugy, peslik we humarlygy heläkçilige eltýär. Ol myhmanlaryň ählisini gylyçdan geçirýär. Soňra sandyklaryň agzyny açýar. Sandykdakylar çykyp, gylyç alyp, Erjaspyň tagtyna tarap ugraýarlar. Olar öňlerinden her kim çyksa öldüripdirler. Şol baryşlaryna olar Erjaspyň köşgüne girip, onuň ýatýan otagyna ýetýärler. Onuň kelleçanagyny myhmançylyk meýlisi doly tamamlanar ýaly, supra teninden göterip, başgalara geçirýärler. Erjaspyň goşuny gapynyň agzyna ýetýär we şeýdip söweş başlanýar. Ispendiýaryň buýrugy bilen Erjaspyň kellesini olaryň öňüne oklaýarlar. Olar patyşanyň öldürilendigini görüp, ählisi ýaraglaryny taşlap, aman soraýarlar.

Edil şol wagt hem Peşuten leşger bilen gala girýär we galany doly öz ygtyýaryna geçirýär. Olar Afrasyýabyň neslinden kimi tapsalar öldüripdirler, başgalara bolsa aman beripdirler. Olar Erjaspyň we onuň adamlarynyň hazynalaryny alýarlar. Ispendiýaryň aýal doganlary Humar we Behaperin halas bolýar. Şeýdip, Ispendiýar ýeňiş saýasynda we döwlet goragynda yzyna dolanýar.

*Beýt*

Bu ýeňişden döwletiň ýüzi aýdyň bolandyr,
Basybalyşdan ykbalyň gözi aýdyň bolandyr.

Gara guma garylsa-da ählisi ol şalaryň,
Müň göz pelek zerarly gören ýokdur galanyn.

Magşara çen Şemseddiniň mülki amanda bolsun,
Weziriň pikri bilen şöhratdyr şanda bolsun.

## RÜSTEM WE ISPENDIÝAR

Afrasyýabyň işi doly gutaryp, kynçylyk çözülýär. Güştasp: «Eger Ispendiýar tarapyndan şu kynçylyklar çözülse, oňa özümiň täji-tagtymy berip, özüm ahyret taýýarlygyny görjek» diýip äht edipdi. Bu kynçylyk sowlansoň, ýüregi rahatlanyp, göwni aram tapansoň, ol ýene-de tagtyndan aýrylyp bilmän, bu gün, erte diýip, bahana tapyp, gijikdirer eken. Ol Ispendiýary demir gala hem-de ýedi synagdan geçmäge iberende, meger ol gaýdyp gelmez diýen niýet bilen iberipdi. Ol şeýle synaglardan hem sag-aman gaýdyp gelensoň, kakasy oglundan gorkdy. Ol ähli oý-pikirini ony dep etmek meselesine çönükdirýär.

Şeýlelikde, bir gün Ispendiýar ejesiniň ýanyna gelip:

– Sen meniň kakamyň huzurynda gören renji-derdimi gördüň. Ol şu işi ýerine ýetirsem, täji-tagtyny berjekdigini we hökümdarlygy maňa tabşyrjakdygyny wada beripdi. Indi bolsa bu işi gijikdirip ýör. Ol meniň zähmetimi zaýa edip, beren ähtiniň yzynda durmaýar – diýdi.

Ejesi:

– Eý, jan oglum, kakaň patyşalygy saňa bermekçi. Ol häzir diňe bir nyşana hökmünde. Ähli işler seniň eliňde, eger sen

birnäçe gün sabyr etseň, bu iş ondan minnetsiz saňa ýeter – diýýär.

Ispendiýar ejesiniň aýdan sözlerini kakasynyň tabşyrygydyr öýdüp, gaharly halda ejesiniň ýanyndan gitdi. Soňra ol kakasyna şeýle mazmunly hat ýollady: «Patyşalar äht-peýmany bozmagy mertlik ýolunda gadagan bir zat saýýarlar. Sen birnäçe ähtler etdiň we antlar içdiň. Näme üçin sen olaryň hiç haýsyna amal etmeýärsiň? Maňa patyşalygy bermezlik üçin nähili bahana gözleýärsiň?»

Güştasp bu haty okap, şeýle diýdi:

– Ol dogry aýdýar. Hakykat onuň elinde we bu wezipä ondan mynasyp adam ýok. Emma ýene bir edilmedik iş bar. Men ol iş edilmezden hökümdarlygy onuň ygtyýarynda goýsam, onda ol iş edilmez. Eger Ispendiýaryň özi dalaş edip, bu işi amala aşyrsa, onda ýurt päklener we maňa bahana galmaz. Ol iş şundan ybarat. Biziň ata-babalarymyzyň Rüstemi nähili sylaglandyklary we neneňsi ýokary derejelere çykarandyklary hemmelere mälimdir. Ol biziň döwletimiziň terbiýeläni we alyhezretlerimiziň ulaldany bolsa-da, geçen wakalarda kemkärlik görkezdi, özünden hiç bir netije ýaramly iş görkezmedi hem-de haýal-ýagallygy sebäpli ötünç hem soramady. Eşidişime görä, ol özbaşdaklykdan we ýeke kellelikden dem urýarmyş. Eger ol başyny tabynlyk ýüpünden boşatsa, başgalar hem oňa eýererler, köp perişanlyklar bolar. Eger saňa patyşalyk beriläýse hem, ahyrsoňy sen hem bu işiň gamyny iýmelisiň. Gowusy, sen meni öz oruntutaryň hasaplap, özüň Sistana git we ony hyzmat edişe we tabynlyga çagyr. Eger ol kabul edip, baş egse, ony tussag edip, meniň ýanyma getir. Men hem seniň yşaratyň we görkezmäň bilen oňa yza-ezýet bereýin, sen bolsa Rüsteme şepagatçy bol. Şonda ol dolanyp, seniň şepagatyň üçin minnetdar bolar, saňa tabyn we boýun bolar. Eger garşy çykyp, saňa boýun bolmasa we tussag edilmäge ten bermese, onda ygtyýar

sende, näme etseň et-de, işi birýüzli et. Şonda seniň adyň jahanda ululyk bilen ýatlanar. Soňra tagta gadam goýup, patyşalygy alyp bilersiň.

Ispendiýar:

– Men Rüstemden gorkmaýaryn. Men bu işi edip bilerin. Emma onuň biziň maşgalamyza eden hyzmatlary köpdür. Onuň öňki hyzmatlaryny bir günä bilen batyl etmek bolmaz. Onuň arassa we päk garaýşyny görmezlige salmaly däl. Öz terbiýelän adamyňy pese gaçyrmaly däl. Şeýle adamy biderek ýere öldürmeli däl – diýýär.

Pelek ýüz müň asyrda beýle ogul dogurmaz,
Zamananyň gözüne ilmez beýle ogullar.

Güştasp:

– Seniň aýdan zatlaryňy men gowy bilýärin. Biziň işimiz mülk oýny däl. Nahar iýmekligiň serişdesi bolan diş zaýalansa, ony öz erkimize agyz magdanyndan aýyrýarys, eger elimiz çüýreme keseline duçar bolsa, onda başga agzalarymyzyň salamat galmagy üçin ony kesýäris. Şeýle diýipdirler:

Ol garşy çykmasa, söweşmerin men,
Islemese, dawa baş goşmaryn men.

Tapylmasa maňa görip bolara,
El üzerin göriplikden olara.

– Onuň uly jenaýat edýändigi, ýagny kesirlik edip özbaşdaklyk isleýändigi maňa mälim. Şol sebäpli men onuň birden saňa zyýan ýetirmeginden gorkýaryn. Eger meniň aýdanlarym saňa täsir edýän bolsa, onda işe girişmek gerek – diýýär.

Şeýlelikde, Ispendiýar çäre tapmaýar. Ol leşgeriň ululary we öz dogany Peşuten bilen maslahatlaşyp, islegini ýola goýmagyň ugruna çykýar. Ol birinji menzilde bir elhenç ýolbars görýär. Ýolbars oňa erbet garaýar. Ispendiýar oňa seredip, erbetlige ýorýar. Muňa garamazdan, ol Hirment derýasynyň kenaryna çenli baryp, şol ýerde düşleýär. Soňra öz ogly Bähmeni Sistana, Rüstemiň ýanyna ilçi hökmünde iberip, oňa şeýle diýýär:

– Meniň salamymy Rüsteme ýetir we aýt: köp wagt bäri gözler seniň jemalyňdan paý almandyr. Şol sebäpli hem saňa ähdiýalan we biwepa atlaryny goýupdyrlar, şanyň ýanynda seniň adyňy ýaman edip garaldypdyrlar. Men seniň jemalyňy görmegiň arzuwyndadym. Ýöne patyşanyň permany bilen seni onuň huzuryna eltmek üçin geldim. Eger sen edep şertini we bendelik hökümini saklap, bu permany berjaý etseň, onda men patyşanyň emrine görä, seni tussag edip, onuň ýanyna äkideýin. Soňra patyşa seniň günäňi geçip, hyzmat hukugyňy eda eder ýaly, men onuň ýanynda şepagatçy bolaýyn. Eger sen muňa boýun we tabyn bolmasaň, onda ikimiziň aramyzda gylyç höküm sürer. Men hiç hili ötünçdir bahana bilen aldanmaryn.

Ilçi Sistana tarap ýüzlenýär. Ol köşgüň işiginde mülkdarlaryň şekilinde oturan bir ýaşuly adamy görýär we oňa salam berip:

– Sen Rüstemiň kakasymy? – diýip soraýar.

Zal oňa:

– Sen patyşanyň perzentlerinden bolmaly – diýýär.

Bähmen oňa:

– Hawa, şeýle. Men Bähmen. Men Güştasp Ispendiýaryň ogludyryn. Kakam meni ilçi hökmünde seniň ogluň ýanyna iberdi. Ony maňa görkez, men oňa bu habary ýetireýin – diýýär.

Zal oňa tagzym edip:

– Oglum aw-şikardan gaýdyp gelýänçä azajyk otur we bu bendäniň öýüni husny-jemalyň bilen beze – diýýär.

Emma ol:

– Maňa düşmek permany berilmedi – diýýär.

Şeýlelikde, Zal onuň ýany bilen Rüstemi görkezmek üçin adam iberýär. Bähmen Rüstemiň bir meşik şeraby öňünde goýup, bir gulany syhdan geçirip, ony oduň üstünde bişirip oturandygyny görýär. Ol Rüstemi beýle ýagdaýda görüp gorkýar we kakasynyň onuň bilen deň bolup bilmejekdigini aňýar. Şonda-da, ol öňe gidip, Rüstem bilen salamlaşýar. Rüstem onuň alnynda ululyk nyşanasyny görüp, onuň öňünde aýaga galýar we tagzym edýär. Ol özüniň nam-nesebini aýdansoň, ýene bir gezek ýerinden turup, onuň öňünde baş egýär we ony töre geçirýär. Onuň daş-töweregindäki hyzmatkärler oturansoň, bir gadak meý berýär, soňra ýene bir gadagy dolduryp, öňünde goýýar. Kebap taýýar bolansoň, Bähmeni çagyrýar. Olar bilelikde nahar iýýärler. Bähmen Rüstemiň nahar iýişini, şerap içişini we daýaw göwresini görüp haýran galýar. Olar nahar iýip bolansoňlar Rüstem onuň gelmeginiň sebäbini soraýar. Bähmen ilçidigini yglan edýär. Rüstem oňa:

– Bu habaryň jogabyny özüm aýtsam mynasybrak bolar – diýip atlanýar we Bähmen bilen bilelikde Hirment derýasynyň kenaryna barýar. Ol Bähmene:

– Sen öňräkden baryp, Ispendiýary habarly et, ondan meniň barmagym üçin rugsat al – diýýär.

Bähmen öňden baryp, bolan wakany gürrüň berýär. Ispendiýar hoşal bolýar. Bähmeniň yzyndan Rüstem hem gelip ýetýär. Ispendiýar turup, onuň öňünde tagzym edýär we ony altyn kürsüde oturdýar. Ol Rüstemden hal-ahwal soraşyp, özüniň ony görmegiň arzuwynda bolandygyny aýdýar. Soňra ilçiden iberen habaryny aýdyp başlaýar.

Rüstem bu sözleri eşidip geň galýar we oňa garap:

– Patyşanyň permanyna boýun bolmakdan we onuň buýrugyny ýerine ýetirmekden başga çykalga ýokdur. Seniň bu ülkä gelmegiň uly iş. Meniň öwgüli adym jahanda ýaýrandyr, adamlar meni mertlik bilen tanaýarlar. Eger men özygtyýaryma elimi daňyp, aýallar ýaly patyşanyň huzuryna eltmeklerine rugsat bersem, onda meniň öwgüli adym betnamlyga öwrüler, adamlar patyşany hem näçe ýyl hyzmat eden kişiniň işini batyl edeni üçin betnamlyk bilen ýatlarlar. Eger sen ululyk edip, öz öýüň «kiçisini», ýagny Rüstemi mübärek gadamlaryň hormaty bilen bezeseň, bu bende birki günden seniň bendelik guşagyňy guşanar. Seniň geleniňi puja çykarmaz hem-de seniň hyzmatyňda gelen leşgeriň dynç alar ýaly olaryň her haýsyna elimden geljek hyzmatymy edeýin. Soňra seniň bilen bilelikde patyşanyň huzuryna baryp, ötünjimi soraýyn. Şonda ol meni bigünä saýar, hem seniň maksadyň hasyl bolar hem men betnam bolmaryn – diýýär.

Ispendiýar oňa:

– Bu biderek gürrüňleri goý. Men seniň el-aýagyňy daňman äkidip bilmen, çünki patyşanyň permanyndan çykmaga hakym ýokdur. Eger el-aýagyňy daňdyrmaga boýun bolsaň, onda patyşanyň ýanyna elten badyma seni halas etjegime kepil geçýärin. Şondan soň myhmançylykdyr hyzmat ediş işlerine başlasaň bolar. Eger muňa garşy bolsaň, onda söweşe taýýar bol. «Gylyç ýazgydan has ýerlikliräk habardyr» – diýýär.

Rüstem oňa:

– Eý, şazada, bu zatlar seniň mylaýym tebigatyňdan we keremli durkuňdan örän geň we haýran galdyryjy bolup görünýär. Men gürleşmegiň ugruna çykyp, saňa hoş sözler aýtsam, sen jeň we söweş barada söz aýdýarsyň. Men noş bolmak badasyny seniň eliňde goýsam, sen gahar zäherini maňa berýärsiň. Men dostlugyň we ylalaşygyň gürrüňini etsem, sen çekeleşigiň we çaknyşygyň gürrüňini edýärsiň. Men agşam kakamy göre-

ýin, şazada hem öz pikirini etsin. Eger meniň el-aýagymy daňman, patyşanyň huzuryna eltmegi makul we maslahat bilse, onda ne gözel. Emma eger başga zat islese, onda islän zadyny edip biler – diýdi.

Şeýlelikde, Rüstem dolanyp, şol gije Sistana gelýär. Ertesi ir bilen onuň huzuryna baryp:

– Bendelik öýüniň «kiçisi – Rüstemi» öz döwletiniň ýalkymy we mübärek jemaly bilen behiştiň bagy edip, bendelerine buýsanç gaznasyny we daýanç asyndysyny bagyşlar ýaly, patyşa düýn agşam, heý, bir täze pikir edip, onuň ýüreginde rehimlilik gapysy açylmadymyka? – diýýär.

Ispendiýar:

– Peýdasyz gürrüňi tekrarlamagyň hajaty ýok. Sen jogaby eşitdiň. Ýa aýagyňy gandala sok we gepiňi kemelt, ýa-da eliňi uruşa galdyr we uzyn naýzany göter – diýýär.

Rüstem:

– Sen nesihata gulak asmaýarsyň. Men ertir ir bilen söweş esbabyny taýýarlaryn we bu işiň hötdesinden gelerin – diýýär.

Şeýdip, Rüstem yzyna dolanyp, ertesi ýarag göterip, Ispendiýaryň öňünde durup oňa:

– Eý, şazada, men özümi bigünä saýýaryn, men tabyn hem boýundyryn. Men boýnuýogynlyk etmeýärin. Eger maslahat bilseň, ýaragymy alaýyn. Eger dostluk ýoluny abadanlaşdyrsaň, onda men hyzmat guşagyny guşanaýyn – diýýär.

Ispendiýar:

– Men jogabymy eýýäm aýtdym – diýýär we ýarag alyp, öňe çykyp:

– Bu biziň aramyzda ýüze çykan iş. Biz ikimiz söweş meýdanyna girip, goşuny we töwerekdäkileri biri-birine zyýan ýetirer ýaly etmeli däl. Sebäbi iki tarapyň hem goşuny patyşanyň leşgeri we onuň döwletiniň adamlary we kömekçileridirler – diýýär.

Rüstem hem:

– Şu dogry pikir – diýip tassyklaýar.

Şeýlelikde, olar ýaraglaryny alyp, ýarym günläp çekeleşýärler. Olar her hili ýarag bilen biri-birlerini synap görüpdirler. Rüstem herne hüjüm etse, Ispendiýar gaýtaryp, Ispendiýar herne ok atsa, ol dep edýärdi. Olaryň hiç haýsysy üstün çykman, olaryň arasynda söweş dowam edip durdy. Ispendiýar güýçli ýaýçy bolupdyr. Ol keman çekende, pelek berekella diýer eken. Ol oky ýaýda düzende, pelegiň ýaýynyň agzy açylar eken. Ol peýkamy şeýle bir derejede göni atýar eken welin, gözüň üstündäki agy aýryp, saçy uzynlygyna deň ýazyp biler eken. Garaz, ýaý bilen işleşmekde onuň güýji Rüstemiňkiden üstün bolupdyr.

Ispendiýar her hili ýaraglar bilen synanyşyp görse-de, peýda bermeýär. Ol ahyry nalyş edýän bili bükük aşyk ýaýyň göni atyjy ok magşugy bilen peýkamyň gülküsinde gujakladýar we onuň dilsiz agzyna ýaýyň ýüpünden diş goýup, birnäçe peýkam atýar. Peýkamlaryň biri Rahşa[1] çümüp, ony ýaralaýar. Rahş çydap bilmän owsaryny üzüp, Rüstemi ýere ýykýar. Rüstem ýaraly we ýeňlen halda öýüne tarap ýüzlenýär. Ispendiýar oňa:

– Näme üçin iş soňlanýança durmaýarsyň – diýýär.

Rüstem oňa:

– Agşam düşdi. Jahan garaňkyrap, başlady, ertir gelerin – diýýär.

Ispendiýar oňa kerem edýär we Rüsteme möhlet berýär. Ol ýagşylygyň hemme ýerde gowudygyny, emma şeýle ýerde ökünmeden başga zada eltmejegini bilmeýärdi. Öňküler aýdypdyrlar:

[1] Rüstemiň atynyň ady.

Duşman göräýseň gark bolan halda,
Goldan çekme, depesinden basgyn has.
Pyrgunyň gark bolan zamanasynda,
Musa gark bolmakdan bolupdy halas.

Ertesi garaňkylyk baýdaklary ýatyrylyp, nur tugy parlansoň, Rüstem endamynda hiç ýara ýok halda hem-de hiç ýadawlyk alamaty ýok ýagdaýda öňe gelýär.

Ajamlylar bu ýerde akyla gabat gelmeýän we ýalanlygy aýan bolan bir hekaýaty getirýärler. Bu hekaýat meşhurlygy üçin bu ýerde ýazga geçirilýär.

Rüstem örän gözgyny halda Zalyň ýanyna gelende, Zal bu ýagdaýy görüp, gaty närahatlanýar we Symrugyň ýeleklerinden bir ýelegi oda taşlap, ony ýakýar. Şol bada Symrug gelip ýetýär. Zal onuň ýanyna baryp, edep zeminini ogşaýar we birnäçe goýnuň läşini onuň öňüne taşlap naharlaýar. Soňra bolan wakany gürrüň berýär. Symrug oňa teselli berip, Rüstemiň Rahşyny çagyrýar we ýelegini oňa çalýar welin, şol bada ýarasyndan gutulýar. Olar sagalýarlar hem-de olarda güýç-kuwwat emele gelýär.

Soňra Symrug :

– Rüstem Ispendiýar bilen egindeşlik edip bilmez, sebäbi Ispendiýarda Zertuştyň tilsimleri bar. Hiç ýarag oňa täsir etmez, meniň bilýän bir jeňňelimde bir agaç bar. Şol agaçdan ok ýasap, meniň bilýän bürgüdimiň ýelegini şoňa daňsaň, onda bu ok Ispendiýara täsir eder – diýýär.

Soňra Zal ahy-nala edip, şol agaçdan ok ýasaýar. Şondan soň Rüstem Rahşa münüp, Ispendiýaryň ýanyna howlugýar. Şol wagt Ispendiýar ýatan eken. Rüstem:

– Eý, ýatan adam? Arkaýyn ýatarymyz ýaly biz bilen ylalaş. Ýogsa-da, heniz howa gyzmanka, bile söweşer ýaly ýeriňden tur – diýip gygyrýar.

Şahyr şeýle diýýär:

Dalaş edýäs, başgalar hem dalaş edýär,
Bagt kimiňki? Kime ýar ol – şoňa ýetýär.

Ispendiýar ýerinden turup, düýnki ýadan we ýaralanan Rüstemi hem-de Rahşy görüp haýran galýar. Ol Rüstem gelip bilmez we söweş etmäge milt edip bilmez diýip pikir edýärdi. Soňra Ispendiýar öz doganyna ýüzlenip:

– Zalyň jadygöýdigini gördüňmi? Ähli agzasy döwlen Rüstem gutulyp, ýaralanan Rahş sagalypdyr. Eger men düýn ony goýbermedik bolsam, bu gam-gussany çekmezdim – diýýär.

Peşuten oňa:

– Eý, dogan, pent kabul et, zulum etme. Onuň boýun bolmasyny kabul et, oňa garşy gidip, oňa gödek çemeleşme. Sebäbi Rüstem halkyň güneşi we dünýäsidir. Onuň güýçli täleýi we ykbaly bar. Birden ýazgyt aýaga galyp, ýaramaz göz seni tutaýmasyn – diýýär.

Ispendiýar onuň aýdanlaryna gulak asmaýar. Ol düýnki hereketlerden ýaňa ýadan bolsa-da, mejbury aýaga galyp, hüjüm edýär. Ol tozan turzup, Rüstem bilen dartyşýar. Olar iki halka ýaly ýapyşyp, biri-birlerine birnäçe urgy urýarlar. Soňra Rüstem ýüzüni asmana göterip şeýle diýýär:

– Eý, meniň Hudaýym! Sen meniň bu söweşde baş göteriji bolman goranyjydygymy we ylalaşygy talap edip, maslahaty gözleýändigimi bilýänsiň. Bu gün patyşa maksadyna ýetmek üçin şeýle perman çykarypdyr. Ol maňa zulum edýär. Sen öz pazly keremiň bilen biziň aramyzda höküm et.

Soňra ol şol oky ýaýda goýup çekýär we Ispendiýara tarap atyp goýberýär. Ok onuň gözüne çümüp, başynyň yz tarapyndan – ýeňsesinden çykýar. Ol okuň peýkamy gyzyl reňkli lag-

lyň gaşyna öwrülýär we serhoş nergis lagl pyýalasy ýaly gandan dolýar. Ispendiýar dag ýaly bolup, atdan ýere ýykylýar.

Bu habar Eýran leşgerine baryp ýetende, başy açyk, aýak ýalaňaç halda ol ýere baryp, başlaryna gum sowrup, külüň üstünde oturýarlar. Rüstem hem öz eden işine ökünýär. Olaryň ählisi Ispendiýaryň başujynda oturyp, aglaşyp başlaýarlar. Ispendiýar birden gözüni açýar. Görse, Rüstem we eýranlylar onuň töwereginde durlar. Ol Rüsteme seredip şeýle diýýär:

– Meniň bu dadan şerbetim dadylmaly şerbetdi we bu görülmeli urgudy. Ahyrynda men bu panylyk jamyndan şerap içmelidim. Sen meni öldürmediň, meni kakamyň betgylyklylygy öldürdi. Jamasp Bähmene jahan patyşasy bolmaklygy höküm edipdir. Sen ony terbiýele we meniň perzendimiň seniň eliňde önüp-ösmegi üçin Syýawuşyň mährini ýetir. Öz yşgyňy we nazaryňy oňa sal. Sen sebäpli bolan bu waka haýyrly bolar.

Rüstem oňa şeýle diýýär:

– Bähmen gözümiň nury, köňlümiň şatlygy we ruhumyň rahatlygy bolar. Men seniň we Haktagalanyň öňünde ogluňa hyzmat etmäge bilimi guşap, döwlet işlerini ýola goýmakda dalaş etjekdigime we onuň hal-ýagdaýyna we patyşalygyna degişli işlerde hiç hili kemkärlik etmejegime äht edýärin.

Soňra Ispendiýar Allany birligini ýene-de bir gezek ykrar edip, janyny Haka tabşyrýar:

Bu dünýä ýürek baglama, seret nähili boldy,
Erbet hadysalara Ispendiýar ýüzärlik ýaly ýandy.

Hemmeler gitseler-de, jahan şasy baky galsyn,
Dünýä güneşi Iltemiş[1], zamana patyşasy bolsun!

[1] Bu ýerde säwlik gidipdir, «Iltutmuş» bolmaly.

Dergähinde bendelerden bolsa bir kemter bende hem,
Mertlik wagtynda ýüz sany Ispendiýardyr hem Rüstem.

Mülkdarlyk weziriniň pikiri bilen bezelýär,
Nowbaharda bag-bakjalar öňküden has gözel bolýar.

Adyllyk eýesidir Nyzamylmülküň ýoly,
Jomartlykda güneş hem-de sahylykda deňiz ýaly.

Ahyrynda Ispendiýar Rüstemiň elinde öldürilensoň, ähli halk ondan ynjaýar. Zal Rüsteme ýüzlenip şeýle diýýär:

– Sen Ispendiýary öldürdim diýip pikir etme. Sen özüňi öldürdiň. Sebäbi men akyldarlardan bu wakadan soň biziň neslimiziň ýitip, jahanda şan-şöhratymyzyň kemeljekdigi barada eşitdim.

Rüstem bu sözi eşidip, oý-pikire batýar. Köp wagt geçmänkä, Rüstemiň dogany Şagat öz doganynyň ganyna galýar. Bu waka şeýle bolup geçýär:

Rüstemiň Şagat atly bir dogany bardy. Onuň doglan wagty müneçjimler: «Samyň neberesi şunuň eli bilen ýok bolar hem-de ol nesilden nam-nyşan galmaz» diýip, habar beripdirler. Oňa kabul patyşasynyň gyzyny alyp beripdirler. Ol öz dogany Rüsteme özüne Kabul welaýatyny bermek we onuň pajyny tabşyrmak barada hat ýazyp, ilçi ugradýar. Rüstem oňa boýun bolmaýar we üns bermeýär. Şagat mundan öň hem öz doganyndan kineli bolsa-da, bu gezek onuň göripligi artyp, duşmanlyk binasy berkeýär. Ol Rüstemi Kabula çagyryp, ony heläk etmek hem-de Zabulyň we Kabulyň häkimiýetini özüne ýeter ýaly etmek üçin gizlin iş görüp başlaýar.

Şeýlelikde, Şagat Rüstemiň ýanyna gidip, gaýynatasy hakynda: «Ol meni mejlisinde ynjydýar, bihormatlyk edýär. Seni ýatlap, buýsananymda, seni äsgermezlik edýär. Ony jeza-

landyrmagyň wagty gelipdir. Sebäbi baýlygynyň köplügi ony tekepbir edipdir we patyşalyk köki onuň beýnisinde berkleşipdir» diýip, arz-şikaýat edýär. Rüstem:

– Men onuň üstüne leşger bilen çozar ýaly onuň haýbaty ýok. Men aw-şikara gitmek maksady bilen Kabula bararyn. Eger ol meniň öňümden çykyp, meni garşylasa oňa käýärin, eger-de ol bu işi etmese, onda el-aýagyny daňyp getirer ýaly adam ibererin – diýýär we şu niýet bilen ýola düşýär.

Şagat oňa:

– Ol seniň geljegiňden habarly bolsa, onda onuň ýüz öwrüp gaçmagy mümkin. Biziň asyl maksadymyz amala aşar ýaly, meniň öňden gidip, ony saklamagym gerek – diýýär.

Rüstem onuň aýdanyny makullaýar. Şagat öňden hereket edip, gaýynatasyny bu haldan habardar edýär. Şagat we ýaranlary ýolda birnäçe ýerde çukurlar gazyp, olaryň üstüni samandyr çybyklar bilen örtüp, olaryň içinde naýzadyr hanjarlar oturdýarlar hem-de gözlerini ýola dikip garaşýarlar. Rüstem ýakyn gelende, Şagat öňünden çykyp, onuň ýanynda atdan düşýär we edep zeminini ogşap:

– Siz jenabyň bu ülkä geljekdigiňiz barada habarym ýokdy. Ýogsa hyzmat ediş däplerini doly ýola goýardym – diýýär.

Soňra ol jylawy hyzmatkärleriň elinden alyp, ýola rowana bolýar we ýuwaş-ýuwaşdan hereket edýär. Çukuryň ýanyna baranlarynda, öňden pyýada barýan Şagat ýuwaşlyk bilen çukuryň üstünden geçýär. Rüstem Rahşy onuň yzyndan sürüp barşyna bilelikde çukura gaçýar. Çukurdaky hanjarlar olaryň endamyna şeýle derejede zeper ýetiripdir welin, çukur olaryň ganyndan dolupdyr. Soňra Şagat, gaýnatasy we emeldarlary Rüstemiň hyzmatkärlerine hüjüm edip, ählisini gylyçdan geçirýärler. Rüstem şol çukurda galýar.

Rüstem ussatlyk bilen özüni çukurdan çykarýar. Ol teni ýaraly hassa halda, dogrudan hem ölümi görüpdir. Birden aga-

jyň arkasynda durup, öz bolşuny synlamaga gelen Şagada onuň gözi düşýär. Rüstem ony görüp:

– Ýaramaz iş etdiň we özüňe zyýan etdiň, sen özüňi hem-de meni heläkçilige saldyň. Häzir ajal sakysy panylyk bulguryny meniň elimde goýupdyr we sen sebäpli şerap içdirýär. Indi eger şirdir möjek maňa topulsa, olary dep eder ýaly bir ýaý we birnäçe peýkam ber. Meniň sanalgy demim galypdyr – diýip gygyrýar.

Şagat onuň aýdanlaryna aldanyp, oňa ýaý hem ok berýär we özi yzyna dolanmakçy bolýar. Ol arka öwren badyna Rüstem bir oky ýaýda oturdyp, oňa tarap atýar. Ok ony agaja çüýleýär hem-de bu ok zerarly älem-jahan onuň gözüne garaňky bolup görünýär. Rüstem asmana seredip:

– Eý, Hudaý-a! Özümi öldüreni öz elim bilen öldürmäge maňa kuwwat bereniň üçin saňa şükür edýärin – diýýär we onuň ruhy ýokary gatlaklara rowana bolýar.

Mawy lybasly pelek ýas tutanlaryň gara lybasyny görüp, onuň ýogalanyna matam tutup başlaýar. Sistanlylar onuň wepat bolandygy üçin gözlerinden gan ýaşy ýagdyryp, ýürek agyrdyjy ýas tutup, köp ahy-nala edipdirler.

Zal Rüstemiň ogly Feramerzi kakasynyň aryny almak üçin Kabula iberýär. Ol leşger taýýarlap, ýola düşýär. Ol birnäçe gazaply söweşler edip, üstünlikli ýeňiş gazanýar. Ol şany hem-de onuň emeldarlaryny öldürip, ähli baýlyklaryny talaýar. Onuň haremhanasyndakylary ýesir alýar hem-de kakasyny we agasy Şagady Sistana iberýär.

Eýýamyň dili edil saýrak bilbil ýaly müň dessan bilen Dessan Zalyň oglunyň kyssasyny älemdäkileriň gulagyna ýetirýär. Rüstem özüniň şonça güýji we başarjaňlygy bilen bu bili bükük garry pelegiň elinden amanda galmandyr. Akylly adam bu dünýä bil baglamaly däldir, eger birnäçe gün onuň islegine görä dem ursa-da, oňa aldanmaly däldir. Sam ölümiň elinden

halas bolmady, ne Zal panylyk zilzilesinden[1] amanda galdy, ne-de Rüstem pelegiň zulumyndan halas boldy.

### *Nazm*

Iki günlük ykbaly horramlykdan daş kylgyn,
Köpeldikçe azalýan iki hepdeli aý bilgil.

Näçeler synasaň-da, bakylyk ýok ykbala,
Ahyr senem pany bolup, düşdüň, gör-ä bu ýola.

### Hekaýat

Aýtmaklaryna görä, Rüstem Ispendiýary öldürensoň, Güştaspa ýürek derdini öz içine alýan hat ýazýar we bolan wakany beýan edýär. Ol özüniň hatynda şeýle diýipdir: «Men bu bolan wakada bigünädim. Men jebri-jepa ýolundan wepalyk ýoluna eýermek üçin hernäçe dalaş etsem-de, peýda bermedi».

Haçanda bu hat Güştaspa ýetende, ol özüniň bu ýaramaz işinden ökünýär, älem-jahan onuň gözüne garaňky görünýär, dirilik tanapy çüýreýär. Ol Rüstemiň hatyny okap, Peşuten hem bu waka şaýatlyk berensoň, Rüstemiň ötünjini kabul edýär. Ispendiýar Bähmeni terbiýelemek üçin ony Rüsteme tabşyrýar. Güştasp Bähmeni yzyna ýollamak üçin Rüsteme hat ýazýar. Ençe ýyl geçenden soň Güştasp bir ýüz altmyş ýyl höküm sürensoň, panylykdan bakylyk älemine göç edýär. Ol Bähmeni öz oruntutary edip bellänligi üçin, täji-tagty oňa bagyşlaýarlar.

[1] Zilzile – titreme.

## BÄHMEN

Bähmen ýagşy gylyklary we gowy däp-dessurlary ýola goýup, älem-jahany abadanlaşdyrýar. Ol ýürekleri şatlandyrýar we Zertuşt dinini rowaçlandyrýar. Şeýlelikde, bu din dünýä ýaýraýar. Ol Sistana hüjüm etmegi ýüregine düwüp, şeýle diýýär:

– Eger Rüsttemiň dogany Şagat Rüstemi öldürmedik bolsady, meniň özüm kakamyň aryny alardym. Indi onuň özi diri bolmasa-da, men onuň neslini gyryp, dazzarkelleri şol näkesleriň maslyklaryna myhmançylyga çagyraryn.

Ol Sistana ýetende, Zal onuň öňünden çykyp, tagzym edýär we şeýle diýýär:

– Patyşa meni öldürmek üçin gylyjyny «azara» goýmasyn. Az wagtdan garrylyk eli meni ýykar we seniň maksadyň özüňi betnam etmezlikden aman bolar. Eger sen kellämi almagy maslahat bilseň, onda başymy egnimde goýup, seniň hyzmatyňa getireýin.

### *Beýt*

Berip bolmaz hiç kime islenilen kelläni,
Öň egnimde getirýärin huzuryňa men ony.

Şeýle diýipdirler:

Öldürmekden peýda bolsa eger-de,
Haýyr işi jäht tut, öldür şu ýerde.

Şeýlelikde, Bähmeniň oňa nebsi agyryp, günäsini bagyşlaýar. Rüstemiň ogly Feramerz oňa garşy söweşmek üçin öňe çykýar. Emma birnäçe söweşlerden soň ýeňilýär we elhenç ýagdaýda öldürilýär.

Bähmen bir ýüz on dört ýyl patyşalyk sürüp, ahyrynda panylyk hatyny okapdyr.

Bähmeniň ömür eýýämi bahar pasly ýalydy,
Soňunda pelek jebrinden garaňkydan doludy.

Jahanyň gözi onuň huzurynda röwşendi,
Emma panylyga ýetip, gözleri gamaşandy.

## HUMAÝ

Bähmen dünýäden öten wagty ondan hiç bir ogul galmandyr. Ýöne onuň Humaý atly düşünjeli we başarjaň bir gyzy bolupdyr. Ol Humaýy özüniň oruntutary edip belleýär. Patyşalygyň humaý guşy Humaýyň üstüne saýa salýar. Bähmen ony gowy görer eken. Şol sebäpli hem ondan muhabbeti isläpdir we ol hem hamyla bolupdyr. Bähmen wepat boljak wagty mejusy alymlaryny[1] çagyryp olara:

– Şu wagta çenli patyşalyk käri hiç bir aýal maşgala berilmedik bolsa-da, men bu işi Humaýyň boýnuna ýükleýärin. Sebäbi ondan boljak çaga eger oglan bolsa, patyşalyk öz-özünden oňa geçer, eger gyz çaga bolsa, onda Humaýyň özi biler. Siziň makullamalaryňyz bilen haýsy kişini saýlasa mülki şoňa berer – diýipdir.

Haçanda patyşalyk Humaýa ýetende, ol ata-babalarynyň ýörelgelerini direldýär, ýagşyzadalary ýokary çekip, ýaman pällileri aradan aýyrýar. Onuň otuz ýyllap hökümdarlyk eden döwründe bu älemiň adamlary Humaýy erbetlik bilen ýatlamandyrlar, diňe parahatlykda we amanlykda ýaşapdyrlar.

[1] Mejusy alymlar – otparaz alymlar.

# HUMAÝYŇ OGLY DARAP[1]

Bähmen wepat bolup, Humaýy patyşalyga geçirende, Humaý ondan hamylady. Dokuz aýdan soň Humaý göwresindäki çagany dünýä inderýär we bir ogul dogurýar. Bu çaga owadanlykda behiştiň baglaryndaky çagalaryň husny-jemaly ýaly bolupdyr. Humaý: «Bu çagany ile görkezsem, patyşalygymy elden bererin» diýip gorkýar. «Jan bermek, derejeden geçmekden aňsadrakdyr».

Şeýlelikde, ol bu çagany gizläp: «Bähmeniň bar wagty görnen göwrelilik alamat çaga bolman, eýsem bir keseldi» diýipdir. Ol oglanjygy öldürjek bolýar, ýöne enelik mähri bu işe böwet bolýar. Onuň buýrugy boýunça bir sandyk ýasap, çagany birnäçe gymmatbaha göwher we zer şaý-sepleri bilen şol sandygyň içine salyp, derýa taşlaýarlar.

Ertesi tötänden bir kir ýuwujy suwuň kenaryna gidip, kir ýuwmakçy bolanda, birden, şol sandyk onuň öňünden akyp geçýär. Ol sandygy alyp, açyp görýär. Görse, sandygyň içinde şeýle bir gözel oglanjyk ýatyr welin, akar suw terligi onuň owadan ýaňagyndan öwrenýärdi. Onuň goluna şuglasy güneşiň nurundan ýiti birnäçe merwerit we ýakut dürdäneleri baglanypdyr we birnäçe zer şaý-sepler onuň ýanynda goýlupdyr. Kir ýuwujy ol sandygy alyp, öýüne äkidýär we bu haly aýalyna gürrüň berýär. Ajaýyp tötänliklerden, şol hepde-de kir ýuwujynyň aýalynyň bir kiçijik çagasy wepat bolan eken we onuň süýdi heniz kesilmän eken. Ol şol bada çaga süýt berýär. Bu çaga süýt emip, olar bilen ysnyşyp başlaýar. Kir ýuwujy we onuň aýaly çaga ulalýança ony terbiýelemekde elde baryny edýärler. Olar oglanjygy ogullyga alyp, oňa Darap diýip at goýýarlar. Bir gün ol kir ýuwuja ýüzlenip:

---

[1] Asyl nusgada bu at «Darap» hem-de «Dara» görnüşinde getirlipdir.

– Men: «Sen meniň kakam däl» diýip güman edýärin. Meniň kakam senden şöhratly adam bolmaly. Sebäbi mendäki hümmet sende ýok – diýýär.

Kir ýuwujy oňa şeýle diýýär:

– Näme zyýany bar. Göwher daşdan bolýar. Ýüpek piläniň perzendi. Jana şypa beriji bal kiçijik arydan alynýar. Seniň ýaly beýik pikirliniň meniň ýaly pes adamdan bolmagynyň näme aýby bar!

Darap oňa:

– Sözleri bezemek başga zat, dogruçyllyk bolsa başga zat. Seniň aýdýan zatlaryň mazmuny dürs bolsa-da, ýürege ýakymly däl – diýýär.

Kir ýuwujy şol aýdan zatlaryna aýak diräp durýar. Darap pursat gözläp gezýär. Ol bir gün kir ýuwujynyň aýalyny ýalňyz halda görüp, gylyjyny çykaryp:

– Dogryňy aýt, meniň halym nähilidi we meniň aslym nireden? Ýogsa, seni şu pursat gylyçdan geçirerin – diýýär.

Ol aýal gorkup, bolan wakany gürrüň berýär we galan ýakut, göwher we altynlary oňa görkezip:

– Bu seniň hakyň, biz saňa bu puldan azajyk harçladyk. Biziň seni terbiýelänimiz üçin hakymyz bar we saňa ýürek bagladyk. Sen bu pullaryň hemmesini äkitseň-de, seniň öz zadyň, ýöne bizi öz jemalyňdan mahrum etmersiň diýen tamamyz bar – diýýär.

Oglan oňa:

– Siziň meni ulaldanyňyz üçin hakyňyz bar. Siz maňa kakalyk hem-de ejelik mährini siňdirdiňiz. Siz hökman öz işiňiziň muzduny alarsyňyz. Men wagty gelse, bu haky ýerine salaryn – diýýär.

Şeýlelikde, ol şol göwherdir zerleri alyp, leşger düzmek üçin gerek bolan zatlary taýýarlap, serkerdeleriň biriniň huzuryna barýar we esgerleriň hataryna girýär. Bir gün Humaý leş-

geriň özüniň öňünden geçmegini isleýär. Humaý meýdany gowy göz astyna alar ýaly bir beýik köşgüň üstüne çykýar. Leşger topar-topar bolup geçýän eken. Darap hem onuň öňünden geçýär. Hudaýtagala onuň mährini oýandyrýar we mähremlik ataşy Humaýyň ýüreginde tutaşýar. Ol özüne erk etmek jylawuny elden berip:

– Ony saklaň – diýip gygyrýar.

Leşger geçip bolansoň, Humaý Daraby çagyryp, onuň asly barada soraýar. Darap bolan wakany bolşy ýaly oňa gürrüň berýär we şol ýakutdyr lagl-merweritleri Humaýa görkezýär. Humaý şol zatlary tanap, oglunyň üstüne özüni oklaýar we birsalym aglap durýar. Soňra şeýle diýýär:

– Bilgin, men seniň ejeňdirin we sen Bähmeniň oglusyň.

Soňra ýurduň ulularyny we döwletiň sütünlerini çagyryp, wakany olara gürrüň berýär. Täji Darabyň başyna geýdirip, patyşalygy oňa tabşyrýar. Soňra şol kir ýuwujyny we onuň aýalyny çagyryp, olara köp minnetdarlyk bildirip, çendenaşa köp sylag-serpaý berýär hem-de:

– Kir ýuwujylyk käriňi taşla, beýik wezipeleriň haýsy birinui isleseň al – diýýär.

Emma kir ýuwujy oňa:

– Meni şeýle derejede hoşbagtlyga ýetiren käri hiç haçan terk etmerin – diýýär.

Darap patyşalyk işini ösdürip, daş-töweregi düzgüne salýar. Jahan patyşalary oňa boýun egýär. Rum kaýsary şol zaman Pilkus bolup, ol başbozarlyk edýän eken. Darap leşger çekip, Ruma gidýär we ol ýeri eýeläp, Rumda ataşkede[1] bina edýär. Pilkusy ele salýar. Emma ahyrynda onuň uly gyzyny alyp, her ýyl agramy kyrk mysgal bolan müň altyn ýumurtga[2] salgyt

---

[1] Otparazlaryň ybadathanasy.

[2] Altyn ýumurtga – şol döwürde hazynada saklanýan altynlar ýumurtga şekilinde bolupdyr.

bermegini karar edip, patyşalygy oňa  gaýtaryp berýär. Darap on iki ýyllap patyşalyk sürüp, onuň ömür namasy ýapylýar we ol älem-jahany ogluna tabşyryp, wepat bolýar.

## DARABYŇ OGLY DARA

Darabyň hem Dara atly ogly bolupdyr. Ol wepat bolmazdan öň jahany ogluna tabşyrýar. Onuň ogly özüne patyşalyk ýeten wagty ýaşdy. Ol zulum elini uzadyp, ýaramaz däplere uýup, ululary ynjydýar we daş-töweregindäki patyşalara yzaezýet ýetirýär. Şeýdip, halk ony ýigrenip başlaýar. Ahyrynda ol Isgenderiň elinde perişanlyga düşýär. Ol gadymy patyşalaryň iň soňkusydy.

Asyrlarboý bize bolup görelde.
Galdy geçenlerden ýol-u-ýörelge,

Hiç bir gözbaşy ýok ajal-ölümiň,
Bu ömürde ençe görüp-bilinen.

Özümiň hem gitjegime göz ýetdi,
Çünki ähli kowum şu ýoldan gitdi.

Gitmedimi belli-belli serwerler? –
«Subhanalla»[1] – birem gaýdyp gelmezler.

Eý, sen, açgöz bolup älemi söküp,
Ajaly gör, ornuňdan turma-da, hökman.

---

[1] «Subhanalla», ýagny Alla päkdir diýmek. Bu söz geň galnan ýagdaýda aýdylýar.

## ISGENDER WE DARA

Biz mundan öň Darabyň rumly Pilkusyň gyzyna öýlenendigi barada aýdypdyk. Darap ilkinji gijede onuň bilen ýakynlaşanda, onuň agzyndan ýakymsyz ys gelýärdi. Onsoň ol Daraba ýaraman, ol gyzy Ruma gaýtarýar. Pilkus bu nikalaşygy äşgär etmegi ar bilýär. Onsoň «Iskenderus» atly derman bilen gyzyň agzyndan gelýän ysa em edýärler. Köp wagt geçmänkä, şol gyzdan bir ogul dogulýar. Şol dermanyň hormatyna ol oglana Isgender adyny dakýarlar. Bu ady gysgaltmak maksady bilen «u» we «s» harpyny düşürýärler. Pilkus ol oglanjygy öz ogly hökmünde görkezip terbiýeleýär. Hekimler we müneçjimler onuň täleýini çykarýarlar. Olar Pilkusa:

– Bu oglan ähli älem-jahany basyp alar we älemdäkileriň boýny onuň permanynyň aşagynda bolar – diýýärler.

Pilkus ony terbiýelemek we önüp-ösdürmek üçin elde baryny edýär. Ol ulalansoň ylmy taýdan hem ösmegi üçin jahan alymlaryny we döwrüň hekimlerini çagyryp, olar bilen mejlisdir oturlyşyklar guraýar. Isgender az wagtyň içinde ylymdyr hikmetde jahanyň ýeke-tägi we pelegiň ýalňyzy bolýar. Pilkus Isgenderiň ýetişendigini görüp, özüniň gitmeli wagtynyň gelendigini aňýar.

Jahan saçak, iýip-içip, kül edeniň göründi,
Oturmaly başgalar, gal ýeriňden, tur indi.

Ol Isgenderi tagta geçirýär we özi «tagtyň» aşagynda mesgen tutýar. Darabyň ogly Dara Isgendere Pilkusyň ölendigine duýgudaşlyk bildirip hem-de Rumuň her ýylky bermeli müň gyzyl ýumurtga salgydyny bermeklerini ýatladyp hat ýazýar. Isgender oňa:

– Ýumurtga berýän towuk ýogaldy. Seniň hem ondan eliňi üzmegiň gerek – diýip jogap berýär.

Bu hat Dara ýetende, ol gazaba münüp, Isgendere çöwgen bilen top we bir haltany dolduryp, künji iberýär. Onuň maksady Isgendere: «Sen çaga, şu wagt seniň top urup oýnamaly wagtyň. Eger özdiýenlilik etseň, şol künjüleriň sanyna barabar leşger bilen gelip seni agdararyn» diýmekdi.

Ilçi Isgenderiň ýanyna gelip, bu zatlary oňa görkezende, ol olary gowulyga ýorup şeýle diýýär:

– Bu top ýer şary ýaly bolup, ýeriň top şekillidigini aňladýar. Bu çöwgeniň üsti bilen bolsa, maňa zemin abadançylygyny ýetirjekdigini aýdypdyr. Bu künjüler onuň leşgerini ýok etmegiň maňa aňsatlygyny aňladýar.

Şeýdip, ol rahatlanýar. Soňra Isgender Daranyň ilçisini gaýtarýar we oňa bir haltany dolduryp, ýüzärlik we kapasada bir guş iberýär. Onuň ýüzärlik ibermekden maksady bolsa, özüniň leşgeriniň ýitilikde we köplükde ýüzärlik ýalydygyny görkezmekdi. Onuň guş ibermekden maksady haltadaky künjüleri iýmek şu guş üçin aňsat zat diýmekdi, ýagny ol seniň leşgeriňi agdarmak maňa şondan hem aňsat diýjek bolupdyr.

Isgenderiň jogaby Dara ýetensoň, ol leşgerini ýygnap, Ruma tarap ugraýar. Isgender hem onuň öňünden çykýar. Leşgerler golaýlaşýar, söweşe taýýarlyk görülýär we iş ýetmeli derejesine baryp ýetýär.

Aýtmaklaryna görä, Dara Rum serhedine ýetýär. Isgender düzülen leşger bilen ony garşylan wagty, Isgender geýmini çalşyryp, patyşalyk nyşanlaryny goýup, birnäçe adam bilen Daranyň işigine gelip:

– Oňa Rum patyşasynyň ilçi iberendigi barada habar beriň – diýýär.

Bu habar Daran ýetende, ilçiniň gelmegine rugsat berýär. Ol Daranyň ýanyna gelip, Isgenderiň soragyny ýetirýär we oňa şeýle diýýär:

– Gepiň gysgasy, patyşalar Ýaradanyň rehmet saýasydyrlar. Olaryň bolmagy adam ogullarynyň düzgün-tertibe gelmeklerine we olaryň rahatlyk tapmaklaryna sebäpdir. Her kim şu söz bilen ylalaşsa, onda dünýä maly üçin ýatan pitnäni turuzmak, Ýaradyjynyň amanaty bolan halkyň erkinligini we rahatlygyny perişanlyga salmak we bigünä adamlary ýyrtyjy haýwanlaryň alyn dişleriniň lukmasy etmek gadagandyr. Eger başarsaň uruşdan el çek, ýaraşyga tarap ýüzlen, halka peýdaly bolar ýaly zatlary özüňe ýörelge edin. Rum patyşasyna hiç hili üns berme we onuň üçin azara galma. Bu ýol akyllylyga, parasatlylyga we patyşalygyň bähbidine ýakyndyr. Eger hökman söweşjek bolsaň perman seniň ygtyýaryňda. Men öz delilimi aýtdym we özümi bu söweşiň günälerinden päkledim.

Dara oňa:

– Sözüňi eşitdim. Garaş, men seniň jogabyňy ýuwaşlyk bilen bereýin. Sen şu gün biziň myhmanymyz bol – diýýär.

Ol şol bada bezim mejlisini gurmaklaryny buýurýar. Ol Isgender bilen oturýar. Isgender onuň aýdýan sözlerinde we edýän işlerinde ýeňillikleri we parasatsyzlyklary görüp, özüniň ondan rüstem çykjakdygyna göz ýetirýär. Isgendere hernäçe şeraply jam berilse-de, ony boşadyp, jamyny donunyň eteginde goýýardy. Sakylar howsalaly ýagdaýa düşüp, Isgendere:

– Näme edýärsiň? Meýi içip, jamy donuň eteginde goýmaň näme? – diýýärler.

Isgender olara:

– Biziň ilçilerimiziň däbi şeýle – diýip, jogap berýär.

Dara oňa degmezliklerini tabşyrýar. Meýlis uzaga çekensoň, Dara tarapyndan Isgenderiň ýanyna ilçi bolup baran adam

gapydan girýär. Isgenderiň gözi oňa düşýär we olaryň ikisi hem biri-birlerini tanaýarlar.

Ilçi bu adamyň şol Isgenderdigini bildirmek üçin Daranyň ýanyna barýar. Isgender özüniň parasaty we ýagşy ykbalynyň ylhamy bilen ol adamyň maksadyna düşünýär. Ol şol bada aýak ýoluna gitmek bahanasy bilen daşary çykýar. Daşarda seýislenen at duran eken. Ol şol ata münüp, gaçyp gidýär. Dara ilçiniň sözüni eşidip, ony çagyrýança, Isgender öz leşgergähine ýetip, çadyryna girýär. Bu işiň soňy sag-aman gutarsa-da, bu Isgenderiň goýberen ýalňyşlaryndan hasaplanylýar. Akylly adam zerurlygy ýok ýerde özüni duşmanyň duzagyna eltmeýär.

Olaryň arasynda leşger hatarlary düzülensoň, Daradan bizar bolan döwlet sütünleriniň birtopary özlerini Isgendere ýakynlaşdyryp, oňa meýil edýändiklerini bildirýärler. Olardan kowum han-begleri hasaplanýan iki adam Isgenderiň ýanyna gelip, şeýle diýýärler: «Biz jan-dilimiz bilen Daranyň ölmegini isleýärdik we doga-dilegdir namazlar bilen onuň heläk bolmagyny arzuw edýärdik. Bir zalymyň jebir-jepasyndan halys bolan adam onuň haý-höwesiniň ýolunda janyny nähili gurban etsin?! Eger rugsat berseň, biz bir iş bitireli we onuň gany bilen gylyjymyzy reňkläli».

Isgender öz maksadyna ýetmek üçin olara hoşamaý sözleri aýdyp, köp sylag-serpaýlary wada berýär.

Ertesi iki goşun hem hatarlary düzensoňlar, heniz gylyçlaryň şöhlesi ýalpyldap, naýzalaryň gözi gan ýaş döküp aglamanka, Daranyň ýakyn adamlary bolan şol iki kişi merkezde söweşe taýýar bolup duran Dara birden hüjüm edip, iki zarba urýarlar. Dara atyň üstünden ýere ýykylýar. Derhal bu habar leşgergähiň içinde ýaýraýar. Olaryň ählisi jansyz ten we kellesiz adam ýaly bolup, ýaraglaryny taşlaýarlar. Bu habar Isgendere ýetende, ol Daranyň ýanyna howlugyp, ölüm halynda ýatan Daranyň başujunda oturyp:

– Bu bolan wakada meniň elim ýok, eger men seni diri halda tapan bolsadym, onda özümi saňa ýetjek belalaryň öňünde galkan edip goýardym, seniň öňüňde dik durup, patyşalyk işiňe arka bolardym. Emma häzir bu işleri etmek mümkinçiligi ýok. Indi sen näme yşarat edip buýursaň, men wepalylyk bilen ony ýerine ýetireýin we şeýdip öz kemçiligimi düzedeýin – diýýär.

Dara oňa:

– Meniň senden üç sany haýyşym bar. Ilkinjisi meniň ganymy biderek giderme, meni öldürenlerden öç al. Ikinjisi gyzym Röwşenegi özüňe al. Üçünjisi bolsa ataşkedeleri weýran etme. Meniň saňa ahyrky wesýetim näkesleri ululardan ýokary göterme. Sebäbi meniň başyma gelen şu ýagdaý şol sebäpli boldy – diýýär.

Isgender patyşalyga ýetensoň, onuň wesýetlerine amal edýär. Ol Darany öldürenleri öldürýär we onuň gyzy Röwşenegi alyp, hormatlaýar we eziz saýýar. Emma ol ataşkedeleri goýmaýar, otparazlary gyrýar. Zertuşt dininden hiç yz goýmaýar. Ol bu işleri Eziz we Beýik Alla ýakynlaşdyrýan zat diýip hasaplapdyr. Ol «Zent we Pazent» ýazgylary ýazylan sygyrlaryň derilerini ýakyp, Ajamyň köp binalaryny weýran edýär. Soňra ymarat bina etmäge ýüz öwrüp, Maşrykdyr Magrypda köp şäherler gurýar.

Onuň pygamberligi barada gapma-garşylykly garaýyşlar bar. Käbirleri oňa şu aýata esaslanyp, pygamber diýipdirler. Allatagala aýdýar: «Biz aýtdyk: «Eý, Zülkarneýn ýa olara azap ber ýa-da olar bilen ýagşylykly gatnaş»[1]. Ýene bir toparlary bolsa oňa pygamber bolman, bir ýagşyzada adam we adalatly hem-de güýçli patyşa bolupdyr diýýärler. Garaz, onuň kyssasy

[1] Gurhanyň 18-nji (Gowak) süresiniň 86-njy aýaty.

geň kyssalardan we täsin taryhy gürrüňlerden ybaratdyr. Ýöne biz bu ýerde ony gysgaltdyk.

## Hekaýat

Aýtmaklaryna görä, Eýran we Rum ülkeleriniň ählisi Isgenderiň golastyna geçensoň, ol älem-jahanyň beýlerki ülkelerine eýeçilik etmek isleýär. Ol ýer ýüzüniň özüniň ygtyýaryna geçjekdigi baradaky öňden görmelere laýyklykda, hümmetini ähli ýurtlary basyp almaklyga gönükdirýär.

Hint ülkesinde Fur atly bir patyşanyň giň ülkesiniň, köp goşunynyň we abat hazynalarynyň bardygy baradaky habar onuň gulagyna baryp ýetende, Isgender Fura ilçiden hat ýazyp iberýär we ony boýun bolmaklyga çagyrýar. Fur akyla laýyk jogap bermän, özüniň goşunynyň köplügine we ýarag-esbaplarynyň kändigine buýsanýar. Isgender muny eşidendensoň, Batlymyýusy Eýran ülkesine häkim edip, özi Hint ülkesine tarap ýola düşýär. Ol ýolda her bir şähere ýa-da welaýata ýetende, ol ýerleri basyp alyp, mal-mülklerini Ruma iberer eken. Haçanda ol Furuň welaýatyna ýetende, Fur pillerini ýygnap, leşgerini toplaýar. Bu habar Isgendere ýetýär. Ol piller üçin oýpikire batýar, pilleriň hüjümi atlaryň ürkmegine we öňe gitmezliklerine sebäp bolaýmasyn diýip oýlanýar. Olar hekimler-akyldarlar bilen maslahatlaşyp, bir tilsim gurmagyň ugruna çykýarlar. Olar şeýle tilsim gurýarlar. Içi oýulan misden köp sanly ýaragly atlylaryň heýkellerini ýasap, dag depelerinde goýupdyrlar. Söweşmeli wagt gelende, olary nebitden dolduryp ýakýarlar we söweş meýdanyna goýberýärler. Olaryň sany alty ýüz bolupdyr.

Söweş hatarlary düzülensoň, Hint leşgeri ilki hüjüme girişýär. Rumlularyň söweş meýdanynda goýlan jansyz we ruhsuz demir atly görnüşdäki heýkellerden başgasy yza çekilýär-

ler. Piller şol heýkellere topulyp, holtumlaryny şolara urýarlar. Olaryň içi nebitli bolup, ýanýandygy sebäpli pilleriň holtumlary ýanýar. Piller nagra tartyp, yza ýüz öwürýärler hem-de özlerini ýitirip öz leşgerlerini perişanlyga salyp pytradýar. Şeýdip, bu bela hem olardan sowulýar. Rum leşgeri olaryň üstüne gylyç bilen çozup, söweşijileri atdan agdarýarlar. Hindiler yza çekilip gaçýarlar:

Ähli söweşleri hem meýlisleri,
Tozan talaňynda etdi eldeki.
Bökýärler, ýakýarlar, çozýarlar ýene...
Gurýarlar... bu boluş misli erteki.

Garaňkylygyň aňtawçylary ýetip gelip, gündizlik şasynyň çadyryny basyp ýatyransoň, hindiler söweşden çekilýärler. Ertesi gündogar Symrugy gözýetimden ganat baglap, gijäniň gara gargasy ýokluk sährasyna giden wagty iki leşger hem söweşe gaýtadan başlaýarlar. Ýürekliler ýüreklerini janlaryndan sogrup, daň atandan, tä, giç agşama çenli asmanyň ataş gatlagynyň küresi ýaly gaýnap duran uruş tamdyrynda söweşýärler. Iki tarapdan hem köp adam öldürilýär. Bigünä leşgerler nähak ýere öldürilýärdi. Olar ýigrimi günläp çekeleşikde we söweşde bolýarlar. Köp müşrikleriň[1] kelleleri top kimin meýdanda togalanýardy. Ahyrynda Isgender Fura şeýle habar ýollaýar: «Bu iş ikimiziň aramyzdaky iş. Bu ýerde bigünä leşgerler nähak ýere öldürilýär. Meniň bilen söweşe çyk, ikimiz bile söweşeli. Eger men ýeňiş gazansam, leşger we welaýat maňa berilmeli, eger sen üstün çyksaň, onda seniň hökümiň meniň leşgerimde ýörediler».

[1] Müşrikler – köphudaýlylar.

Fur göwresi uly daýaw adamdy. Emma Isgender gowşak bedenli, gysga boýly adamdy. Fur özüniň daýawlygyna we haýbatlydygyna bil baglap şatlanýar. Ol tebiliň hernäçe uly bolsa-da, tebilçiniň taýagyny dep edip bilmeýändigini, gylyjyň bolsa şeýle inçedigine garamazdan, pitneleri ýatyrýandygyny hem-de gylyç gynda saklanýan bolsa-da, boýun bulguryndan şerap içýändigini bilmeýärdi. Olar ertesi ikiçäk meýdana çykyp, biri-birleri bilen söweşmegi karar edýärler.

***Beýt***

Kimiň gyljynyň sapy gana bulaşar,
Kimiň ykbal ody beýge ulaşar?

Şeýlelikde, olaryň ikisi-de söweş meýdanyna girýär we leşgerlerine uruşdan el çekmeklerini buýurýar. Isgender Fur bilen tutluşyp başlaýar. Bu tutluşykda güýçlülik we rüstemlik Fur bilen hemra bolupdyr. Emma asmanyň bagtyýarlygy we Perwerdigäriň ýardamy adama medet bermese, onuň güýç-kuwwatyndan ne peýda?! Hindileriň leşgerinden birtopary aýaga galyp, gygyrýarlar we olaryň sesi Furuň gulagyna ýetýär. Ol özünden gapyl galyp, goh-galmagalyň näme üçindigini bilmek üçin ýüzüni sowýar. Ol ýüzüni sowan badyna Isgender pursat tapyp, ot ýagdyryjy ýalaw gylyç bilen onuň başyny teninden jyda edýär we söweş meýdanyna taşlaýar. Soňra leşgeriniň merkezine baryp durýar.

Hindiler bu haly görüp, ilki hüjüm etjek bolsalar-da, soňra puşman edýärler. Isgender olara amanlyk berýär. Olaryň ählisi ýaraglaryny taşlaýarlar we oňa tabyn hökmünde başlaryny egýärler. Ol welaýat doly Isgenderiň ygtyýaryna geçýär. Ol Furuň perzentleriniň birini ol ýere patyşa edip goýýar we oňa salgyt belläp, bu ýerden brahmanlaryň ülkesine barýar. Olar oňa

pent-nesihatlar berýärler. Isgender olara hiç zyýan ýetirmeýär. Ol şol ýerden hindi Keýde hat ýazýar. Ol Isgendere tabyn bolup, sylag-serpaýlar iberýär. Ol Hindistanyň ähli sebitlerini ygtyýaryna geçirensoň, günbatar serhetlerine tarap ugraýar. Ol ýeriň patyşasy bir aýal bolup, onuň ady Kyzapa eken. Ol söweşmek maksady bilen öňe çykýar. Isgender ondan üstün çykýar we ony tutup, ondan köp baýlyk-pul alýar. Soňra ol welaýaty hem öz hasabyna geçirýär. Ol ýerden günbataryň iň soňky bölegine baryp, günüň batýanyny görýär. Bu barada Gurhany-Kerimde hem aýdylýar. Allatagala aýdýar: «Tä şol barşyna gün batýan ýere ýetenden soň, ol günüň bir laýly bulaga batanyny gördi»[1].

Bu barada «Tefsir» kitaplarynda doly maglumat berilýär. Kitap uzalmaz ýaly ol bu ýerde giňişleýin beýan edilmeýär.

Isgender Günbatardan Gündogara tarap ýüzlenip, Çyn ülkesine barýar. Çynyň patyşasy oňa boýun bolup, köp sylaglary berýär. Bu wakanyň hekaýaty hem öz ýerinde aýdylyp geçiler. Soňra ol ýerden günüň dogşuny görüp, synlamak üçin Gündogaryň iň soňky bölegine barýar. Garaz, ol Allatagalanyň şeýle diýýän ýerine çenli barýar:

«Tä gün dogýan ýere ýetenden soň onuň bir kowumyň üstüne göterilýändigini gördi, biz olar üçin günden goranar ýaly perde-lybas hem etmändik»[2].

Onuň diwar guruşy we onuň ýeriniň ýagdaýy barada dürli garaýyşlar bar. Gurhany-Kerimde onuň togalak we mäkäm bolandygy barada habar berilýär. Onuň binalarynyň käbiri täsin ymaratlaryň hatarynda getirilýär. Isgenderiň täsin-geň işleri, onuň tilsimleri we ýeňişleri barada bu kitapda giňişleýin beýan edip bolmaz. Bu barada bir kitap ýazypdyrlar. Kitap alyhez-

---

[1] Gurhanyň 18-nji (Gowak) süresiniň 86-njy aýaty.

[2] Gurhanyň 18-nji (Gowak) süresiniň 90-njy aýaty.

retiň kitaplar hazynasynda saklanýar. Bu wakalaryň hakykatlary we syrlary şanyň nurly aňynda (goý, elmydama nurly bolsun!) aýandygy üçin şu mukdarda gysgaldylyp ýazyldy.

Onuň patyşalygyndan on dört ýyl geçip, ömründen otuz alty ýyl geçensoň, jahany öz hökümdarlygyna alyp, zamananyň patyşalaryny ýeňensoň, Termiz diýen ýerde Jeýhundan geçýär. Soňra Yraga gidip, şol ýerde watan tutmak isleýär. Ol Kumys şäherine ýetýär we şol ýerde näsaglaýar. Ol müneçjimlikde zamananyň hekimlerinden ýokary bolan Batlymyýusy çagyryp, öz ahwalyny soraýar. Batlymyýus onuň işiniň elden gidendigini bilse-de: «Sen ýeriň demirden we asmanyň zerden bolan ýerinde wepat bolarsyň» diýýär.

Isgender bu sözi eşidip, ynamy güýjeýär we öz derdine hem-de saparyň muşakgatyna döz gelip, gidip barşyna Zuzen şäherine barýar. Ol ýerde onuň hereket edere kuwwaty we gitmäge güýji galmansoň, az wagtlap dynç alar ýaly bir saýawan gurmaklaryny buýurýar. Olaryň goş-golamlary öňe gidip, gurmaga çadyrlary bolmansoň, mejburlykdan demir sowudy ýere ýazyp, altyn galkany bolsa saýawan edýärler. Isgender onuň saýasyna baryp, muňa gözi düşenden Batlymyýusyň aýdany ýadyna düşýär we ajalynyň ýetendigine gözi ýetýär. Ol kätibini çagyryp, ejesine hat ýazýar. Ol ejesiniň gam iýmezligini ündäp, şeýle wesýet edýär: «Meniň bu hatym saňa ýetensoň, sen sabyrlylygyň we takatlylygyň tanabyna ýapyş. Sen meniň bu ýarama em etmek, gamly ýüregime rahatlyk bermek we bu dertli tenime asudalyk bermek isleýän bolsaň, onda tagam bermek bilen eliňi giňden açyp, patyşalara we beýiklere laýyklykda supra ýaz. Ýöne sen bu saçagyň başyna betbagtçylyk çekeni çagyrman, diňe özlerine betbagtçylyk ýetmedik we hiç bir gama ýüreklerini närahatlandyrmadyk adamlary myhmançylyga çagyr».

Bu hat Zülkarneýniň ejesine baryp ýetende, ol oglunyň derejesine laýyklykda onuň ýasyny tutup, saçak ýazýar we şeýle mazmunda jar çekdirýär: «Asman käsesinden betbagtlyk şerbetini içmedik we pelek başyndan gam zarbasy ýetmedik adam şu supralaryň başyna gelsin».

Aýtmaklaryna görä, jarçy bir ýyllap jar çekip ýörse-de, hiç bir aýak ol ýeriň bosagasyndan basmandyr we hiç el ol supralaryň başyndan çörek döwmändir. Şondan soň Zülkarneýniň ejesi onuň beýle diýmeginden ejesine bu älemde perzent aýralygynyň derdini çekeniň we öz ýürekparasyndan köýeniň diňe özi däldigini düşündirjek bolandygyna aň ýetirýär.

Gepiň gysgasy, Isgender älem-jahany basyp alýar we patyşalardan rüstem çykýar. Emma ahyrynda bu zatlaryň baryny taşlap, dünýäden ötýär. Bu waka adamlara dünýäniň durulygynyň çökündileri aýyrmazdan we onuň rahatlygynyň dert çekmezden emele gelmeýändigini düşündirýär:

Pelek saňa ýyldyz bolup parlasa, ahyr ýeter,
Gam tikeni gözüňi dyrnasa, ahyr ýeter.
Ýokluk, barlyk äleminde ýeke-ýalňyz Hudaý bar,
Ondan başga galmaz-a, durmaz-a, ahyr ýeter.

## Hekaýat

Aýtmaklaryna görä, Isgender älem-jahany basyp alyp, ähli ýurtlar özüne tabyn bolandansoň, öz döwrüniň hekimleriniň iň rüstemi Aristatalis[1] bilen maslahatlaşyp, şeýle diýýär:

– Dünýä sebitlerini daş-töwerekleri bilen birlikde tertipli saklamak nähili ýol bilen miýesser bolar we ýurtlary zabt

[1] Aristatalis – Aristotel, belli ýunan akyldary, Isgenderiň döwürdeşi.

etmekde we olary aýap saklamakda nähili kada-kanunlara eýermeli?

Aristatalis oňa şeýle jogap beripdir:

– Bu jahan hiç wagt asuda bolmaz. Eger bir ýerde bir duşman ýüze çykaýsa, onda seniň hut özüň ony dep etmäge meşgul bol. Ýogsa hergiz erkinlik tapmarsyň. Eger äsgermezlik we geleňsizlik etseň, onda ejiz duşmanlar güýçlener we iş elden gider. Sen ýedi ülkäniň her tarapynda bir başarjaň wekil we hüşgär häkim goý. Olaryň her haýsysyna bir bölek mülk ýer berip güýçlendir. Emma ýerlerini we olaryň mümkinçiliklerini çäklendir hem-de beýleki birini oňa ýakyn et. Ol biriniň welaýaty hem şeýle görnüşde bolsun. Şonda olar öz welaýatynyň çäkleri sebäpli yzygiderli gapma-garşylykda we çekeleşikde bolarlar. Şonda olar uly terslik edip bilmezler. Sen hem şol sebäpli rahat galarsyň. Olaryň her biri duşmanlaryny ýeňjek bolar we biri-birleriniň ulalmaklaryna we güýçlenmeklerine päsgel bererler.

Isgender bu pikiri halaýar we şoňa laýyklykda hem ýurt dolandyrýar. Şonuň üçin hem ol arkaýynlykda ýaşapdyr. Ol wepat bolansoň hem birnäçe wagtlap älem-jahan şeýle görnüşde bolupdyr. Her ýeriň we ýurduň patyşalary bolup, olara taýpalar patyşalary diýipdirler. Patyşalyk ilkinji patyşalardan olara geçipdir. Indi Allatagalanyň ýardamy bilen taýpalar patyşalarynyň ahwallary barada gysgaça belläp geçeris.

# TAÝPALAR PATYŞALARY

Isgender panylyk saraýyndan bakylyk älemine gadam basansoň, taýpalar patyşalary älemi basyp alypdyrlar. Her tarapda bir patyşa bolupdyr. Olaryň ählisi güýçli bolup, leşgerdir hazynalar bilen arkalanyp, biri-birlerine tabyn bolmandyrlar. Hatda aýtmaklaryna görä, Türküstan ülkelerinden, tä, Müsür we Şam serhetlerine çenli takmynan ýetmiş patyşa bolup, olaryň ählisiniň haýbaty we ýeterlik ýarag-esbaplary bolupdyr. Olaryň patyşalyk süren möhleti barada dürli garaýyşlar bar. Käbirleriniň aýtmaklaryna görä, olar bäş ýüz ýigrimi üç ýyllap höküm sürüpdirler. Şol wagtyň dowamynda hiç patyşa bu şalardan üstün çykyp bilmändir. Ahyrynda jahany eýelemek gezegi Erdeşir Bäbege gelip ýetýär. Ol şol patyşalaryň ählisinden üstün çykýar we olar oňa tabyn bolýarlar.

Muhammet Jerir Tabary özüniň «Taryh» kitabynda şeýle belläp geçýär:

Isgenderden soň uly Darapdan Eşk atly bir perzent galypdyr. Dejle deryasynyň kenaryndan tä Reýe çenli ýerler onuň mülküne degişli bolupdyr. Taýpalar patyşalary oňa tabyn bolmasalar-da, oňa hormat goýup, tagzym edip, onuň bilen dostluk we mähribanlyk ýoluna eýerýän ekenler. Aýtmaklaryna görä, Eşkiň patyşalyga ýetmeginiň sebäbi şu waka bolupdyr:

Rumdan bir patyşa gelip, Dejleden geçýär we onuň patyşalygyna gelýär. Onuň ady Antyhýus eken. Ol Yrakdaky Sewadyň[1] serhedinden, tä Ahwaza, Parsa we Reýe çenli bolan ýerleri eýeleýär. Ol şunça ýerleri basyp alsa-da, taýpalar patyşalary oňa boýun bolmaýar.

Isgender Eşkiň agasy Darany öldüren wagty, Eşk ýaş bolansoň ondan ar alyp bilmän, gizlenip ýören eken. Emma Isgenderiň nobaty geçip, Antyhýus ol welaýatlary eýelänsoň, Eşk aýaga galýar we taýpalar patyşalaryndan leşger soraýar. Olar Antyhýus bilen duşmandyklary hem-de Eşkiň nesline bolan hormatlary üçin oňa kömek berýärler we leşger iberýärler. Ol Antyhýusa garşy söweşip, ony ýeňýär we Dejle derýasyndan, tä Reý şäherine çenli ýerleri öz ygtyýaryna geçirip, ol ýerleri kesekiniň elinden alýar. Taýpalar patyşalary onuň Darabyň ogludygy we mülke mynasyp adamdygy üçin oňa diňe bir boýun sunmak bilen däl-de, eýsem, ony dostluk we mähremlik bilen sylaýan ekenler. Ol hem özüniň uly haýbatynyň ýokdugyny bilip, olaryň mülküne el uzatmandyr hem-de olaryň özüne goýýan şol sylag-hormatlaryna kanagatlanypdyr. Ýöne onda älemi birleşdirmäge esas bardy. Käwelileriň baýdagy onuň elindedi. Ol şeýdip birnäçe ýyllap höküm sürýär.

Rumdan Kostantyn atly bir uly patyşa ony boýun egdirmek niýeti bilen Dejle derýasyndan geçýär. Eşk taýpalar patyşalaryndan medet-kömek soraýar. Olar oňa leşger iberýärler. Yrak Sewadynyň şäherlerinden bolan Hysn diýen şäheriň patyşasynyň hut özi onuň ýanyna barýar. Ol bu patyşa tagzym edýär we onuň edep hakyny ýerine ýetirýär. Onuň daşyna dört ýüz müň adam jemlenýär. Ol şolaryň ählisini Hysnyň patyşasyna tabşyrýar. Ol Rum leşgeriniň garşysyna çykýar we olara garşy söweşýär. Onuň baýdagynyň üstünden ýeňiş şemaly

[1] Sewat – Dejle we Fyrat derýalarynyň arasynda ýerleşýän ýerler.

öwüsýär we döwletlilik suwy ýabyndan akýar. Rumlular ýeňilýärler we dargaýarlar. Ol rumlularyň ählisini gylyçdan geçirýär we ata-babalarynyň aryny alýar. Patyşa Kostantyn Ruma gaçyp gidip, mäkäm gala gurýar we oňa Kostantanyýýa (Konstantinopol) diýip at berýär. Häzirki döwürde bu ýer kaýsarlylaryň paýtagtydyr.

Abu Mansur Sagalyby «Gurar we siýar» («Saýlantgylar we başdan geçirmeler») atly kitabynda şeýle maglumat berýär:

«Isgenderden soň Yrak we Pars ülkelerinde Dejle derýasyndan, tä Reýe çenli bolan ýerlerde Afkur atly bir patyşa höküm sürüpdir. Ol Eşkanyň perzentlerinden bolup, Eşkan hem Ýafes ibn Nuhuň perzentlerindendir. Bu nesle Eşkanylar (Ärsaglylar) diýilýär. Ondan soň onuň Şapur atly ogly tagta geçýär Onuň kakasy Afkuz on iki ýyl hökümdarlyk edýär. Şapur elli üç ýyl patyşa bolupdyr. Ýahýa ibn Zekerýa alaýhyssalamy onuň döwründe öldüripdirler. Şapur wepat bolandan soň, patyşalyk ýüzügini ogly Guderze berýär. Ol patyşalyk tagtyny jemaly bilen bezeýär we Beni Ysraýyla (Ysraýyl ogullaryna) garşy leşger çekýär. Beýik we Eziz Allatagala ony Ysraýyl ogullarynyň üstüne olardan dini ar almak üçin iberen eken. Guderz olara Buhtunnasryň[1] eden zulmundan hem erbet zulum edýär. Ol olaryň ybadathanalaryny we metjitlerini weýran edýär. Isa alaýhyssalam hem onuň döwründe dünýä inipdir. Bu Guderz atalarynyň ýörelgelerini taşlap, adalatlylyk ýolundan ýüz öwrüp, zulum baýdagyny parladýar we halka yza-ezýetler berýär.

---

[1] Buhtunnasr – Asuriýa bilen Babylystan birleşenden soň, bu iki ülkäniň hökümdary bolupdyr. Ol b.e. öň 606-njy ýylda Palestina harby ýöriş edýär. Ol ýeriň patyşasy Ýehuýakym oňa garşy çykmançoň, Buhtunnasr Palestinany Ýehuýakymyň ogluna tabşyrýar. Emma ol ülkede hezreti Ermiýa peýda bolup, Ybraýymyň kowumyny hak ýola salyp, Buhtunnasra haýbat atýar. Buhtunnasr ikinji gezek Palestina çozýar. Ol Palestinany bir ýyl, käbir rowaýatlara görä iki ýyl gabap, ahyry Iýerusalimi basyp alýar. Ol ýeriň ilatyny gyryp, mukaddes öýi weýran edýär. Ol Ysraýyl kowumy üçin uly betbagtçylyk getiripdir.

Ahyrynda, ol elli ýedi ýyl patyşalyk sürensoň, bir gün aw meýdanynda ajal şiriniň awuna öwrülýär. Halk onuň ölmegini özleriniň diriliginiň özeni saýyp, onuň ýasyna derek baýramçylyk edip, şeýle diýipdirler:

Saýýandyrlar ölmüň öz diriligi,
Gany ýagdyrylan kowum ýasynda.
Gamgyndyrlar: «Dowzahdakylar bilen
Nädip gürleýärkä olaň ýanynda?»

Guderziň Eýran atly doganoglany bolup, diýseň parasatly we akyldar bolupdyr. Patyşalyk oňa ýetýär. Guderziň eýýamynda onuň kemçilikleri we nogsanlyklary sebäpli hazynalar boşapdy we işler özüniň ösüşini bes edipdi. Eýran özüniň pikiri we çäre tapyjylygy bilen ähli işi ugrukdyryp, adyllylyk we ýagşylyk bilen welaýatlary abadanlaşdyryp, özüniň mähribanlygy we beýik adamkärçiligi bilen raýatlary ýygnapdyr. Beýik Ýaradyjy onuň zähmetini biderek etmändir. Onuň şeýle işleri sebäpli älemde rahatlyk we parahatlyk emele gelipdir. Ol özüne güýç toplap, gowy kada-kanunlary ýola goýýar we erbet däplerdir düzgünleri aradan aýyrýar. Ol kyrk ýedi ýyl hökümdarlyk edenden soň, patyşalygy ogly Guderze[1] berip, özi toprak perdesini başyna orapdyr.

Şeýlelikde, Guderz kakasynyň ornunda oturýar we akylpaýhasa laýyklykda, patyşalygy gysymyna gysyp, işleri düzgün-tertibe salýar. Ol otuz bir ýyllap patyşalyk tagtasynda ykbal küştüni oýnap, ahyrynda şahmat[2] bolýar. Ajal eli onuň dirilik düşegini ýygnanda patyşalygy öz ogly Nersä goýýar. Käbirleri şeýle diýipdirler:

---

[1] Güderz öz oglunyň adyna-da Güderz dakypdyr.
[2] Şahmat sözüniň sözme-söz manysy «Şa öldi» diýmekdir.

Nersi ýokarda ady agzalan Eýranyň ogludyr. Ol ata-babalarynyň ýörelgelerine eýerip, ýagşy däpleri döredýär we ýaramaz düzgünleri aradan aýyrýar. Ol patyşalaryň perzentlerinden bolan dört aýaly alyp, olary biri-birleri bilen agzybir etjek bolýar we şu ugurda dalaş edýär. Emma peýda bermeýär. Aýalyň wepalylygyna bil baglamak, edil ýeli duzaga düşürmek ýalydyr.

Çep gapyrgadan ýaradylan aýal –
Sol tarapdan sagy gözlemeli däl.

Onuň aýallarynyň biri oňa zäher berýär we özüni onuň derdinden halas edýär. Belaşyň ogly Hurmuz onuň ýerine geçýär. Ol ýurduň ähli etraplaryna aýlanyp, halky özüniň adyllyk saýasynda asuda ýaşadypdyr. Onuň hyzmatkär gulamlara bolan höwesi artyp, olary gowy görüp, şeýle diýýän eken:

– Olar dynç wagty aýallaryň näzikligini we iş wagty erkekleriň güýjüni görkezýärler.

Ol aw awlamagy hem gowy görýän eken. Onuň özi hem ahyrynda panylygyň penjesine aw bolup ömrüni paýawlaýar. Onuň ogly Piruz şalyk täjini başyna geýip, patyşalyk işlerini öz gysymyna alýar we adyllyk ýörelgelerini ýola goýmakda, ata-babalarynyň ýaşaýyş däplerini gaýtadan janlandyrýar.

Aýtmaklaryna görä, onuň hem gulamlara meýli bolupdyr, yzygiderli olary daşyna üýşürip, olar bilen gatyşýan eken. Oňa wezirleriň we hekimleriň biri:

– Bu jemagata ynanmaly däl. Sebäbi olar ýurtlaryndan gul edilip alnan, ata-enelerinden mejburlyk bilen jyda edilen. Olaryň gulluk etmegi mejburlykdan bolup, öz ygtyýarlaryna däldir. Olaryň bu babatda tabynlyk etmegi tebigy däl-de, mejburlykdyr. Olara ynanmak we bil baglamak parasatlylykdan we

ätiýaçlylykdan daşdyr. Olaryň birden erbetlik edip, jana kast ediji oklary atmaklary mümkin – diýipdir.

Piruz oňa:

– Men olaryň husny-jemalyna öwrenişendigime garamazdan, seniň nesihat edeniň üçin hem-de seniň mähribanlygyň maňa mälim bolandygy üçin olar bilen ýoldaş bolmagymy goýbolsun edýärin – diýipdir.

Soňra Piruz aýallara meýil edip başlapdyr we şondan soň gulamlary öz ýanyna ýakynlaşdyrmandyr. Onuň Hysrow atly ogly ýetişýär. Ol heniz patyşalyk asmanynda täze aý wagty, kakasy ýaly şalyk asmanynyň kükregini almak we öz kakasy diri wagty özüniň hökümdarlygyny we patyşalygyny ýola goýmak isläpdir. Bu ýagdaý Piruza aýan bolansoň ony tussag etmeklerini buýurýar. Ol perzendine edep we temmi bermekde gaty berk daraýar. Ol edeplenip, ýuwaşaýar. Soňra kakasy ony sylaglap, şeýle diýýär:

– Patyşalyk edil kitap ýaly bolup, öňki waragy geçýänçä soňky waragyň açylmaýandygyny we üçünji tapgyrda soňky waragyň gelýändigini bilmek hökmandyr. Patyşalyk işlerini sabyrlylyk we ýuwaşlyk bilen garşy almalydyr.

Hysrow özüniň eden işleri sebäpli ötünç soraýar we öňki zatlara ökünýär. Kakasy ondan razy bolýar. Onuň mertebesi ýokarlanýar. Onuň kakasy otuz dokuz ýyl patyşalyk edenden soň, jan guşy pelekleriň depesine ýetýär we onuň ýerine Hysrow geçýär. Ol hünärli adamlara tertip bilen ýörite derejeleri berýär we zamananyň aýnasyndan garaňkylyk posuny aýyrýar. Hysrow kyrk ýedi ýyl patyşalyk edenden soň, tagtdan gabra göç edip, patyşalygy Arduwan Belaşa goýýar. Arduwanyň patyşalygynyň giňligi hemmeleriňkiden geçýär we tutuş Yrak, Pars, Jibäl we Reýe çenli bolan ýerler onuň ygtyýaryna geçýär. Ol taýpalar patyşalaryndan bir taýpany ýeňýär. Olaryň köpüsi oňa tabyn bolmaga meýil edipdirler. Ol elli bäş ýyl patyşalyk

sürüpdir. Ahyrynda Ärsaglylaryň nobaty soňlanyp, olaryň döwletiniň namasy ýapylýar we olaryň ykbal baýdagy ýere serilýär. Zamananyň adaty we döwrüň düzgüni şeýledir:

Eýýamlar geçip durýan döwletlere eýedir,
Günleri ötüp barýan misli kölge-saýadyr.

Bu pelegiň aýlawy – gündiz-gijesi-şamy,
Her şanyň döwletiniň geçmesiniň nyşany.

Käte şalyk täji Ärsaglylardan aýrylar,
Kä Sasanlylar bilen tagt-u-täç bezeg alar.

Indi dünýä soltanlyk nobaty Şemseddiniň,
Ol şalaryň güneşi, saýasy Hak – müdimiň.

Iltutmuş şa – adalat, ol diniň hak hossary,
Biadyllyk – gara ýüz, adalata – ýüz nury.

Nobaty özgä geçmesin magşar gününe çenli,
Duşman bagty oýanmasyn dünýäň soňuna çenli.

Nyzamylmülk – adyllyk baky hyzmatda dursun,
Onuň garaýşy bilen döwlet ösüşler bersin.

# SASANLYLAR

## SASANLYLARYŇ DÖWLETINI ESASLANDYRAN ERDEŞIR BÄBEK

Rowaýat etmeklerine görä, Arduwanyň Pars welaýatyna häkim bellenen Bäbek atly bir emeldary bolupdyr. Onuň ömrüniň uzak bolandygy we häkimlik möhletiniň uzaga çekendigi üçin, onuň belli bir derejede güýji, mäkämligi, başarjaňlygy we ýarag-esbaplary bolupdyr. Bäbegiň goşulanlaryň içinde Sasan ibn Sasan ibn Bähmen ibn Ispendiýar atly bir adam hem bar eken. Men zamananyň alymy Ymam Burhaneddin Matrazynyň ýazan «Makamata düşündiriş» atly eserinde şeýle maglumatlary okapdym: Rowaýat edilişine görä, Ispendiýaryň ogly Bähmen öz gyzy Humaýy öz oruntutary edip, patyşalyk ygtyýarlyklaryny onuň eline beripdir. Onuň Sasan atly ogly hem bar eken. Ol oglan kakasynyň özüne zulum edip, hökümdarlykdan we patyşalykdan mahrum edenini görüp, janyndan gorkusyna daga gaçyp, syýahat etmegi pişe edinýär. Derwüşleriň birtopary oňa goşulýar. Olar hiç menzili mesgen we hiç bir ýeri watan tutunmandyrlar. Hut şu sebäpli hem durmuş kynçylyklary we dürli dilegçilikleri bilen «kise känlerinden göwher çykarýan»[1] bu taýpa Sasanlylar diýipdirler.

[1] Bu ýerde Sasanlylaryň dilegçilik edip, güzeran görendikleri göçme manyda aýdylýar. «Sasan» sözi «dilegçi, gedaý» diýen manyny aňladýar.

Bu Sasanyň hem Sasan atly ogly bolupdyr. Kakasy ölenden soň bu Sasanyň syýahat edip ýörşüne Pars welaýatyna ýoly düşýär we Bäbegiň goşunyna goşulýar. Bäbek onuň maňlaýynda ululyk alamatlaryny görüp, ony terbiýeläp başlaýar. Bir gije Bäbek düýşünde Sasanyň maňlaýyndan günüň hem-de aýyň dogandygyny görýär. Oýanansoň Sasany çagyryp, gören düýşüni oňa gürrüň berýär. Sasan hem oňa:

– Men hem düýşümde maňlaýymdan bir nuruň dogup, älem-jahany ýagtaldyp durandygyny gördüm – diýýär.

Bäbek onuň aýdanyny eşidip, bu düýşüň ýorgudyny ýorup, onuň hakykata öwrüljekdigine düşünýär we parasatlylyk bilen hem-de üns berip, bolaýjak işleri göz öňüne getirýär. Onuň gyzy bar eken. Ol gyzyny Sasana hödürleýär, ony giýewilik gatnaşygyny açmaga höweslendirýär we ony ýoldaş bolmaga çagyrýar. Sasan kabul edýär. Iş sawçylykdan nikalaşma we nikalaşmadan gatnaşyklara öwrülýär.

Olar durmuş guransoň, Sasanyň ömri wysal günleri ýaly gysga bolupdyr. Bäbegiň gyzy Sasandan göwreli bolýar. Onuň çagasy dünýä inmänkä, Sasan ol dünýä göç edýär. Çünki, dürri ýetim[1] has mübärek bolýar. Bäbegiň gyzy çagasyny dünýä inderýär. Ol şeýle bir hoşsurat, enaýy we görmegeý oglan dogrupdyr welin, hoşbagtlyk şöhlesi onuň maňlaýynda lowurdap, ululyk alamatlary, ösüş hem-de gowulyk şekilleri onuň alnynda peýda bolupdyr. Bäbek oňa Erdeşir diýip at goýýar. Onuň kakasy diri bolman, babasy terbiýeleýändigi üçin ony babasynyň ady bilen tanap, Erdeşir Bäbek diýipdirler.

Erdeşir ulalýar, onuň ösüş we beýiklik alamatlary barada Arduwanyň ýanynda gürrüň edilende, Arduwan ony Bäbekden

[1] Dürri ýetim – sözme-sözi «ýetim dür». Bu söz göçme manyda ulanylyp, ýeke-täk dür, taýsyz merjen diýen manylary berýär.

talap edýär. Bäbek tejribeli adamlar bilen maslahatlaşýar. Olar oňa:

– Onuň Arduwanyň ýanynda terbiýelenip, maksatlara ýetmegiň serişdesini gazanmagy üçin ony Arduwanyň ýanyna ibermegiň gerek – diýýärler.

Bäbek ikirjiňlenmän, Erdeşiri Arduwanyň huzuryna iberýär. Arduwan ony görenden, onuň ýüreginde mähirlilik köki berk ornaşýar we ony perzentleri bilen bilelikde terbiýeläp, at münmek we edermenlik usullaryny öwredýär.

Bir gün Erdeşir Arduwanyň ogullary bilen aw-şikara çykýar. Arduwan hem olaryň her haýsysynyň ylmyny we hünärini barlamak üçin gizlinlikde olar bilen barýar. Soňra Arduwan aw meýdanynyň garşysyndaky bir daga çykýar. Erdeşiriň gözi şol tarapa düşüp:

– Ol dag maňa beýik bolup görünýär we oňa patyşalyk saýasyndan başga hiç zat düşmändir – diýýär.

Soňra Arduwan dagdan aşak düşüp, olara hoşamaýlyk bildirýär. Ol şol gün Erdeşiriň hemmetaraplaýyn ogullaryndan ýokarydygyny we onuň ululygyny görüp, göripçilik edip oňa:

– Seniň kakaň diňe bir emeldar. Saňa hökümdarlyk we patyşalyk ýaraşmaz. Men seni haýyrlanyp, işiňde gözüň açylyp, uly derejelere mynasyp bolmagyň üçin atbakarlaryň hojaýyny edip belleýärin – diýýär.

Erdeşiriň hümmeti beýle pes wezipede işlemekden ýokary bolsa-da, ol öz janyndan gorkup, ony kabul edýär we mejburlykdan şol işde işleýär. Bir gün ol seýishanada otyrka, Arduwanyň köşgünden bir daş atylyp gelýär. Görse, daşy atan mylaýymlykda we husny-jemalda deňi-taýy bolmadyk keniz eken. Onuň gaşy keman kimin we näz-kereşmesi ok ýaly bolup, ol hoş hereketlilik bilen Erdeşirde daş oklaýardy we onuň waslynyň miwesi bilen yşk oýnaýardy.

Erdeşir ony görende, akyl we seresaplylyk eli onuň ýüregini saklasa-da, juwanlyk güýji we şöwketlik kuwwaty üstün çykýar hem-de ol Arduwanyň syrly işlerinden habarly bolmak üçin keniziň çakylygyna ylalaşykly jogap berip, oňa isleg bildirýändigini aýan edýär. Bu keniz hemişe oňa ýetmegiň ugrunda we onuň jemalynyň yşgynda bolupdyr. Pursat ýeten hem-de wysal bagty duşan wagty keniz Arduwanyň gizlin işleri we syrlary barada Erdeşire habar berýän eken. Bäbegiň wepat bolandygy baradaky habar gelip ýetýär. Erdeşir gaýgy-gama batýar we betbagtçylyk şertlerini berjaý edýär.

Soňra ol Arduwandan özüni şol welaýata ibermegini we kakasynyň ýerine bellemegini soraýar. Arduwan onuň teklibini kabul etmeýär hem-de onuň islegini berjaý etmän, ol wezipäni özüniň uly ogluna tabşyryp, ony şol sebite iberýär, Erdeşiri bolsa näumyt goýýar. Erdeşir şol atbakarlaryň hojaýyny wezipesinde galyberýär. Bir gün keniz onuň ýanyna gelýär we wysal ýollary açylansoň, oňa şeýle diýýär:

– Düýn gije patyşa düýş görüpdir. Ol şu gün meniň ýanymda müneçjimleri çagyrdy we düýşüniň ýorgudyny isledi. Olar oňa: «Seniň patyşalygyň başgalara geçmeli wagty ýetipdir. Bu döwlet senden aýrylyp, patyşalyk seniň nesilşalygyňdan geçip, şu hepde seniň mülküňden gitjek bir adama ýeter» diýdiler.

Erdeşir bu sözi eşidip, oý-pikire batýar. Haçanda keniz gaýdansoň, Erdeşir gitmäge taýýarlyk görüp başlaýar. Ol ähli işleri ýerine ýetirýär. Bir gün keniz onuň ýanyna gelýär. Ol kenize:

– Men gitjek bolýaryn. Men döwlete eýe bolaryn. Seniň maňa ýol görkeziji bolandygyň üçin, men seniň hakyňy köýdürmerin – diýýär.

Keniz bolsa oňa:

– Janym tenimde wagty senden ýüregimi aýyrman, seniň bilen ylalaşmagy we saňa ýoldaş bolmagy elden bermerin. Emma maňa rugsat ber, men köşge baryp, ýolda kösenmez ýaly göwherdir pul alyp geleýin – diýýär.

Şeýlelikde, ol gidýär we derrew gaýdyp gelip, nepis göwher we köp pul getirýär. Erdeşir iki sany ýel bilen ýaryşýan ýyndam arap atlaryny taýýarlap goýupdy. Olaryň ikisi hem şol atlara münüp, ýel ýaly gözden gaýyp bolýarlar we olaryň tozanyny hem hiç kim görmeýär. Ertesi ir bilen bu habar Arduwana ýetýär. Ol janyndan gorkup, olaryň yzyndan atlylaryny iberýär. Atlylar altmyş parsah töweregi ýol aşsalar-da, olary tapmaýar we utanyp yzlaryna dolanýarlar. Arduwan bu gaflatdan ökünýär, emma ökünç peýda bermeýär.

Erdeşir Pars welaýatynyň paýtagty Istehre gelip ýetende, ol ýeriň häkimi Arduwanyň ogly eken. Erdeşir ol ýere ýetip, şähere girýär we ýagdaýyny hiç kime habar bermeýär. Soňra ol kakasynyň ýakynlaryndan bolan bir topar kişini tapýar we olardan ähdi-peýman alýar. Olar köp adam toplap, özlerine tabyn edýärler we doly taýýarlyk görüp, birden aýaga galýarlar. Arduwanyň ogly ýesir alynýar we gylyçdan geçirilýär. Erdeşir tagtda oturýar we taýpalar patyşalaryna hat ýazyp, olardan kömek-ýardam isleýär. Daş-tôwerekden onuň huzuryna leşgerler gelýärler. Olar doly üýşensoň şäherleri basyp almaga başlaýar. Arduwan ony dep etmek üçin leşger çekýär. Erdeşir oňa garşy söweşe çykýar. Arduwanyň döwleti garrapdy we Erdeşiriň bagty juwandy. Erdeşiriň döwlet şemaly öwsüp, ykbal baýdagy beýige galansoň, Arduwanyň goşunyny pytradýar. Erdeşir olaryň yzyndan kowup, Arduwany ele salýar we ony öz eli bilen öldürýär.

Muhammet Jerir Tabary «Taryh» kitabynda şeýle ýazypdyr:

«Arduwany atdan agdarýar we özi düşüp, onuň kellesine depýär. Ol bolsa ýere ýazylýar. Şol gün oňa «Şahynşa», ýagny «Şalar şasy» diýipdirler».

Soňra ol ýerden Hemedana leşger çekýär we Jibäl, Nehawent hem-de Dinawer diýen ýerleri basyp alýar. Soňra ol ýerden Töwrize gidýär we Ermeniýäni, Mosuly we Sewady basyp alyp, Parsa dolanýar. Ol öňden barýan baýdak göterijileri we yzdan gelýän ýeňiş ýolbaşçylary bilen taýpalar patyşalarynyň ähli sini basyp alýar. Ol on dört ýyllap hököm sürýär. Ahyrynda onuň on dördi gijedäki aý bolan ömri panylyk «muhagyna[1]« duçar bolýar. Onuň ýaşaýyş şemi nursuz galansoň, patyşalyk onuň ogly Şapura ýetýär.

## ŞAPUR IBN ERDEŞIR

Muhammet Jerir Tabary «Taryh» eserinde şeýle ýazypdyr:

Şapuryň dogluşy şeýledi. Erdeşir aýaga galyp, älem-jahany özüniň hökümdarlygyna we ýolbaşçylygyna alyp, onuň döwletiniň baýdagy beýige galansoň, ýaşululardan birtopary oňa şeýle diýipdirler:

– Seniň ataň Sasan hemişe şu pursada garaşardy. Ol Allatagaladan ýekeje gezek täçdir şalyk döwletine ýetmegi isländi. Ol eger patyşalyga ýetse, Ärsaglylaryň neslini gyryp, şol nesilşalykdan her kimi tapsa, ýalaw gylyjynyň ody bilen ýakyp, olaryň erkek-aýallaryny öldürjekdigini äht edipdi. Hökümdarlyk oňa ýetmänsoň, ol öz perzendine: «Eger patyşalyk saňa ýetse, meniň kasamymy ýerine ýetir. Eger saňa ýetmese, onda sen hem öz perzendiňe şeýle wesýet et. Men bir gün hökman ykbal suwunyň şu ýapdan akyp, gyş hadysalaryndan ýaňa

[1] On dördi gijeden soňra aýyň görünmeýän gijeleri.

ýapraksyz galan bu döwlet agajynyň ýene-de ykbal şemalynyň mededi bilen ösüp, pyntyklajakdygyna ynanýaryn» diýip wesýet edipdi.

Sasanyň perzentlerinden Erdeşirden öň patyşalyga ýeten bolmandyr. Erdeşir Ärsaglylary agdarmakda we bu nesilşalygyň erkekdir aýallaryny öldürmekde hetden aşypdyr we olaryň öňüni-soňuny gyrmakda, neseplerini hem-de nesillerini ýok etmekde elde baryny edipdir welin, Ärsaglylardan hiç kim galmandyr. Şeýdip, ol atasynyň kasamyny berjaý edipdir.

Bir gün Ärsaglylaryň birini öldürip, onuň baýlyklaryny we gullarydyr erkin adamlaryny Erdeşiriň huzuryna eltýärler. Olaryň içinde agzynyň tagamy baldyr şeker, dişiniň hili dürdür göwher bolan bir keniz hem bar eken.

Ýüzi ýagşyzadaň hasyly ýaly,
Zülpi – günä depderde ýazuwa meňzeş.
Hassaň isleginiň bukusyndaky –
Gamzasy zyýanly arzuwa meňzeş.

Erdeşir ony özüne aýal edip alýar we onuň bilen ýakynlaşýar. Keniz bolsa ondan hamyla bolýar. Bir gün Erdeşir ondan:

– Sen neneňsi gyrnak bolup düşdüň – diýip soraýar.

Ol bolsa:

– Men gyrnak däl. Men Ärsaglylar neberesiniň haremhanasynyň päk we arassa zenanlaryndandyryn – diýip, jogap berýär.

Erdeşir eden işinden ökünip, ony öldürjek bolýar. Şeýlelikde, ony wezirine tabşyryp:

– Ony öldür we onuň şerini biziň başymyzdan aýyr – diýýär.

Wezir ony öýüne äkidýär we patyşanyň buýrugyny ýerine ýetirmekçi bolýar. Şol wagt keniz oňa:

– Men patyşanyň çagasyny göterip ýörün – diýýär.

Wezir ony öldürmegi mynasyp görmeýär. Ol bir ýerzemin gurup, ony şol ýere eltýär we gerekli zatlar bilen üpjün edýär. Soňra özüni agta edip, ujydyny bir gutujykda goýup, öz möhürini basýar. Soňra Erdeşiriň ýanyna gelip, oňa şeýle diýýär:

– Meniň göwherim bar. Men ony öýde goýup bilmeýärin. Hazynaça aýdyň, goý, ony hazyna eltsin we islän wagtym ony maňa gaýdyp bersin.

Ol gutujygy Erdeşiriň hazynaçysyna berýär. Az wagt geçensoň Şapur dünýä inýär. Wezir oňa Şapur, ýagny «Şanyň ogly» diýip at goýýar. Ol ony terbiýeleýär we oňa patyşalyk düzgünlerini öwredýär. Bir gün wezir patyşanyň ýanyna gelýär we ony gamgyn halda görýär. Ol:

– Gama batmagyň sebäbi näme? – diýip soraýar.

Erdeşir oňa:

– Men älem-jahany basyp aldym. Emma indi görýän welin, garrapdyryn. Eger maňa bir zat bolaýsa, patyşalygymy berer ýaly perzendim ýok – diýýär.

Wezir oňa tagzym edip:

– Patyşanyň diýseň owadan we gaty akylly ogly bar. Patyşalyk belgileri onuň maňlaýynda peýda, şalyk alamatlary onuň alnynda aýan – diýýär.

Patyşa:

– Ol perzent nirede? – diýip soraýar.

Wezir oňa:

– Eger patyşa onuň halyny bilmek islese, onda patyşanyň hazynaçysyna beren gutymy getirmeklerini buýursyn – diýýär.

Gutyny getirýärler. Onuň agzyny açýarlar we ujydy görýärler. Şa oňa:

– Bu näme boldugy – diýip soraýar.

Wezir bolan ýagdaýy gürrüň berip, şeýle diýýär:

– Keniz maňa özüniň hamyladygyny aýdansoň, patyşanyň neslinden bolan çagany ýok etmegi rowa görmedim hem-de bir gün bu waka aýan bolsa duşmanlara gep-gürrüňe bahana bolar diýip, özümi agta etdim.

Patyşa oňa sylag-hormat edýär we oňa:

– Atalyk mähri bilen ony maňa tanatmak üçin ony başga çagalaryň arasynda maňa görkez – diýýär.

Wezir birnäçe çagany bezäp, Şapury hem olaryň arasynda goýup, Erdeşiriň huzuryna eltýär. Erdeşir şol bada ogluny tanaýar we atalyk mähri joşa gelýär. Ol perzendini kabul edip, ony terbiýelemäge başlaýar. Soňra özüniň işi soňlanansoň, Şapury mirasdüşer edip belleýär.

## ŞAPUR IBN ERDEŞIR

Erdeşir panylyk şiriniň eline düşüp, oýunçy tilki bolan zamananyň elinden gaçyp, göri öz mesgeni edinensoň, döwletiň serweri Şapur patyşalygy ýöredýär, işleri şol öňki düzgüninde saklaýar. Erdeşiriň goýan emeldarlarynyň wezipelerini üýtgetmän, kakasynyň göwün zemininde eken söýgi nahalyny sowgat-sylag suwy bilen suwarýar. Şeýdip, diller onuň senasyna öwrülip, ähli ýürekler onuň söýgüsiniň küýseginde boldular.

Onuň gulagyna Rumyň patyşasy Kostantynyň öz çäginden çykandygy we boýun towlamak ýoluna düşendigi barada habar ýetirýärler. Şapur söweşiji hem-de hemişe taýýar adam bolansoň, Ruma hem-de häzirki wagtda Şama degişli bolsa-da, şol wagtlar Rumuň ülkelerinden hem-de Kaýsaryň paýtagty bolan Nasybyn şäherine ýöriş edýär. Ol Ruma girmezinden ozal, Nasybynyň hazynalaryndan paý alyp, leşgerini has hem güýçlendirmek isleýär. Nasybynyň ilaty şäheri gorap, tabyn bolmakdan boýun towlaýarlar we daş-töwerekden medet sora-

ýarlar. Şapur olaryň özüniň penjesindedigine düşünip, olar barada çynlakaý çäre görmändir. Emma iş-işden geçensoň, onuň buýrugy bilen manjanyklary we böwsüji daş atyjy gurallary gurup, göz açyp-ýumasy salymda şäheriň gumuny ýele sowrup, zemini adamlaryň gany bilen Jeýhuna öwürýärler. Ol galany eýeläp, ol ýerdäki Rum patyşasynyň ähli hazynalaryny, nepis gymmatbaha zatlaryny alyp, leşgeriniň arasynda paýlaýar. Onuň leşgeri şondan soň has güýçlenýär. Bu habar Kostantyna ýetende, onuň haýbaty kaýsaryň ýüreginde sarsgyn döredýär we maslahat ýüzüni ylalaşyk aýnasynda görýär. Onsoň ol ötünçdir ýalkaw diläp tijenip, ilçileri iberýär we salgyt tölemekligi kabul edýär. Şapur maksadyna ýetensoň, üstünlik we ýeňiş bilen yzyna dolanýar.

## Hekaýat

Şapur kaýsar bilen ylalaşyp gaýdyp gelýän wagty, onuň ýoly Hazramöwt şäherine düşýär. Bu şäher Dejle bilen Fyratyň arasynda ýerleşip, onuň patyşasy bolsa Zyzan lakamly Satrun atly bir adam eken. Ol güýçlenip, çarwa araplary we Pars kürtleri bilen sazlaşypdyr hem-de olardan kömek sorap arkalanypdyr we hemaýatlanypdyr. Ol gaty bir ylalaşyk ýolunda bolman, käwagtlar Yragyň töwereklerine hüjüm edip, Jezaýyr ýurtlaryny perişanlyga salar eken. Şapur ol barada pikirlenýärdi. Şapur onuň welaýatyna ýakynlaşan wagtynda, Fyratyň kenarynda onuň şäheriniň garşysynda düşleýär. Zyzan bolsa garşylaşmak üçin taýýarlyk görüp, leşger toplaýar we galany berkidýär.

Şapur galany gabawa almak üçin leşger iberýär. Leşger gidip, güýçli dalaş edýär. Ýöne şäher basylyp alynmaýar we maksat hasyl bolmaýar. Şapura bu barada habary ýetirip, ondan medet soraýarlar. Şapur köpräk leşger iberip, özi leşgeriň dolanmagyna garaşyp başlaýar.

Bir gün Şapur şikara çykýar. Ol şikar ýoly bilen leşgergähiniň golaýyna gelýär we ýagdaýy derňäp, leşgeri nazara alýar. Zyzanyň diýseň owadan we görmegeý gyzy bar eken. Şapur şol sebite gelen wagty, ol bir diňiň üstüne çykyp, daşara göz aýlap durdy. Birden onuň gözi Şapura düşýär we onuň at münmekde çalasyn we ussatdygyny görýär. Ol:

– Ol kim? – diýip soraýar.

Oňa:

– Ol şol toparyň patyşasy, leşgeriň serdary we Ajamyň hysrowy – diýip jogap berýärler.

Gyz onuň jemaly we kemaly barada doly habarly bolup, oňa aşyk bolýar. Özüne erk edip bilmän, ygtybar jylawuny elden berýär. Soňra ol bir kagyza: «Bu galany ele salmagyň ýoluny men bilýärin. Eger patyşa maňa arka durup, bu şäheri basyp alansoň, meni öz yşk gowgasynyň elinden halas edip, özüne nikalajakdygyna söz berse, men şäheri basyp almak üçin size ýolbelet bolaryn» diýip ýazýar hem-de kagyzy bir peýkama baglap, Şapura tarap atýar.

Şapur haty görüp, ylalaşyjy jogap ýazýar we şol zatlara äht edýär. Soňra haty peýkama baglap, atyp goýberýär. Zyzanyň gyzy haty okandan soň, onuň bir yşky ýüz bolýar. Ol hat ýazyp, galanyň gizlin ýoluny görkezýär we gije duşuşmaklygy wada edýär. Ýyldyzlaryň patyşasy seýre çykanda, Zyzanyň gyzy şol gizlin ýoluň sakçylaryna nahar-tagam iberip, olary başagaý edýär. Şapur leşgeriň saýlantgylaryndan birnäçe atly bilen şol tarapa baryp, ol ýeri eýeleýär we öňe gidýär. Ol Zyzanyň köşgüne ýetýänçä hiç kim habarly bolmandyr. Soňra birnäçe adamy köşgüň içine iberýär. Olar Zyzanyň kellesini kesip, bir agajyň ujuna daňyp, köşgüň üstüne çykýarlar hem-de:

– Zyzanyň kellesi kesilensoň, adamlara boýun egmekden başga zat galmaýar – diýip, jar edýärler.

Adamlar Şapuryň permanyna boýun bolýarlar. Şäher Şapuryň ygtyýaryna geçýär. Zyzanyň gyzyny Şapuryň ýanyna getirýärler. Şapuryň permany bilen onuň üçin köşk gurýarlar. Şapur onuň bilen nikalaşyp, ony köşgüne eltýär we birnäçe wagt onuň bilen ýaşaşýar. Emma bir gün oýanyp, görse, ýatan ýeri gandan doly eken. Ol näme bolduka diýip yzarlaýar. Ahyry düşegiň üstüne bir ýapragyň gaçyp, onuň aýalynyň bedenini gyýandygyny we onuň ýumşak endamynyň näzikligi sebäpli gan akandygy mälim bolýar. Şapur onuň endamynyň näzikligine we ýumşaklygyna geň galyp:

– Seniň endamyň şeýle bir näzik we ýumşak welin, seniň iýýän naharyň nämedi – diýip soraýar.

Ol:

– Kakam meni ýumurtganyň sarysy, toklynyň beýnisi, mesge we bal bilen naharlaýardy – diýip jogap berýär.

Şapur bu sözi eşidip, biraz wagtlap oý-pikire batýar we:

– Sen özüňi şeýle gowy gören kakaňa wepaly bolmansyň we öz şöhwetiňi gandyrmak üçin onuň janyna we ganyna kast edipsiň. Senden wepalylyk tama etmek çig bolar – diýýär.

Soňra Şapuryň buýrugy boýunça başbermezek bir kürräni getirip, gyzyň saçyny onuň guýrugyna daňýarlar we tikenden gülüň bitmegi üçin ony tikenlikde süýredýärler. Şeýdip, tikenlik gyzyň gany bilen gülüstanlyga öwrülýär.

Älem-jahan Şapuryň döwründe diýseň abadanlaşýar. Ol meşhur ýeňişlere eýe bolýar. Ol ýolagçylar sähralykda we çölbeýewanda ýatmasynlar diýip, kerwensaraýlar gurýar. Özüniň uly ogly Hurmuza Horasanyň häkimligini we ol ýeriň ýolbaşçylygyny berýär. Şapur oglunyň halka ýolbaşçylyk etmek, arnamysy goramak, zalymlary gyrmak we mazlumlara peýda ýetirmek dogrusyndaky gözel häsiýetlerini görüp, ony ýanyna çagyrýar we öz mirasdüşeri edip belleýär.

Muhammet Jerir Tabarynyň (goý, Allanyň oňa rehmeti bolsun!) aýtmagyna görä, Şapuryň ogly Hurmuza «Aktag» («Golak») diýýän ekenler. Sebäbi ol özüniň bir elini kesipdir. Onuň sebäbi şeýledir:

Kakasy ony Horasanyň emiri edip iberende, ol şol ýerleri gysymyna gysyp, goşun jemläp, hazynalary toplaýar. Şapur Hurmuzy ýanyna çagyrýar. Hurmuz töhmetçileriň töhmet atmaga pursat tapandyklaryny we göripleriň göriplik edendiklerini bilip, derrew elini kesýär. Ajam patyşalarynyň adatlaryna görä, kemislilere patyşalyk berilmeýän eken we olara boýun egilmeýän eken.

Hurmuz özüniň elini kakasynyň huzuryna iberýär we oňa şeýle hat ýazýar: «Birnäçe adamlar meniň beýnimde özbaşdaklygyň we garaşsyzlygyň ýeli ornaşandyr öýdýärler. Indi seniň meniň ýolbaşçylyk islemeýändigimi bilmekligiň üçin elimi kesip saňa iberýärin».

Şapuryň oňa ýüregi awap, rehimi inýär we oňa şeýle hat ýazýar: «Näme üçin beýle iş etdiň? Sen meniň mirasdüşerimsiň? Biziň rahatlygymyz sebäpli bolandygy üçin seniň bu kemisligiň kämilligiň netijesidir».

Şeýdip, Şapur Hurmuzy özüniň mirasdüşeri edip belleýär. Şapur otuz ýyl patyşalyk edensoň, öz şalyk nobatyny goýup, patyşalygy Hurmuza tabşyrýar.

## HURMUZ IBN ŞAPUR

Hurmuz işleri öz ygtyýaryna geçirip, patyşalygy ele alýar we adalatlylyk däplerini ýola goýup, jebir binalaryny ýykýar. Ol özüniň ata-babalarynyň ýollaryna eýeripdir. Emma Hurmuzyň patyşalyk süren möhleti gülüň eýýamy ýaly gysga bolupdyr. Ol patyşalygy Bähram atly ogluna goýýar.

## BÄHRAM IBN HURMUZ

Bähram agras we tutanýerli adam eken. Adamlar onuň ýuwaşlygyny we sabyrlylygyny görüp, oňa doly öwrenişýärler. Bähram ýagşylyk binýadyny gurýar. Allanyň näleti siňmiş Many[1] Zyndyk onuň döwründe ýüze çykýar. Makdisi «Taryh» kitabynda şeýle diýýär:

Zyndyklaryň binýadyny tutan Many halky özüniň dinine çagyrypdyr. Häzirki güne çenli bu batyl mezhep adamlaryň arasynda saklanyp galypdyr. Bu mezhebe boýun bolup, oňa el uzadan her bir dinsiz oňa bir at goýupdyr. Gorkusyzlar we nadanlar dürli ýollar bilen bu dine giripdirler we ony özgerdipdirler. Häzirki wagtda şol batyl mezhebe iman getirýän jemagata «batyny» diýilýär.

### Hekaýat

Bu kitabyň ýazyjysy şeýle diýýär, «Agraz-us-syýasa fi agraz-yr-ryýasa» («Patyşalykdaky syýasatyň maksady») diýen kitapda şeýle ýazylypdyr:

Many Bähram Hurmuzyň döwründe ýüze çykýar. Ol ökde suratkeş we güýçli hendeseçi[2] eken. Ol özüniň hilegärligi bilen halky aldap, adamlaryň arasynda ýaramaz ýörelge döredýär. Onuň aýdýan sözleriniň gysgaça mazmuny şeýledir: «Adamzadyň bedenindäki ruh ol dünýäniňkidir. Ol bu bedende tussag edilendir we gysylyp durandyr. Edil bir guşuň kapasda bolup, «Haçan çykyp bolarka?» diýip, kapasyň gapysyna özüni urlşy ýaly, ruh hem «Haçan kapasa açylar, men maksadyma we myradyma haçan ýeterkäm?» diýip, garaşyp durandyr. Adam

[1] Many – Manuheý. Pygamberlik dawasyny eden adam. Onuň dini ýörelgesi zertuşt, ýehudy we hristian dinleriniň garyşmasyndan emele gelen ýörelgedir .

[2] Hendeseçi – geometriýa alymy.

özüniň arassa ruhunyň jebir beriji hapa nebisden çalt halas bolmagy üçin dalaş etmelidir».

Ol şeýle gürrüňler we ýalan sözler bilen halky aldapdyr. Ol ýene-de şeýle diýipdir: «Ölmek ýaşamakdan gowy. Amanat ömrüň asly ýok». Ol şunuň ýaly «bezelen» gürrüňleri köp eder eken.

Onuň habary Bährama baryp ýetýär. Bähram ony çagyrmaklaryny buýurýar. Ol gelip, Bähramyň tagtynyň öňünde durýar. Bähram oňa:

– Öz gürrüňleriňi aýt – diýýär.

Many şol sözlerini beýan edýär. Bähram oňa:

– Seniň diriligiň ýagşymy ýa-da ölmegiň – diýýär.

Ol:

– Meniň ruhum üçin ölmegim – diýip, jogap berýär.

Bähram oňa:

– Men seni seniň aýdyşyňa görä edeýin. Seniň pikiriňçe ölmek ýaşamakdan ýagşy bolýandygy üçin seni azapda goýman dowzaha ibereýin – diýip, ony dara çekmeklerini buýurýar. Şeýdip, onuň şer özeni sönýär.

## BÄHRAM IBN BÄHRAM

Bährama Bähram Salaf[1] diýer ekenler. Sebäbi onuň tekepbirligi we azary ähli patyşalaryňkydan köp, jebir we jezasy çäksiz bolupdyr. Ol azajyk günä üçin köp azap bererdi we kiçijik jenaýat üçin käýinç bosagasyndan geçip, jezalandyryş boýnuna eterdi. Halk onuň elinde çykgynsyz ýagdaýa düşüp, onuň temmi bermeginden we jezalandyrmagyndan ýaňa bizar bol-

---

[1] Salaf – tekepbir, ulumsy.

ýarlar we möwbitleriň[1] hem-de akyldarlaryň ýanyna baryp, olardan medet, maslahat soraýarlar. Olar:

– Biz sizden hem beter çäresiz. Siz hassadan tebipçilik etmegi soraýarsyňyz – diýýärler.

Şonda möwbitleriň biri:

– Eger ähli emeldarlar we işgärler meniň diýenimi etseler, bu işiň çözgüdini tapaýyn – diýýär.

Olaryň ählisi:

– Gözümiz we gulagymyz seniň permanyňa baglydyr – diýýärler.

Şonda ol:

– Emeldarlaryň hiç haýsysy onuň ýanyna gitmesin we hiç iş etmesin. Meselem, eger ol at islese üzeňňiçi onuň ýanyna barmasyn, eger çörek islese desterhançy görünmesin – diýýär.

Adamlaryň ählisi onuň yşaratyna görä, patyşanyň huzuryna barmaýarlar. Ol bialaç galyp ajygýar we gaýgy-gama batyp, bitakat bolýar. Soňra möwbitler möwbidi[2] onuň ýanyna baryp şeýle diýýär:

– Patyşalygy ýekelikde sürüp bolmaýandygyna şübhelenme. Jahan ýaranlar bilen hoşdur.

Eger ýaranlaryňy öldürseň, ýeke galarsyň,
Zar-zar edip ýaranlaryňy gözlärsiň.

Sen şu adamlaryň barlygy bilen patyşasyň. Eger bu adamlar saňa boýun bolmasalar seniň buýrugyňdyr gadagan etmäň, çözüşdir baglamaň kime täsir eder?

Şondan soň Bähram ol gödeklikden we ýaramaz häsiýetden el çekip, ýaşaýyş usulyny üýtgedýär. Soňra biraz hököm-

[1] Möwbit – otparaz ruhanylary.
[2] Otparazlaryň baş ruhanysy.

darlyk sürüp, panylyk hatyny okaýar. Ondan soň onuň ogly tagta geçýär. Onuň ady hem atasynyň ady bilen meňzeş bolup, oňa «Şahynşa» diýipdirler. Kakasy ýaly onuň hem patyşalyk süren möhleti az bolupdyr. Muhammet Jerir Tabary dört ýyl, «Gurar we siýär» («Saýlantgylar we başdan geçirmeler») kitabynda bolsa dört aý diýip görkezipdirler. Ol öz döwründe adalatlylyk we ynsaplylyk bilen höküm sürüp, adamlary özüniň yhsany-ýagşylygy bilen şatlandyrýar. Ol wepat bolanda, ondan ogul galmandyr. Patyşalyk onuň Nersi atly doganyna ýetýär.

## NERSI

Nersi sahawatly we ýagşy ahlakly adamdy. Halk onuň adalatlylyk bilen höküm sürýän eýýamynda diýseň asuda ýaşapdyr. Ol dokuz ýyllap patyşalyk edipdir. Soňra onuň ýaşaýyş gämisi ömür derýasynda panylyk kenaryna ýetýär we ogly Hurmuz onuň ýerine geçýär.

## HURMUZ IBN NERSI

Hurmuz ibn Nersi pähimsiz we zalym patyşa bolupdyr. Ol patyşalyga ýetensoň, halk ondan gorkup, howsala düşüpdir. Emma ol bir gün bir danadan:

– Men näme etmeli? – diýip soraýar.

Hekim oňa şeýle jogap berýär:

– Patyşalyga mynasyp bolup, işleri ýerlikli dolandyrjak bolsaň, adamlara patyşa bolşuň ýaly öz nebsiňe hem patyşa bol.

Hurmuz bu pendi eşidip, ony kabul edýär we ýaşaýşy başga usulda we ýörelgede dolandyryp başlaýar. Ol sabyrlylygy özüniň şygary edinip, halkyň kalbyny şonuň bilen awlaýar. Ol

ýedi ýyl dokuz aý patyşalyk edenden soň, awa çykan wagtynda, awdan ýarawsyz halda gaýdyp gelýär we dünýäden ötýär.

## ŞAPUR ZÜLEKTAF

Hurmuz dünýäden ötende, ondan perzent galmandyr. Emma onuň aýallarynyň biri göwreli eken. Ol öljek wagty möwbitleri çagyryp:

– Meniň pylan aýalym hamyla. Eger oglan dünýä inse, ol meniň mirasdüşerim bolmalydyr – diýip, o dünýä şaýyny tutupdyr.

Ajam patyşalygy patyşasyz galýar. Emma onuň wepat bolanyndan iki-üç aý geçensoň owadanlykda, enaýylykda we husny-jemalda zamanada deňi-taýy bolmadyk oglan dünýä inýär. Ilat onuň doglan güni diýseň şatlanyp, patyşalyk täjini onuň sallançagyndan asýarlar we ony terbiýelemekde elde baryny edýärler. Ol ulalyp, gowyny-erbedi, agy-garany saýgaransoň, ýedi-sekiz ýaşyndaka ilkinji permany berýär. Ol şudur:

Ol bir gün üçegiň üstünde durka, Dejläniň köprüsinden geçýän adamlaryň biynjalyk bolup, gygyryşýandyklaryny görýär. Ol:

– Bu nämäniň gykylygy? – diýip soraýar.

Olar oňa:

– Dejläniň üstünde diňe bir köpri bar. Adamlar şonuň üstünden geçýärler. Birtopar adamlar ol tarapdan, birtopar adamlar bu tarapdan gelýärler we ýolda çakyşyp, suwa gaçýarlar – diýip jogap berýärler.

Şonda Şapur:

– Köprini iki ediň, biri gelýänler, beýlekisi gidýänler üçin bolsun – diýip perman berýär.

Bu habar möwbitleriň gulagyna ýetende, olar diýseň şatlanyp, onuň ykbalynyň oňatlygyna hem aňynyň kämilligine

umyt baglapdyrlar. Ol ulalansoň, meşhur işleri amala aşyrýar. Ol araplary gyrmakda çendenaşa dalaş edipdir. Onuň araplaryň ellerini eginlerinden goparýandygy üçin oňa «Zülektaf», ýagny «Eginleriň eýesi» diýipdirler. Onuň beýany biziň pygamberimiz alaýhyssalamyň mugjyzalary baradaky kitabymyzyň soňky bölümlerinde gürrüň ediler. Şonuň üçin ony bu ýerde gaýtalamaga hajat ýok.

Şapur araplaryň işinden dynansoň, Rum patyşasyna garşy ýola düşmegi ýüregine düwýär. Onuň bu maksadynyň sebäbi şudur:

Ol araplara garşy söweşmek islände, araplardan bir topary Ruma gaçyp, Kaýsara penalanýarlar we Kaýsar olara aman berýär. Şapur Kaýsaryň ýanyna ilçi iberip, olary talap edýär. Kaýsar oňa:

– Aman isläne hyýanat etmek – mertlik-merdanalyk eýelerine laýyk däldir. Penalanany tabşyrmak – patyşalar üçin ýaramaz we erbet işdir. Sen bu islegiňden dänmeli bolarsyň – diýip jogap berýär.

Şu sebäpli Şapur ondan ynjap:

– Ikimiziň aramyzdaky ylalaşyk şertnamasy şu sebäpli bozuldy. Sebäbi sen meniň duşmanyma aman berip, duşmanlarym bilen dostluk ýoluny tutduň – diýýär.

Soňra ol leşger çekip, Rum welaýatyny weýran etmek isleýär. Emma ilki olaryň ýagdaýy bilen tanşyp, goşunlarynaň sanyny we hilini bilmekçi bolýar. Ol leşgeri we welaýaty özüniň oruntutarlarynyň birine tabşyryp, özi derwüşleriň we bezirgenleriň lybasynda Ruma gidýär. Bu onuň goýberen ýalňyşlyklarynyň biridir. Ol Ispendiýaryň demir gala girmek üçin ulanan usulyna eýeren we Daranyň ýanyna barmak üçin Isgenderiň ulanan ýörelgesine daýanan bolsa-da, olaryň şol işleri hem ýalňyşlykdy. Ýalňyşlyga, eger ol şowuna, bähbitli bolsa-

da, daýanmak we oňa eýermek mynasyp däldir. Ýalňyşlyk eger ol şowuna hem bolsa ýalňyşlykdyr.

Şeýlelikde, Şapur Ruma gidip, bir ýerde düşleýär. Ol Kaýsaryň hal-ýagdaýlary barada habar toplaýardy. Bir gün Kaýsar baýramçylyk edip, hemmeleri çagyrýar. Ähli adamlar onuň köşgüne barýarlar. Sakçylar hiç kime onuň köşgüne girmekligi gadagan etmändir. Şapur köşge girip, bir çetde oturýar. Adamlaryň gözi oňa düşenden onuň azamaty we haýbaty ýüreklerde ornaýar we gözler lezzet alýar. Onuň mynasyp husny-jemaly gözleri melul edýär. Bir wagt ilçilige gelen Kaýsaryň ýörite adamlarynyň biri ony tanaýar we Kaýsara onuň Şapurdygy barada habar berýär. Edil şol wagt hem Kaýsaryň nedimleriniň biriniň elinde Şapuryň suraty çekilen patyşalyk jamy bar eken. Olar şol surat bilen Şapury deňeşdirýärler. Kaýsar onuň Şapurdygyny anyk bilýär. Onsoň Kaýsaryň buýrugy boýunça ony tutýarlar. Soňra derhal bir sygry soýup, onuň derisini gyzdyryp, Şapury ýalaňaçlap, ony şol derä oraýarlar. Deri guraýar we Şapur deriň içinde galýar. Soňra Kaýsar leşgerini jemläp, Eýran ülkelerine tarap ugraýar we Şapury özi bilen äkidýär. Kaýsar bu işinde iki ýalňyşlyk goýberipdir. Birinjisi, duşman ele düşensoň ony saklamakdan näme peýda bar?! Ikinjisi, eger ony saklamakdan bir peýda bar bolsa, onda näme üçin ony özi bilen äkidipdir we näme üçin ony Rumda tussag etmändir?!

Şeýlelikde, leşger Eýran ülkelerine girip, möjek kimin çopansyz sürä düşüp, ýykyp-ýumurmaklyga başlaýar. Eýrany weýran edip, şäherleri ýumrup, Şapuryň paýtagty Nişapuryň çäklerine ýetýär. Şapuryň mülküniň ady bellileriniň we onuň döwletiniň sütünleriniň köpüsi şol ýerde eken. Olar galany gorap, Kaýsara garşy söweşe meşgul bolýarlar. Derä bürelen Şapur deriň içinde, günüň aşagynda bişýärdi. Ahyrynda tersala-

ryň[1] baýramçylyk günleri bolansoň, Kaýsar we onuň leşgeri ybadat etmäge meşgul bolýarlar we Şapuryň goragçylary ondan gapyl bolýarlar. Şapur töweregine seredýär, görse ýag meşikleri bar eken. Ol ýesirleriň birine:

– Bir hilegärlik edip, şol ýag meşiklerinden şu derä guý – diýýär.

Olar kömek edip, şol derä ýag meşiklerinden guýýarlar. Şeýdip, deri ýumşaýar we Şapur onuň içinden çykýar. Ol garaňky gije ýuwaş-ýuwaş hereket edip, leşgergähden çykýar we şäheriň gapysyna ýetýär. Ol özüniň kimdigini aýdansoň, gapyny açýarlar. Ol hem gala girýär. Leşgerdir adamlar hoşal bolýarlar. Ol leşgeri toplaýar we olara rumlularyň gaflatyndan habar berýär. Ol leşgeri doly ýygnap, gijäniň ýarynda galadan çykýar. Rumlular hem gapyl, hem hoşal eken. Olar birden rumlulara hüjüm edip, birtoparlaryny gylyçdan geçirýärler we Kaýsary tussag edip, Şapuryň ýanyna getirýärler. Şeýdip, ýeňiji ýeňlişe we üstün çykyjy ýykylşa sezewar bolýar.

Kaýsary Şapuryň öňünde häzirlänlerinde, Şapur oňa şeýle diýýär:

– Men seniň eden işiňi etmerin. Emma sen Eýranda weýrançylyk edenligiň sebäpli, Rumdan palçyk, kerpiç we agaç getirmeklerini buýur. Ol ýerlerden ussalary we işgärleri getirip, bu ýerleri abadanlaşdyr. Döwen her agajyň ýerine Rumdan nahal getirdip oturt. Her ölen adamyň ýerine onuň hossaryna gan hakyny ber we onuň ýerine söweşmek üçin we onuň ýerinde durmak üçin Rumdan gulam getir.

Kaýsar bu zatlaryň hemmesini kabul edýär we uly minnetdarlyk bildirýär. Olaryň weýrançylyklary dikeltmekleri we agaçlary oturtmaklary üçin birnäçe ýyl gerek bolýar. Soňra köp salgyt tölemegi kabul edensoň, Şapur ony goýberýär.

[1] Tersalar – mesihiler, hristianlar.

Muhammet Jerir Tabarynyň «Taryhyna» görä, Şapur onuň iki ökje süňküni ýazdyryp, eşege ters mündürýär we Ruma iberýär. Şapur ýetmiş ýyllap patyşalyk sürüpdir. Ahyry boýny ajal halkasyna çolaşýar we ahyret älemine gidýär.

## ERDEŞIR IBN ŞAPUR

Şapur Zulektafyň iki ogly bolup, biri Şapur, beýlekisi bolsa Bähram eken. Olaryň ikisi hem ýaş eken. Dogany Erdeşir onuň ornuna geçýär. Ol ilki leşgeri we raýaty hoşamaýlaýar. Emma patyşalykda doly ornaşansoň, doganynyň adamlaryny agdarmaga başlaýar we Şapuryň yzlaryny ýitirmäge dalaş edip, birnäçe adamlary öldürýär. Adamlar onuň bu hereketinden gorkup, toparlanyşýarlar we ony işinden aýryp, kakasynyň oruntutary Şapur ibn Şapury patyşalyga geçirýärler. Ol işleri öz ygtyýaryna alyp, häkimiýetden kemçilikleri aýyrýar we döwlet işlerini tertibe salýar. Ol agasyny boýun bolmaga çagyrýar. Ol boýun bolýar. Ol patyşalaryň we gozgalaňçylaryň boýunlaryny özüniň tabynlyk ýüpüne saraýar we bäş ýyl höküm sürýär.

Bir gün sähra çykanda, onda aw awlamak höwesi döreýär. Hyzmatkärler onuň çadyryny gurýarlar. Ol çadyra girýär. Birden güýçli ýel ösýär we onuň çadyryny ýykýar. Çadyr üstüne ýykylansoň, ol heläk bolýar. Aýtmaklaryna görä, ol şol gün halk üçin erbet pikir edipdir we zulum etmegi ýüregine düwüpdir. Allatagala oňa özüniň islegini sözden amala geçirmek üçin pursat bermändir we halky onuň şerinden halas edipdir. Bähram ibn Şapur onuň ýerinde oturýar.

## BÄHRAM IBN ŞAPUR II

Ol kakasynyň ornuna geçensoň, ýagşy işleri we gowy amallary edip başlaýar. Kerman şäheri şonuň tarapyndan gur-

landyr. Şol sebäpli hem bu şähere «Kerman Şahan» (Şalaryň Kermany) diýýärler. Ol on bir ýyldan soň, öz ýaşaýyş ýoluny üýtgedip, adalatly bolmagy terk edýär. Adamlar bu düzgüne çydap bilmän, onuň köşgünde dawa-jenjel turuzýarlar. Şol ýerde bir adam oňa peýkam atýar. Peýkam onuň bokurdagyndan çümýär we ol heläk bolýar. Ondan soň, takmynan, müň adam öldürilýär. Emma şonda-da, onuň ýiten jany gaýdyp gelmeýär. Ol ýogalansoň, onuň ogly Ýezdigert patyşalyga geçýär.

## ÝEZDIGERT IBN ŞAPUR (ÝEZDIGERT ESIM)

Ol zalym, sütemkär we betpäl adam bolup, onuň jebir-sütemi we tekepbirligi ýokary derejede eken. Ol şeýle bir köp erbetlik edipdir welin, oňa Ýezdigert betkär diýipdirler. Şu aşakdaky beýan edilen zatlar onuň eden erbet işlerindendir:

Ýezdigert hiç kimiň şepagatyna we aklap kepil geçmesine gulak salmaýardy, hiç mazlumyň şikaýatyna üns bermeýärdi, zalymlaryň zulum etmeleriniň öňüni almaýardy. Halk beladan halas bolmak üçin Haktagaladan onuň ölümini dileýärdiler. Beýik Ýaradyjy mazlumlaryň dogasyny kabul etdi. Sebäbi onuň rehmeti mazlumlaryň dogalaryny kabul etmek bilen baglydyr:

El göteren wagtyň adamlara sen,
Bu barada oýlan, gitmegin gaty.
Sütem golun uzatmagyn oýlanman,
Alla horlanana açýandyr gapy.

Bir gün bir at onuň leşgergähine gelip, onuň çadyrynyň agzynda durýar. Adamlar onuň gowy reňkinden we görmegeý

keşbinden haýrana galýarlar. Ýezdigerde habar berýärler. Ol daşary çykýar we aty görüp:

– Ony eýerläň – diýýär.

At hiç kişä özüne ýakynlaşmaga ýol bermeýär. Ýezdigert onuň ýanyna baryp, onuň arkasyna elini goýýar welin, ol ýuwaşaýar. Ol atyň başyna jylaw goýjak bolanda, at birden öwrülip, ony şeýle bir güýçli depipdir welin, onuň ýüzüniň keşbi ýitip gidipdir. At sähralyga tarap ugrap, gözlerden gaýyp bolýar. Allatagala halky Ýezdigerdiň zulumyndan halas edýär we onuň ady erbetlik bilen ýaýraýar.

## BÄHRAM GUR

Aýtmaklaryna görä, Ýezdigerdiň dünýä inen çagalarynyň hiç biri durmandyr. Ol bu ýagdaýa örän gynanýan eken. Ahyrynda onuň mynasyp, görmegeý we berdaşly, owadan we ululyk belgileri alnynda mälim hem-de şähriýarlyk alamatlary hereketlerinde we oturyp-turşunda aýan bolup duran bir ogly bolýar. Ol bu oglunyň hem wepat bolmagyndan gorkup, ony arap emiri we Hyranyň patyşasy Nugman Münzire tabşyrýar. Hyra Yrak şäheri bolup, Kufe şäheriniň alkymynda ýerleşipdir we ajap howaly ýer bolupdyr. Ýezdigert oňa ogluny şol ýere eltip, terbiýelemegi buýurýar. Ol çagany terbiýelemek üçin mähriban enekeleri we rehimli atabegleri saýlaýar. Nugman beýik neberelerden bolan üç atabeg tapýar. Biri arap, ikinjisi ajam, üçünjisi hem türk. Ol bu işi çaganyň arap diline çeperligini, ajam sahawatyny we türk edermenligini öwrenmegi hem-de ol üç atabegiň dillerinde suwara geplemegi üçin edipdir. Nugman onuň üçin iki sany köşk gurdurýar: birine Sedir we beýlekisine Huwarnak diýip at goýýar. Araplarda şol iki köşkden görnükli bina bolmandyr.

Bähram şol ýerde ösüp-ulalýardy. Onuň işi şeýle bir derejä baryp ýetipdir welin, ol batyrlykda tymsala öwrülipdir, ýaý atmakda şeýle bir derejä ýetipdir welin, çarhypelegiň ýaýy onuň çarhynyň ýaýynyň öňünde tap getirip bilmändir. Onuň okunyň süýnýän ýyldyzy ýaýyň helaly[1] bilen sepleşende, onuň peýkamynyň nyşanasy duşmanlaryň ýürek ýarasy bolýardy.

Nugman Münziriň bir aty bolup, ol çapuwda bady-saba bilen ýaryşýardy, pyrlanyşynda çarhypelegiň aýlanyşy ýuwaş görünýärdi. Ol şol atyny we mal-mülküni onuň öňünde goýup:

– Sen nämäni halasaň, men ony gaýgyrmaryn, ähli zadym seniň mülküňdir we zadyňdyr – diýýär.

Bähram onuň bu ýagşylygyny köp minnetdarlyklar bilen kabul edip, özüne gerekli we ýaşar ýaly zatlardan başgasyny almaýar we hoşgöwünlilik bilen ömür sürýär.

## Hekaýat

Oňa Bähram Gur diýendikleriniň sebäbi şudur:

Ol bir gün Nugman Münzir bilen aw-şikara çykýar. Olar ýolda bir ýolbarsyň bir gulany awlap, oňa ýapyşan pursadyny görýärler. Bähram olara tarap peýkam atýar. Ok ýolbarsyň arkasyndan geçip, gulanyň garnyndan çykýar we ýolbars hem, gulan hem ýykylyp ölýär. Nugman peýkamyň ýarasyny görüp, Bähramyň ellerine we çiginlerine «Aperin!» diýip, güýçli bilege sena aýdýar we:

– Eger men bu ýagdaýy öz gözüm bilen görmän, başgalardan eşiden bolsam, hergiz ynanmazdym – diýýär[2].

[1] Helal – aýyň iň inçe bolup egrelip, görünýän wagty, täze dogan aý.

[2] «Gur» diýmek «gulan» diýmekdir. Bu hekaýatda Bähramyň ökdelik bien gulan awlanlygy we umuman onuň gulan awlamagy söýenligi we ökdeligi üçin oňa Gur lakamy berlendigi aýdylýar.

## Hekaýat

Bähramyň ady älem-jahana ýaýransoň, ol öz jemalyna we kemalyna laýyklykda, kakasyndan mertebe alar ýaly hyzmatyna gitmek we onuň edep düşegini ogşamak isleýär. Ol Nugman bilen maslahatlaşýar. Nugman oňa:

– Seniň bu aýdýanyň dogry we saňa wajyp iş. Sebäbi seniň ýaly oglan kakasynyň hyzmat parzyny berjaý etmeli. Her bir atanyň seniň ýaly ogly bolsa, ondan janyny gaýgyrmaz. Emma seniň kakaň erbet gylyk we dargursak adam. Birden sen ondan ynjap, erbet ýatlamalar bilen dolanmaly bolaýma – diýýär.

Bähram:

– Şeýledigine garamazdan, men bir gezek öz göreçlerimi onuň jemaly bilen nurlandyrasym gelýär – diýýär.

Şeýlelikde, Nugman ony taýýarlap, esbaplaryny üpjün edip, birnäçe nökerler we gulamlar bilen Medaýyna iberýär. Ol kakasynyň köşgüne gelende, kakasy ogluna mynasyp üns we mertebe bermeýär. Ol kakasy tarapyndan ýerlikli kabul edişligi görmeýär we özüne edilen ünsi ýeterlik saýmaýar. Sebäbi kakasy ony gulamlarynyň hatarynda goýýar we ony öz ýanynda oturtmaýar.

Ol bir gün bendeleriň hatarynda kakasynyň huzuryndady. Ol bir germewe ýaplanyp durka, birden uky ony basýar we kellesi agyrlanýar. Kakasy ony görüp, ony edepsiz hökmünde ynjydýar we zyndana oklaýar. Ol birnäçe wagtlap zyndanda galýar. Ahyry bir gün Bähram ilçi hökmünde gelen Rum kaýsarynyň doganyny araçy tutunýar. Ol Bähramy kakasyndan sorap, şeýle diýýär:

– Bu çaga araplaryň içinde ulalypdyr. Olaryň ahwaly patyşa mälimdir. Ony boşadyp, Nugmanyň ýanyna iberseň

hem-de Nugmanyň onuň üstündäki minnet ýüki ýeňleşer ýaly oňa şol ýerde nan-çörek berseň gowy bolardy.

Ýezdigert Bährama hiç hili mürewwet-sahylyk etmezden ýa-da oňa nandyr engam bermezden boşadyp, Nugmanyň ýanyna gitmäge rugsat berýär. Bähram Nugmanyň ýanyna gelýär. Nugman ony garşylap, onuň gadamyny mübärekläp, şatlyk-şadyýanlyk edip, oňa şeýle bir kän baýlyk-nygmat berýär welin, Bähram haýran galýar. Aýtmaklaryna görä, oňa ýüz müň gyzyl dinar peşgeş beripdir. Bähramyň göwni açylyp, meý-şerap içip, aw-şikara başlaýar. Biraz wagtdan soň, onuň gulagyna kakasynyň wepat bolandygy baradaky habar ýetýär.

## Hekaýat

Öň aýdyp geçişimiz ýaly, Ýezdigerdi at depip, ýok edensoň, leşgeriň ululary we welaýatyň ady belli şahsyýetleri üýşüp:

– Biz Ýezdigertden hiç bir gulagyň eşitmedik we hiç bir gözüň görmedik zulumyny we erbetligini gördük. Indi biziň säher çagy edýän dileglerimiziň oky nyşana degdi we biz ondan halas bolduk. Onuň araplarda bir ogly bar. Emma onuň neslinden bize patyşa bolar ýaly adamyň bolmagy zerur däl. Sebäbi ol hem kakasynyň ýoluny ýöreder we biz onuň elinden ýaňa halys bolarys – diýip, maslahat edýärler.

Olaryň arasynda Erdeşiriň perzentlerinden bir adam bolup, oňa Kesra diýerdiler. Ähli adamlar onuň bilen ähdi-peýman edişýärler we patyşalygy oňa berýärler. Bu habar Bährama baryp ýetende, ol diýseň gynanyp, ynjap, arap leşgerini toplap, Şam söweşijilerini çagyryp, leşgeri bilen Medaýyna tarap ýola düşýär. Eýran han-begleri onuň gelýändigi baradaky habary eşidip, gorkýarlar we birden pitne turup, halk hem şol sebäpli heläk bolar diýip, oý-pikire batýarlar. Şeýlelikde, möwbitleriň

we atly-abraýlylaryň birnäçesi ilçi hökmünde onuň ýanyna gelip:

– Näme iş bilen gelýärsiň, biz seniň kakaňdan köp renç-muşakgatlary gördük. Elbetde, biz onuň neslinden hiç kimiň patyşa bolmagyna razy däldiris – diýýärler.

Bähram olara köp hoşamaý sözler aýdyp:

– Meniň kakamyň nähili ýaşandygy mälimdir. Men adalat ýolundan başga ýola gitmerin, onuň ýyrtan zatlaryny dikerin, döwen zatlaryny ödärin. Siz meni goýup, meniň üstüme birini saýlapsyňyz we patyşa edipsiňiz. Men siziň tagallaňyzy batyl etmerin. Siz ertir patyşalyk täjini getirip, iki sany gaharjaň aç şiriň arasynda goýuň. Her kim şol şirleriň arasyndan täji alsa, ony öz kellesine geýsin – diýýär.

Bu topar Bähramyň mährem sözüni eşidip, onuň wadalaryna gulak goýup, onuň jemalyny, kemalyny, ýüz-keşbini we mynasyp şekilini görüp, yzlaryna dolanýarlar we döwlet sütünlerine:

– Bu Bähram zalym adamlardan däl. Ony hiç kim bilen deňeşdirip bolmaz. Ol mähremligiň keşbi, sahylygyň özeni we adamlaryň janydyr – diýýärler.

Ertesi gün patyşalygyň han-begleri we döwlet sütünleri häzir bolup, Medaýynyň gapysynda üýşýärler. Olar iki sany aç şiri şirhanadan çykaryp, olaryň zynjyrlaryny açýarlar we täji olaryň arasynda goýýarlar. Bähram öňe çykýar, patyşalyga saýlan adamlary Kesra hem öňe çykýar. Kesra ol aç şirleri görüp, täji goýup, başyny saýlaýar we:

– Meniň üçin jan mülkden ýokary – diýýär.

Bähram öňe çykyp:

– Her kim täç islese, başyndan el üzmelidir – diýýär.

*Beýt*

Yşkyň humarhanasyna gadam goýan her kişi,
Utdurar baýlyk-baryny, çeker soňra teşwişi.

Ol bir gürzi alyp, şirlere topulýar. Şirler oňa tarap hüjüm edenlerinde, ol atdan düşüp, olaryň biriniň üstüne bökýär. Haçanda beýlekisi hem topulanda, onuň gulagyndan tutup, ikisiniň kellesini biri-birine şeýle bir urupdyr welin, olaryň beýnisi çogup ölüpdir. Şeýdip, olaryň arasyndan täji alyp, başyna geýýär. Onuň patyşalygyny gutlan ilkinji adam amanat görnüşinde patyşalyk berlen Kesrady. Başgalar hem onuň öňünde başlaryny ýerde goýup, razylyk elini uzadýardylar. Şeýdip, Bähram patyşa bolýar.

Bähram patyşalyk tagtynda oturyp, halky özüniň ýolbaşçylyk saýasyna alýar. Ol Nugmana mynasyp hyzmatlar edip, köp sylag-serpaý berýär. Soňra arap leşgerini mynasyp hormatlap, yzyna gaýtarýar. Ol adalatlylyk düşegini düşäp, zalymlaryň elini gysgaldyp, adamlaryň salgytlaryny geçýär. Soňra hoşgüzeranlyga başlap, şeýle bir derejede öte geçýär welin, köp günlerini şerap içmek bilen geçirýär. Şeýdip, ol halkdan gapyl galýar we hoşgüzeranlygy patyşalygyň bähbidini öňe sürmekden we işleriň soňy barada oýlanmakdan ýokary tutýar. Ahyrynda türk hanyna Bähramyň döwlet işlerinde gapyllyk edip, eýýamyny aýşy-eşretdir hoşgüzeranlyk bilen geçirip, Rum ýurduna degişli işlerden doly ýüz öwrendigi we bezim esbaplaryny gurup, zamananyň diliniň oňa şu aşakdaky beýtleri aýdýandygyny ýetirýärler:

Eý, şa, aşa meý içmekden ne peýda,
Aňsyz bolup, serden geçmek ne peýda!

Patyşa-ha serhoş, jahanam weýran,
Bu dünýäden beýle gaçmak ne peýda!

## Hekaýat

Çyn hany leşgeri bilen Termiz derýasyndan geçende, Bähram ondan habarly bolýar. Bähramyň leşger we ýarag-esbaplary taýýar däldi. Bähram bu ýagdaýa ähmiýet bermän:

– Biz leşgere daýanman, Ýaradana daýanýarys. Alla her kime patyşalyk berse, leşgeriň mededi we goşunyň haýbaty bolmazdan patyşalygyny saklar – diýýär.

Ol duşmana üns bermän, bezme başlaýar. Çyn hany Eýran welaýatyna gelende, Bähram hersi öz ýerinde Rüstem we demir tenli Ispendiýar bolan zamananyň edermenlerinden we söweşjeňlerinden birnäçe atly bilen aw-şikara gitmegi niýetläp, Töwrize ugraýar. Ol şol ýerdäki ataşkedede ybadat etmäge meşgul bolýar. Ol dogany Nersini leşgere serdar edýär. Garamaýak adamlar Bähram Çyn hanyndan gaçyp, janyny gutarýandyr, Ruma gider we Kaýsara penalanar diýip, pikir edipdirler.

Onsoň her kim Çyn hanynyň şerini dep etmek üçin oňa arz edip, köp sylag-serpaý iberýärler we salgyt tölemegi kabul edýärler. Han ylalaşyga razy bolýar. Ol atlary otlaga goýberýär we leşgeriň han-begleridir sütünlerini pul toplamak üçin daş-töwerege iberýär.

Bähram Çyn hany barada habar toplamak üçin çar tarapa jansyzlar iberipdi. Olar gaýdyp gelip, Bährama onuň gapyllygy barada habar berensoňlar, ol pursatdan peýdalanyp, Gürgen ýolundan aç şirler ýaly goşun bilen dessine hüjüm edýär. Ol bilniksiz Merwe girip, hanyň üstüne çozuş edýär we onuň leşgeriniň köpüsini gylyçlaryň zarby bilen heläk edýär. Soňra eli bilen hanyň kellesini kesip, täji-tagtyny, hazynasyny talaýar. Onuň Eýran welaýatyndan alan baýlyklaryny eýeli-eýesine

berip, döwlet we ykbal saýasynda Medaýyna gelýär we tagtda ornaşýar. Hana meýil eden we özlerini oňa görkezen emirler we han-begler özlerine araçy tutunyp, günälerini boýun alýarlar. Bähram hem ählisiniň günäkärlik hatyna kerem we geçiş çyzgysyny çyzýar. Rum Kaýsary mal-salgyt tölemegi kabul edýär. Bähramyň işi ýaňadan gülleýär we terleşýär.

## Hekaýat

Onuň mülki ýene-de berkäp, baýdagynyň saýasy halkyň üstüne örtülensoň, Hindistan ülkesi barada aňtaw edip, ol ýerlerini hem basyp almagy ýüregine düwýär. Ol dogany Nersä ýurdy tabşyryp, özi gizlinlik bilen bezirgenleriň lybasynda Hindistana barýar. Şol wagt Hint raýy[1] Şeňgül atly bir kişidi. Ol ähli raýlardan güýçlüligi, baýlygy, mülkdarlygy, hazynasynyň we leşgeriniň köplügi bilen rüstem eken.

Bähram Hint ülkesine girip, şäheriň ýagdaýyny öwrenýär. Bir gün şäheriň etegindäki tokaýda uly pil peýda bolup, halky heläkçilige salypdyr. Şol sebäpli ýollar ýapylypdyr we ähli adamlar ony dep etmekden ejiz gelipdir.

Bähram ýeke özi öňe çykyp, ol pil bilen tutluşyp, ony ýykýar. Bu habar raýa baryp ýetýär. Ol Bähramy çagyryp:

– Sen kim, bu ýere nädip geldiň. Näme üçin biziň bilen dost bolmadyň we özüňi bizden daşda sakladyň? – diýýär.

Bähram oňa:

– Men Eýran ülkesinden. Şol ülkäniň patyşasy meniň bir hereketim sebäpli menden ynjady we meniň janyma kast etdi. Men janymdan gorkup, onuň mülkünden gaçyp, seniň topragyňda penalandym – diýýär.

[1] Hindi patyşalygyna berilýän lakam. «Raja» hem diýilýär.

Şeňgül oňa sylag-hormat edip, dürli derejeleri berýär. Şeýdip, Bähram onuň hyzmatynda boluberýär. Bir gün raýyň güýçli duşmany peýda bolýar. Raý ony dep etmäge güýjüniň ýeterlik däldigi üçin, pespällik bilen ýalbarýan halda onuň ýanyna baryp, paç tölemegi kabul etmegi ýüregine düwýär. Bähram oňa ýol bermän, leşger çekip, ony dep edýär. Onuň mertligi-merdanalygy baradaky habarlar bu ülkä ýaýraýar. Şeňgül onuň edermenligini görüp, özüne erk etmek jylawuny akyl elinden sypdyrýar. Bähram Gur pars dilinde şu beýti aýtmaga başlaýar:

Men bir gaharjaň şir, meňzeýän pile,
Adym-a Bähram Gur, künýäm Buhile[1].

Şeňgül bu beýti diňläp, onuň Bähramdygyna göz ýetirýär we ýerinden turup, köşge barýar. Ol Bähramyň öňünde edep zeminini ogşap, ötünç dilini açyp:

– Ululyk nagşy şanyň mübärek alnynda äşgär bolsa-da, biziň nadanlygymyz we gapyllygymyz sebäpli, patyşanyň huzurynda kemçilik goýberipdiris. Emma peslik bilen onuň bendeliginde oturandyrys. Şa bolsa gul otagynda düşläpdir. Eger ol biz bendä mähremlik görkezse, bendelik guşagyny guşanaýyn. Emma ol islese, men patyşalyk tagtyndan düşüp, bir çet ýere gideýin – diýýär.

Bähram oňa:

– Sen şunça wagtyň içinde üns bermeklik, dostluk, dildarlyk we myhmansöýerlik däplerini doly berjaý etdiň. Seniň ýalylardan tama edilmeýän zatlary etdiň. Indi bolsa, meniň saňa teklibim, seniň haremhanaňda gün jemalyndan utanýan we serwi agajy onuň katdy-kamatyndan ýaňa aýaklaryny pal-

---

[1] Käbir nusgalarda «Bujebele» diýen görnüşi hem bar.

çykda gizleýän bir gyzyň bar. Meniň seniň bilen dostlugym gudaçylyga öwrüler ýaly ony meniň nikama giriz. Şonda, onuň hakyny eda etmek maňa wajyp bolar – diýýär.

Şeňgül onuň bu islegini kabul edip, oňa tabyn bolýar. Ol gyzyny köp sylag-serpaýlar bilen durmuşa çykaryp, dünýä harajatyny sarp edipdir we bol-telki dabara edipdir welin, zamananyň dili onuň dabarasyny ýaýmaga başlapdyr. Bähram merdanalygynyň penasynda Eýrana dolanýar. Leşgerdir adamlar ony garşy almaga çykyp, sadakalar beripdirler we şatlyk ýaňyny çalypdyrlar.

Bähram adamlaryň höwesini görüp hem-de özüniň gaýdyp gelendigi üçin olaryň begenjini we şadyýanlygyny synlap, olardan ýedi ýyllyk salgydy aýyrmaklaryny we şol ýedi ýylda hemmeleriň aýşy-eşretde we şady-horramlykda ýaşamaklaryny buýurýar. Halk birden aýşy-eşrete geçip, kesbi-kärden, söwdadan, iş we ekerançylykdan ýüz öwrensoň, olaryň işleri peselip, gallalar gutaryp, kynçylyk döreýär. Şeýlelikde, Bähram şeýle perman bilen jar çekdirýär:

– Güni ikä bölüň. Birinji ýarymyny kesbi-kär we söwda bilen, ikinji ýarymyny bolsa hoşgüzeranlyk we aýşy-eşret bilen geçiriň.

Olar birnäçe wagtlap şady-horramlykda ýaşapdyrlar. Emma arkaýynlyk wagty ýyldyrym ýaly çalt geçýär:

Hoş wagtyň şeýle bir çalt geçýär weli,
Öwsendir öýdýärsiň güýzüň şemaly.

Aýtmaklaryna görä, bir gün Bähram Gur aw-şikara çykypdyr. Şonda ol birnäçe täjiriň gäminiň gyrasynda oturyp, aýdymçysyz-sazandasyz şerap içip oturandyklaryny görýär. Ol olaryň ýanyna baryp:

– Näme üçin siz aýdyjy-sazandalaryň nagmalarynyň nygmatyndan mahrum? – diýýär.

Olar:

– Eý, patyşa, seniň döwletiň döwründe aýdymçy-sazandalaryň bazary gyzdy, olaryň ählisini elden-ele geçirýärler we olaryň hyrydary köp. Şu gün ýüz dirhem berip, aýdymçy tapjak bolduk, emma tapmadyk – diýdiler.

Bähram bu sözi eşidip, olara:

– Bu barada oýlanyp, siziň aýşy-eşretiňiz we hoşlugyňyz üçin elde baryny ederis – diýýär.

Haçanda ol yzyna dolananda, Şeňgüle hat ýazyp, ondan hoş owazly aýdymçylar ibermegini soraýar. Ol buýrugy tabynlyk bilen garşylap, müň sany hoş owazly aýdymçy iberýär. Aýdymçylar eýranlylaryň içinde galýarlar we olar bilen gatyşýarlar. Şeýdip, olardan perzentler dünýä inýär. Häzirki wagtdaky lulylar şolaryň neslindendir.

Ol altmyş üç ýyl hökümdarlyk edenden soň, bir gün awa çykýar. Ol bir gulany görüp, atyny onuň yzyndan sürýär. Birden, onuň atynyň aýaklary bir çuň guýa gidýär. Aýtmaklaryna görä, bu habar leşgeriň arasyna ýaýrapdyr. Leşgerdäkiler Bähramyň ejesi bilen bilelikde guýynyň gyrasyna gelip, guýa adam sallaýarlar. Olar aty tapýarlar, emma Bähramy ne öli, ne diri tapýarlar. Bähramyň ejesi birnäçe wagtlap guýynyň başynda oturýar. Onuň buýrugy boýunça guýynyň hemme gumlaryny we palçyklaryny çykarýarlar. Ejesi Bähramdan hiç nyşan tapmansoň, näumyt bolup, gam-gussa bilen yzyna dolanýar:

Bähram Guruň şerap içen köşgünde,
Keýik guzlap, aram tapdy gulan hem.

Gulan indi Bähram Gury tutupdyr[1],
Ol mazarystanda orun alansoň.

## ÝEZDIGERT IBN BÄHRAM

Bähram dirilik eýýamy bilen hoşlaşansoň, patyşalyk onuň kämillikde, owadanlykda we mähremlikde dünýäde deňi-taýy bolmadyk hem-de ýagşylykda we dogruçyllykda älemde ýeke-täk ogly Ýezdigerde ýetýär. Ol älem-jahany zabt edip, ýürekleri ýagşyzadalygy bilen awlap, özüne aşyk edip goýýar. Ol on sekiz ýyl patyşalyk edenden soň, onuň ömri soňlanýar.

## PIRUZ IBN ÝEZDIGERT

Ýezdigerdiň iki ogly bolupdyr. Biriniň ady Hurmuz, beýlekisiniň ady bolsa Piruz. Ol Piruzy Sistana iberip, ol welaýaty onuň mülki edip belläpdir. Hurmuz bolsa kakasynyň huzuryndady. Kakalary dünýäden ötende, Hurmuz patyşa bolýar. Piruz bolsa Sistanyň we şol sebitleriň hökümdarlygy elinde bolan Haýatyla[2] patyşalarynyň birine birleşip, ondan medet soraýar. Ol Piruza kömek edip, oňa leşger berýär. Piruz leşger çekip, dogany Hurmuza garşy ençeme söweşler edýär. Olaryň arasynda gazaply söweşler bolup, iň soňunda Hurmuz ýeňilýär. Piruz doganyndan üstün çykyp, ony öldürýär we ýurduny duşmanlardan saplaýar.

Ol ýedi ýyl patyşalyk edenden soň, Allatagala guraklyk döredýär we rehmet ýagynlaryny olardan kesýär. Ýaramaz gözli asman şunça ýaşanyňyz besdir diýýär. Bulut ýaýyndan bir ok hem suw howdanyna çümmeýärdi we mähriban eneke

[1] Bu ýerde gulan onuň guburynyň üstünde otlaýar diýen manyda bolmagy mümkin.

[2] Haýatyla – eftalylar (abdallylar).

bolan bulut ýagyş süýdüniň damjalaryny süýt emiji bahar paslynyň çagalarynyň agzyna damdyrmaýardy. Piruz ýurdunyň her bir şäherinde gurplularyň ellerinden iýmitlerini alyp, olara gerek mukdaryndan artygyny derwüşlere we mätäçlere paýladýar. Ýurtda açlykdan we garyplykdan bir adam heläk bolsa, onuň ýerine bir baý adamyň dara çekiljekdigini jar etmeklerini buýurýar. Ol halkdan salgydy aýyrýar we baýlygyny mätäçlere bagyşlaýar. Guraklyk ýedi ýyllap dowam edýär. Ol bu ýedi ýylda şeýle gowy pikirler we çäreler tapypdyr welin, hiç derwüş we garyp bir gije hem aç ýatmandyr.

Onuň adalaty älem-jahana ýaýransoň, Päk we Beýik Perwerdigär ol guraklygy bolçulyga öwürýär. Rehmet ýagşy ýagýar, ösümliklerdir ot-çöpler ösüp başlaýar. Adamlar bu kynçylyklardan halas bolýarlar. Patyşanyň adalatlylygy, dynuwsyz kömegi sebäpli, salgym suw ýatagyna we harabaçylyk abadançylyga öwrülýär. «Adalatly soltan ýagýan ýagyndan haýyrlydyr» diýipdirler. Ýagny ýagyn kä ýerlere ýetýär we kä ýerlere ýetmeýär hem-de gowy ýerlere täsir edip, şor ýerlere täsir etmeýär. Emma patyşanyň adalat ýagyşy älem-jahana ýetýär hem-de adamlaryň hemmesi – ýagşysy we ýamany, abraýlysy we biabraýy ondan paýly bolýarlar.

### *Beýt*

Gurakçylyk bolsa eger, çäre tapmalydyr bekden,
Soltana adalatlylyk – gowudyr bol-elinlikden.

Ol özüniň ýigrimi alty ýyllap hökümdarlyk eden döwründe köp ymaratlar gurýar we älem-jahany abadanlaşdyrýar. Ahyrynda ol Haýatyla patyşalaryna garşy söweşe çykýar we şol ýerde panylyk çyzygyny onuň depderçesine çyzýarlar.

## PIRUZYŇ HELÄK EDILMEGI

Piruzyň dogany Hurmuz patyşalyga ýetende, Piruz Garjystanyň patyşasy Hoşnowaza penalanypdyr we ondan medet sorapdyr. Şeýdip, ol Hurmuzdan üstün çykyp, ony öldüripdir. Hoşnowaz raýatyna zulum-sütem esasyny goýýar we Lut kowumynyň däp-dessurlaryny öňe sürýär. Ol haý-höwes we şöwket ýolunda çep aýagyny öňe goýup, beçebazlyk sapynda çep eline baýdak alyp, her kimiň owadan ogly bolsa, ony elinden alýardy. Adamlar bu ýagdaýdan halys bolup, Piruzyň köşgüne ýüz tutýarlar. Piruz onuň ýanyna ilçi iberip, şeýle diýýär:

– Seniň meniň boýnumda hakyň bar, emma meniň öňümde Hudaýyň haky seniň hakyňdan köpdür. Seniň halkyň meniň ýanyma gelip, senden arza-şikaýat edýärler. Eger sen bu ýaramaz işiňden el çekseň, ikimiziň aramyzdaky äht mäkämligine galar. Emma bu işde aýak diräp dursaň, patyşalyk üçin däl-de, dini gaýratym üçin gelip, seniň mülküňi weýran ederin.

Ol birnäçe ilçi iberýär. Emma Hoşnowaz ondan gorky etmän, onuň aýdanlaryna üns bermeýär.

Piruz leşger toplap, sansyz goşun bilen Toharystan welaýatyna tarap ugraýar. Hoşnowaz onuň gelýänliginden habarly bolup, han-beglerini we leşger ulularyny çagyryp, Piruz barada olar bilen maslahatlaşýar we olara şeýle diýýär:

– Piruzyň leşgeriniň öňünde durup bilmejegime gözüm ýetýär. Men hatda onuň goşunynyň bir hüjüminiň garşysynda hem durup bilmerin. Biz halas bolar ýaly bu işiň bir alajyny tapmaly.

Olaryň biri şeýle diýýär:

– Eger patyşa meniň aýalymy we çagalarymy kabul edip we olara duz-tagam berse we men olardan doly arkaýyn bolsam, şonda Piruzdan we onuň leşgerinden halas bolar ýaly bir

ýol taparyn we özümi heläkçilige uçradaryn. Şonda seniň ýurduňa zyýan ýetmez.

Hoşnowaz han-begleriň içinde onuň maşgalasyna sylag-serpaý berýär we ol adama köp pul bagyş edýär. Ol patyşanyň tanymal adamlaryndandy. Ol adam öz elini kesip, Piruzyň geçjek ýolunda oturýar. Haçanda Piruz ol ýerden geçende, ol adam özüni Piruza görkezýär. Piruz oňa:

– Sen kim, bu bolşuň näme? – diýip soraýar.

Ol adam şeýle diýip jogap berýär:

– Men birnäçe wagtdan bäri Hoşnowaza nägilelik bildirip, oňa pendi-nesihat berdim we oňa: «Sen Piruzyň öňünde durup bilmersiň, seniň ylalaşmagyň we uruş barada söhbet etmezligiň gerek» diýdim. Men oňa şu sözleri birnäçe gezek aýdamsoň, ol maňa: «Sen ondan gorkupsyň we oňa meýil edipsiň. Hökman onuň haty saňa ýetendir» diýip, meni günäkär hasaplap, elimi kesdi. Men bolsa: «Haçan ykbal güni peýda bolar we men hem ondan arymy alarkam» diýip, şu ýerde otyryn. Şu ýerden tä onuň bolýan ýerine çenli ýigrimi günlük ýoldur. Men seni bäş günde ol ýere ýetip, ony tutar ýaly ýoldan äkideýin.

Piruz duşmanyň gepine aldanýar we duşmanyň hernäçe mähremlik görkezse-de, dost bolup bilmejekdigini unudýar. Onuň buýrugy boýunça bäş gije-gündize ýeter ýaly azyk, ot-suw alýarlar. Şol maýyp adam olary şeýle bir çöl-beýewanlyga äkidýär welin, eger pikir-düşünje ýele münse-de, ol ýere ýetmezdi we pikir syrynyň jansyzy hyýal gadamy bilen ol ýere syýahat edip bilmezdi. Olar bäş-alty gije-gündiz ýol ýöränlerinden soň, sabyr käseleri dolup, adamlaryň suwy we haýwanlaryň taby galmandyr. Şol wagt hem maýyp adam:

– Meniň maksadym hasyl boldy we iş meniň islegim boýunça amala aşyryldy – diýip, dünýäden ötýär.

Piruz ýigrimi gije-gündizläp şol beýewanda galýar. Elli müň adam oňa hemra bolupdyr. Şolaryň içinden takmynan

müň adam diri galýar. Ol şol müň adam bilen Hoşnowazyň ülkesiniň bir tarapyndan çykýar. Ol mejburlykdan onuň ýanyna adam iberip, bolan zatlardan ýalkaw diläp, ötünç sorap şeýle diýýär:

– Sen meniň üçin biçak ýagşylyk etdiň. Olaryň muzdy erbetlik bilen berilmeli däldir. Indi, ýene-de mähribanlyk görkezersiň we şol gözel ahlagyňy ýene-de saklarsyň diýen tamam bar.

Soňra Hoşnowaz oňa:

– Indi ýagdaý şeýle bolansoň, men seniň bilen ylalaşjak we saňa belli bir çäk goýup, şol çäkden çykmazlyk şerti bilen seni ýurduňa iberjek – diýýär.

Şeýlelikde, oňa sylag-serpaý berýär. Hoşnowazyň buýrugy boýunça daşdan minara gurýarlar we ony hek bilen mäkämleýärler. Piruz şu minaradan geçmejekdigine we onuň ülkesine zulum elini uzaltmajakdygyna kasam edýär. Şeýdip, ol Piruzy öz welaýatyna iberýär. Şondan soň üç ýyl geçýär. Piruzda ar alyş we çozuş duýgulary döreýär we Hoşnowaza jeza bermegi ýüregine düwýär. Şeýlelikde, leşger toplap, goşun ýygnaýar we onuň ýurduna tarap ugraýar. Şol döwrüň möwbitleri, hekimleri we akyldarlary üýşüp, Piruzyň ýanyna gelýärler we oňa:

– Ähdi-peýmany bozmak patyşalara laýyk iş däldir we kasamyňda durmazlyk hiç neberä mynasyp däldir – diýýärler.

Olar bu sözi birnäçe sapar gaýtalasalar-da, peýda bermeýär. Piruz:

– Men öz kasamyma garşy gelmez ýaly iş ederin – diýip, leşgeri bilen ýola düşýär.

Haçanda ol şol daşdan gurlan, hek bilen mäkämlenen minara ýetende, ony agdarmaklaryny buýurýar. Minara bir sütün ýaly eken. Soňra minarany dagyň gerşinden elli sany pil bilen çekýärler. Soňra ol şeýle diýýär:

– Men şu minaradan geçmerin diýip kasam edipdim.

Piruz Hoşnowazyň ýanyna gelende, Hoşnowazyň özüne garşy söweşmejekdigini aňýar. Şeýlelikde, Hoşnowazyň buýrugy boýunça çölde uly hem çuň hendek gazýarlar we ony suwdan dolduryp, çöp-çalamlar goýup, üstüni gum bilen gömýärler hem-de hendege tarap ýodajyk çekip goýýarlar.

Piruzyň leşgeri onuň garşysyna gelende, Hoşnowaz öňki ähtnamany naýzanyň ujunda göterip, olara görkezýär we:

– Şu ähtnama meniň arymy senden alar – diýýär.

Hoşnowazyň goşuny söweş hataryny düzensoň, heniz Piruzyň leşgeri hüjüm etmänkä, olar öz belet ýodalaryndan yza gaçyp başladylar. Piruzyň buýrugy boýunça leşger olaryň yzyndan hüjüm edip, şol hendeklere ýetýärler we olaryň ählisi hendege düşýärler. Hoşnowaz yzyna dolanyp, olaryň ählisini gylyçdan geçirýär. Piruzyň jesedini ol ýerden çykarýarlar. Onuň golundan hazynalarynyň belligi bolan haty tapýarlar. Ol haty açyp alýarlar we Piruzy depin edýärler. Şeýdip, Piruzyň ody sönýär.

Zulumyň we ähti bozmagyň ahyry pajygalydyr. Her kim zulum etse, ahyrynda şoňa duçar bolar.

### *Beýt*

Ýüregini kebap edip iýýär zalym derwüşiň,
Ol özüniň janyny şeýdip iýýändir, düşün.

Dünýä – baldyr, her kişi iýse ondan has öte,
Gan köpelip, gyzgyn artar, ol öz başyna ýeter.

Piruz Hoşnowaza garşy söweşe çykan wagty ýurduny we leşgerini Suhra atly bir adama tabşyrýar. Ol adam başarjaňlykda we edermenlikde zamananyň ýeke-tägidi, sabyrlylyk we haýalylyk bilen zynatlanan we çynlakaýlyk hem-de wepalylyk

bezegi bilen bezelen adamdy. Ol Piruzyň ýogalanyny eşidende, gaýraty joşa gelip, ar almagyň ugruna çykýar. Ol goşunyny üýşürip, daş-töwerekden medet sorap, Hoşnowazyň ülkesine tarap ugraýar. Hoşnowaz onuň öňünde durup bilmejekdigine göz ýetirip, ertesi onuň ýanyna ilçi iberýär we şeýle sözler bilen ötünç soraýar:

– Men çozujy däldim, Piruz günäkär. Ol meniň bilen ylalaşyp, ähdi-peýmanlary berk we agyr kasamlar bilen mäkämlänsoň, ähtini bozdy we kasamyny syndyrdy. Şeýdip, Allatagala ony bela duçar etdi. Her kim zulum etse we ähtinde durmasa, elhenç soňlanyşa sezewar bolar. Men size garşy söweşmek islämok we siziň ýurduňyza göz gyzdyrmaýaryn. Piruzy öldürmekde men çozujy bolman goranyjydym. Eger bu kastyňdan ýüz öwrüp, jylawuňy yzyna sowsaň we ylalaşyk ýoluny gursaň gowy bolar. Eger zulum edip, bu goşunyňa buýsansaň, Ýaradyjy seniň şeriňi menden dep eder.

Suhra ylalaşmagy ýüregine düwýär. Hoşnowaz Ajamdan alan hemme atlaryny, Piruzyň golundaky haty hem-de hazynadan, baýlykdan eline näme düşen bolsa baryny gaýtaryp bermek karary bilen ylalaşýar. Şeýdip, Suhra yzyna dolanýar. Ol özüniň şeýle wepadarlygy we wepalylygy bilen älemde meşhurlyk gazanýar we ýüreklerde orun tapýar. Haçanda han-begler patyşalygy oňa berjek bolanlarynda, ol kabul etmän:

– Piruzyň perzentleriniň birini patyşalyga geçirmeli – diýýär.

Piruzyň iki ogly bardy. Biriniň ady Belaş, beýlekisiniň ady Kubat. Leşger Belaşa meýil edip, ony patyşalyga geçirýärler. Kubat gaçyp, Çyn hanyna penalanýar. Patyşalyk Belaşyň ygtyýaryna geçýär.

Bu hekaýat zamananyň patyşalaryna we döwrüň hökümdarlaryna edep-ahlakly, ýagşy ygtykatly, gorkuda, umytda, kynçylykda, erkinlikde özlerini alyhezretiň garşysyna atylan

oklaryň galkany edip, patyşa diri bolsun, öli bolsun, oňa wepaly we haýaly boljak adamlary ýetişdirmelidiklerini ündeýär.

Men toprag-u tiken, sen bolsa gün, bulut kimin,
Eger terbiýe berseň, men saňa gül - läle bererin.

## BELAŞ WE KUBAT

Belaş patyşalyga ýetende, ýurt dolandyryş işlerini Suhra tabşyrýar. Suhra ylym-bilime laýyklykda hem-de akyl-parasatlylyk bilen patyşalygy dolandyrypdyr. Şol sebäpli hem älem-jahan abadan we ýürekler şadyýan bolupdyr. Yrakdaky Sewatda Belaşabat diýen şäheri bina edýär. Belaşyň patyşalygy dört ýyl dowam edipdir. Dört ýyldan soň onuň ömür daşy panylyk depesine düşüpdir. Kubat patyşalyk isläp, hakana goşulýar. Ol ýolda gidip barýarka, Nyşapuryň töweregindäki Isfiraýn diýen ýerde bir mülkdaryň[1] köşgüne barýar. Mülkdar ony tanamasada, myhmansöýerlik şertlerini ýerine ýetirýär.

Kubat ýaňky mülkdaryň öýünde dodagynyň duz gabyndan şeker gabyny döredýän we ýüzüniň bakjalaryndan ýaňa behişt utanýan bir gyzy görýär. Kubat ony mülkdardan dileýär. Mülkdar onuň halyndan habary bolmasa-da, onuň maňlaýynda ululyk alamatlary äşgär bolansoň, giýewisi edinmekden boýun gaçyrmaýar. Kubat şol gyz bilen jübütleşýär we ol gyz hamyla bolýar. Ol bir ynamdar adamy oňa gözegçi hökmünde goýup, özi Çyn hanynyň ýanyna barýar. Ol gyz dokuz aý geçensoň, on dördi gijäniň aýy ýaly bir ogul dogurýar. Ol owadanlykda ezip içäýmeli noş bolansoň, oňa Anuşirwan diýip at dakýarlar. Kubat dört ýyllap, Türküstanda galýar. Soňra han oňa patyşalyga

[1] Asyl nusgada «Dehgan». Şol döwürlerde ýer we ekerançylyk bilen iş salyşýan uly mülkdarlara dehgan diýlipdir.

ýetmek üçin leşger berýär. Kubat leşger bilen oba ýetende, ol oglany görüp, şatlyk bagtyny tapýar. Şol gün Eýranşährden bir habarçy doganynyň ölendigi baradaky habary ýetirýär we ajamlylaryň täji-tagty oňa bermek üçin ony talap edýändiklerini buşlaýar. «Süri çopansyz, ten bijandyr» diýip, Kubady ýurda patyşalyk etmäge çagyrýarlar.

Kubat hälki oglany gowy niýetde özi bilen Medaýyna äkidýär we hiç hili rençsiz-söweşsiz Eýranşähre ýetip, patyşalygy özygtyýaryna alýar. Ol Suhrany wezipesinde galdyryp, ony özüniň oruntutary edip belleýär. Ol älem-jahany abadanlaşdyrýar. Kazyrun hem-de Hulwan şäherlerini bina edýär. Kubadyň patyşalygyndan bäş ýyl geçýär. Suhra Kubat bilen maslahatlaşman, ýurdy dolandyryp, işleri ýöredýärdi. Kubat ygtyýarsyz galypdy. Kubat bu ýagdaýy halamaýar hem-de ýurduň perişan bolmagyndan we leşgeriň boýun gaçyrmagyndan gorkýardy, emma Suhrany aç-açan tussag edip bilmeýärdi. Şeýlelikde, ol Şapur atly ýurt sütünlerinden bolan bir serkerdesi bilen duşuşyp, Suhradan arza-şikaýat edýär we oňa:

— Men diňe oturdylan, galan ähli işleri Suhra ýerine ýetirýär – diýýär.

Şapur oňa:

– Patyşa bu barada alada etmesin. Men ertir onuň ugruna çykaryn we ýurt dolandyrmagy ondan alaryn – diýýär.

Ertesi Suhra köşge gelýär. Şapur oňa ýüzlenip:

– Näme üçin öz hukugyňy bilmeýärsiň we akylly-başly hereket etmeýärsiň? Men-menlik içgisi seni bihuş etdimi? Sen öz çägiňden çykýarsyň we patyşadan buýruksyz işlere girişýärsiň – diýýär.

Suhra oňa jogap berjek bolanda, Şapur bilinden guşagyny çözüp, onuň boýnundan salýar we ony zyndana iberýär. Şol gije ony öldürýärler. Kubat ondan dynýar we işleri Şapura tabşyrýar. Şeýdip, onuň gadymdan gelýän hyzmat hakyny ýekeje

gahar-gazap bilen puç edýär. Şu wakadan akylly-parasatly kişiler zalym patyşalaryň hyzmatynda bolmagyň howp-hatar mekanydygyny we zalym soltanlaryň huzurynda bolmagyň gaty kyn işdigini bilmelidirler. Sag-salamatlyk isleýänler ganhor patyşalaryň jezalaryndan aman galar ýaly olara hyzmat etmekden gaça durmalydyr.

Hyzmatynda bolmak bir zalym şanyň,
Bähbit bilip, içen ýaly öz ganyň.

## Hekaýat

Kubat patyşalyga ýetip, güýç-gudrata eýe bolansoň gylyk-häsiýetini üýtgedip, adalatlylyk ýolundan çykyp, döwletiniň esasyny goýan Suhrany öldürýär. Ol betpälleri ýokary wezipelere çekip, ýagşyzadalara üns bermeýär. Adamlar ondan bizar bolup, pyçak olaryň etinden ötüp, süňküne ýetýär. Hemmeler dildüwşüp, ony patyşalykdan boşadýarlar we onuň Jamasp atly doganyny patyşalyk kürsüsinde oturdýarlar. Jamasp bagtyýarlyk şöhlelerinden we Alla tarapyn güýçden paýly bolmansoň, patyşalygy ýöretmekde görýän çäreleri nädürs bolýardy. Onuň goýberen ýalňyşlyklarynyň biri bolsa, onuň öz dogany Kubady kakasynyň aryny almagy üçin Suhranyň ogly Büzürgmehre bermegidir. Ol Büzürgmehriň şeýle işlere milt etmeklikden akyllyrakdygyny bilmeýärdi.

Büzürgmehr Kubada hormat goýýardy we onuň hyzmatynda bolýardy. Jamasp bu ýagdaýy eşidende, Büzürgmehr bilen arasy erbetleşýär we zulum etmek isleýär. Büzürgmehr bu ýagdaýy Kubada düşündirmek bilen şeýle diýýär:

– Eger maslahat bilseň Haýatyla patyşalaryna penalanyp, olardan medet soraly, şeýtsek ähli zat ýerbe-ýer bolarmyka diýýärin.

Kubada bu pikir ýaraýar. Olar atlary seýisläp, gizlinlikde ýola çykýarlar. Jamasp bu ýagdaýy eşidýär. Olar eýýäm köp ýoly aşypdylar we olaryň yzyndan ýetmek mümkinçiligi ýokdy. Ol etmişine ökünýär. Emma indi puşmanyň peýda bermeýän wagtydy.

Kubat Haýatyla patyşalaryna goşulanda, Hoşnowaz onuň gadamyny mübärekläp, hormat goýup, köp sylag-serpaý edýär we şeýle diýýär:

– Seniň eden bu sylagyň we meni türk hanyndan ýokarda saýmagyň şükranasy meniň üçin wajypdyr. Ony ýerine salmagym üçin we seniň üstünlikli ýeňiş bilen gaýdyp gelmekligiň üçin saňa haýal etmän, leşger bermegim gerekdir.

Şeýdip, Hoşnowaz ýigrimi müň atlyny oňa berýär. Kubat leşger çekende, Jamaspyň leşgeriniň han-begleri we döwlet sütünleri gaharjaň şiriň öňünde durup bilmejekdiklerine göz ýetirip, Jamaspy tussag edip, ýalkaw diläp, ötünç sorap, onuň öňünden çykmaklygy maslahat bilýärler. Kubat olaryň ötünjini kabul edip, ýaňadan patyşalyk tagtyny öz jemaly bilen bezeýär:

Zamanaň ýüregi dolupdyr gama,
Täji-tagtyn tapdy ahyr ol ýene.

Kubat patyşalyk tagtyna geçeninde, Büzürgmehriň hak-hukugyny doly berjaý edip, ony özüniň weziri edýär. Kubadyň bagt täleýi oýanyp, ykbal oňa ýüzlense-de, ol bu zatlaryň gadyryny bilmeýärdi. Şonuň üçin ahyrynda onuň işi betbagtçylyga uçrap, Mazdagyň gepine aldanýar.

Mazdagyň topalaň etmeginiň sebäbi şeýledir:

Otparaz alymlarynyň arasynda duşmanlyk we gapma-garşylyk bardy. Öňden bäri otparazlaryň arasynda göriplik keseli ýaýrapdy. Şol gapma-garşylyklar sebäpli, adamlaryň ynam-ygtykatlary peselýärdi. Mazdak şu ýagdaýlary görüp, aýaga gal-

ýar. Ol örän gepe çeper we diýseň ugurtapyjy adam bolupdyr. Ol bir zady beýan edip başlasa, ýüz sany batyl zady hem hakykat lybasynda görkezerdi we bedgat[1] zäherini beýan halwasynyň arasynda şeýle bir ornaşdyrardy welin, hiç kim ony saýgaryp bilmezdi. Ol Ebahat[2] mezhebini döredip, halky şoňa çagyrýardy. Ol şeýle diýýärdi: «Allatagala älem-jahany hemmeler üçin ýaradypdyr we mal-u nygmat ähli adamlar üçindir. Her kime gerek mukdarynda islendik zady bermegi dürsdür. Her kime mal-mülki gerek mukdarynda hem-de aýallary jynsy haýhöwesini kanagatlandyrmak üçin ulanmak haram däldir».

Mazdagyň at-owazasy Kubada ýetse-de, ol muny azar edinmeýärdi we haýal-ýagallyk edýärdi. Şeýdip, onuň yzyna düşenler we oňa eýerenler köpelýär. Mazdak Kubadyň mejlisinde oturyp we onuň öňünde geplemek pursatyny tapmak üçin hilegärlik edýär. Haçanda gürleşmek pursaty gelip ýetende, ol Kubady özüniň bezelen sözleri bilen şeýle bir aldaýar welin, ol tabyn bolup, ony ýakynlarynyň hataryna goşýar.

Şol ýyl güýçli guraklyk emele gelýär we adamlar çykgynsyz ýagdaýa düşýärler. Bir gün Mazdak Kubadyň ýanyna gelip:

– Mende bir sorag bar. Maňa jogap ber we höküm et – diýýär.

Kubat oňa:

– Ol näme? – diýip soraýar.

Mazdak ondan:

– Eger seniň ýurduňda bir adamy ýylan çaksa we ol ölüm ýassygyna düşse, ýene bir adamda-da onuň dermany bar bolsa, emma ol dermanyny ýylan çakana bermese, ol ýylan çakan her edip-hesip edip, ýumşaklyk bilen ýa-da zorluk bilen şol dermany alyp bilermi? – diýip soraýar.

---

[1] Bedgat – täze döredilen, ýagny asylsyz, delilsiz täze ýola goýlan zatlar.

[2] Ähli işleri hatda özüňe gerek bolan mahaly başgalaryň mal-mülklerini we aýallaryny peýdalanmagy dürs bilýän ýörelge.

Kubat oňa:

– Hawa, eger ol bermese, heläk bolmaz ýaly ýumşaklyk bilen ýa-da zorluk bilen ondan almaly. Eger ol şeýtmese, heläk bolar – diýip jogap berýär.

Mazdak bu jogaby eşidip, daşary çykýar we ykmandalara we garamaýaklara ýüzlenip şeýle diýýär:

– Patyşa: «Her kime gerek mukdarda baýlaryň mal-mülklerinden almak we olaryň aýallarydyr gyrnaklaryny şöhwet oduny söndürmek üçin ulanmak rowadyr» diýýär. Eger olar boýun bolmasalar olary öldüriň. Sebäbi Allatagala özüniň ýaradan nygmatlaryny ähli bendeleri üçin ýaradypdyr. Olar adam perzentleriniň ygtyýarynda bolmaly.

Garamaýak adamlara bu sözler ýaraýar. Olar beýle düşünjäniň soňunyň erbetligi barada oýlanmaýarlar. Olar garyn bendesi we şöhwetiň ýesiri bolýarlar. Şeýlelikde, olar adamlaryň mal-mülklerine we haremhanalaryna girip, olara el uzadyp başlaýarlar. Bu habar Kubada ýetýär. Ol Mazdagy çagyryp:

– Saňa kim ykmandalary adamlara musallat et diýdi? Men haçan şeýle höküm etdim? Sen meniň dilimden ýalan perman aýtmaga neneň milt edip bildiň! – diýýär.

Mazdak oňa:

– Meniň aýdan zatlarym patyşanyň permanyndan başga zat däldir. Men patyşadan zäher we zähere garşy derman barada soradym. Patyşa ol soraga jogap berdi. Men patyşanyň gysgaça aýdan permanyny giňişleýin halka ýetirdim, şeýle-de olara nämäniň zäherdigini we açlykdan hem beterdigini hem-de haýsy dermanyň adamlaryň ýaşaýyş özeni bolan iýmitden hem peýdalydygyny düşündirdim – diýdi.

Kubat onuň bu bezelen sözlerini eşidip aldanýar. Onuň bu ýalan sözleri rowaç tapýar. Mazdakdan gözbaş alan bu «Ebahat» ýörelgesi älem-jahana ýaýraýar. Oňa eýerenler we tabyn bolanlar köpelýär.

Mazdagyň ýaramaz garaýyşlaryny Kubada ýetirýärler. Ol diýseň ökünýär. Emma indi ökünmegiň peýdasy ýokdy. Kubat gowşak çäre tapyjy we ýüzleý oýlanyjy adam bolansoň, Mazdagyň batyl ýörelgesini ösdürýärdi we zamanasynyň alymlarynyň we hekimleriniň aýdanlaryna boýun bolmaýardy. Adamlar ýygnanyşyp, ikilenç Kubadyň köşgünde gowga turzup, patyşalyk täjini alyp, ony tagtdan düşürýärler hem-de öldürjek bolýarlar. Emma mazdaklylar toparlanyşyp, söweş maksady bilen öňe çykýarlar. Onsoň olar: «Birden, uly pitne turaýmasyn» diýip gorkýarlar we ony zyndana taşlaýarlar hem-de patyşalygy ýene-de onuň doganyna berýärler. Kubadyň aýal dogany ony zyndandan ogurlap, hile bilen alyp gaçýar. Bu barada kitabyň «Hileler» babynda gürrüň ediler.

Kubat Hakanyň ýanyna baryp, türklerden medet soraýar. Soňra leşger çekip, ýurdy basyp alýar. Ýöne indi ol Mazdaga gaýdyp kuwwat bermeýär. Emma ýürekden onuň bilendi.

Ol kyrk ýyl hökümdarlyk edenden soň, onuň möhleti dolýar we ykbaly soňlanýar. Älemdäkiler onuň gowşak garaýşyndan, körzehinliliginden we nadanlygyndan halas bolýarlar. Adalatly hökümdarlyk ahyry Anuşirwana ýetýär.

## ANUŞIRWAN[1] ADYL

Anuşirwan patyşalyk tagtyna geçip, älem-jahany özüniň adalatlylyk suwy bilen zulum we bedgat hapalaryndan ýuwansoň, tagt ol sebäpli hoşbagt bolup, täç onuň bilen belende galýar. Patyşalyk ýüzügi oňa ýaraşýar. Adamlar gam-gussa hazanyny görensoňlar, adalatly baharyň ýakymly howasyny gar-

[1] Bu at Nowşirwan görnüşinde hem ýazylypdyr. Anuşirwan Kubat ibn Firuzyň ogludyr. Bu kitabyň ýazary Kubat dünýäden ötensoň, Anuşirwan bilen doganlary Kiýus we Jamyň aralarynda häkimlik üçin bolan çekeleşikleri belläp geçmändir. Anuşirwan bu çekeleşiklerde üstün çykyp, patyşalyga geçipdir.

şyladylar. Älemleriň serweri Muhammet resulalladan özüniň mübärek dili bilen aýdan şeýle sözleri rowaýat edilipdir: «Men adalatly patyşanyň zamanasynda doguldym». Anuşirwan patyşalyga geçensoň leşgere mähremlik görkezip, emirlere gymmatbaha serpaý berip, olardan ýurdy dolandyrmakda kömek soraýar.

Onuň eden meşhur işleriniň biri şudur. Bir gün Mazdak we araplaryň patyşasy Münzir onuň hyzmatynda otyrdylar. Anuşirwan şeýle diýýär:

– Hiç wagt ýadymdan çykaryp bilmeýän we içki duýgym oňa bagly bolan üç sany arzuwym bardy. Birinjisi, patyşalyga ýetsem we täji-tagty alsam diýýärdim. Hudaýa şükür, bu bagt maňa ýetdi we men döwlet tapdym. Ikinjisi, Münzir ibn Amry araplara patyşa etsem we olara mal-mülk bersem diýýärdim. Indi oňa patyşalygy berdim. Üçünjisi, Mazdagy öldürsem we mazdaklylary gyrsam, olary doly ýok etsem diýýärdim.

Mazdak ýerinden turup oňa:

– Eý, patyşa! Älem-jahandakylary nädip öldürersiň! Adamlaryň ondan dokuzysy maňa tabyn we meniň dinime we ýörelgäme eýerýärler. Eger sen ähli adamlary öldürseň, kime patyşalyk edersiň?! «Eger ýaranlaryňy köp öldürseň, ýeke galarsyň» diýleni. Häzirki wagtda bu dünýädäkileriň aglaba köpüsi meniň tarapdarym we maňa boýun. Olar janlaryny, mallaryny, aýallaryny meniň üçin saklaýarlar. Men şunça tabynlarym we janköýerlerim bilen seniň öňüňde hyzmat başymy egsem we seniň bendäň bolmaga razy bolsam nähili bolar?! Eger sen meniň bilen ylalaşsaň we dostluk ýoluna eýerseň, seniň üçin gowy we amatly bolardy – diýýär.

Anuşirwan oňa:

– Eý, it! Asyl sen şeýlemidiň. Derrew onuň kellesini kesiň – diýip, perman berýär.

Şol bada onuň kellesini kesip, bazaryň içine oklaýarlar. Mazdaklylar üýşüp, topalaň turuzjak bolsalar-da, başa barmaýar. Sebäbi Anuşirwan ol işe taýýarlyk görüpdi we leşger häzirläpdi. Olar leşgeriň öňünde durup bilmejeklerine göz ýetirip pytraýarlar. Anuşirwan olary ele salyp, galalarda tussag edýärdi. Ahyrynda ol mazdaklylaryň segsen müňüsini bir günde jähenneme iberýär.

Adamlar onuň dinde şeýle edermenligini we dürs ygtykadyny görüp hem-de onuň bozuklary jezalandyrmasyny synlansoňlar, onuň haýbaty we hormaty ýüreklerde ornaşýar we ol ýürekleriň hökmirowanlygyny gazanýar. «Gurar we siýär» («Saýlantgylar we başdan geçirmeler») kitabynda we Tabarynyň «Taryhynda» hem şu barada gürrüň edilipdir. Emma şu kitabyň ýazyjysy aşakdaky maglumaty başga bir kitapda okandygyny aýdýar:

Anuşirwan Mazdagy Kubadyň döwründe öldüripdir. Ol bu işi gaty geň hilegärlik bilen amala aşyrypdyr. Bu hekaýat şu kitapda geljekde beýan ediler.

Anuşirwan ýurdy doly öz ygtyýaryna geçiripdi. Rumyň kaýsary Kubadyň döwründe onuň gowşaklygyndan we perişanlygyndan peýdalanyp, käwagtlar onuň ýurduna hüjüm edýärdi. Anuşirwan ony dep etmek üçin Ruma leşger çekip, Rumyň köp möhüm şäherlerini basyp alýar. Soňra hazynalaryň we kaýsaryň maşgalasynyň ýerleşýän ýeri Antakyýa şäherine girip, ol ýeri hem basyp alýar. Hazynalary ele salyp, kaýsaryň maşgalasyny ýesir edýär. Antakyýa şäherine girende, şäher oňa ýaraýar we onuň binalaryny halaýar. Ol şäheriň şekilini çekdirýär. Soňra onuň buýrugy boýunça şäheriň binalarynyň köpüsini ýykyp, äkidip boljak zatlaryň baryny äkidýärler we Eýranşährdäki häkimine: «Sen şeýle tertipde şäher gurmaly» diýip, hat ýazýar hem-de şol çekilen şäheriň suratyny oňa iberýär. Olar az wagtyň içinde edil Antakyýa ýaly şäher gurýarlar.

Anuşirwan Rumdan Ýemene gidip, ol ýeri hem basyp alýar. Soňra Bahreýne we Ommana gidip, ol ülkeleri basyp alýar. Ol yzyna gaýdyp gelende, eýýäm täze şäher taýýar eken. Ol antakyýýadakylary ol ýere getirmeklerini we olara ýaşar ýaly ýer bermeklerini buýurýar. Ol şähere Rumyýa diýip at goýýarlar. Olar täze şähere getirilensoň rumlularyň biri şeýle diýipdir: «Maňa Rumyýada jaý berdiler. Ol jaý meniň Antakyýadaky jaýyma şeýle bir meňzeşdi welin, şol ýerdäki jaýymy getirendirler öýtdüm. Emma onuň ýekeje tapawudy bardy, ol bolsa meniň öýümiň howlusynda bir agajym bardy, emma bu jaýymda ol ýok».

Soňra Anuşirwan Balha ugraýar we Türküstan welaýatyna eýe bolup, ol ýeri Horasana birleşdirýär. Ol atasynyň aryny Haýatyla hökümdary, Toharystanyň[1] patyşasy Hoşnowazdan[2] almak üçin leşger iberýär. Olar Hoşnowazy öldürýärler we onuň ülkesini basyp alýarlar. Soňra Şama leşger çekýär. Şamyň patyşasynyň ady Matýanusdy. Ol Anuşirwanyň öňünde durup bilmejekdigini bilip, oňa tabyn bolýar we salgyt tölemegi kabul edýär. Ol hebeşileriň basyp alan ýeri bolan Ýemen welaýatyny gylyjyň kömegi bilen basyp alýar. Şeýdip, Şam, Yrak, Ýemen we tutuş araplaryň ýerleri onuň golastyna geçýär. Onuň hökümdarlygyndan kyrk ýyl geçensoň, Muhammet pygamberiň beýiklik güneşi ejesiniň ýatgysyna inip, gündogardan dogýar.

Anuşirwanyň patyşalyk süren möhleti kyrk sekiz ýyl bolupdyr. Ol şol ýyllarda adalatlylyk düşegini ýazyp, ýagşylyk baýdagyny pasyrdadypdyr we özünden ýagşy at galdyrypdyr.

---

[1] Toharystan – Balh bilen Badahşanyň arasynda ýerleşen bir sebit.

[2] Hoşnowaz – rumlularyň arasynda Aftalit ýa-da Ak hunlar, eýranlylaryň arasynda bolsa Haýtal (Haýatyla) ady bilen meşhur bolan nesilşalygyň milady hasaby boýunça 483-nji ýyllarda hökümdarlyk eden bir patyşasy.

### *Beýt*

Ýagşy atlar gazanan gitdi ençeme şalar,
Diňe, diňe ýagşy at, bilseň, olardan galan.

Anuşirwan adylda köp-köp hazyna bardy,
Olardan zat galmady, diňe ýagşy at galdy.

## HURMUZ IBN ANUŞIRWAN

Anuşirwan (goý, Alla onuň hasap kitabyny ýeňletsin!) bu dünýäden göç edensoň, onuň ogly Hurmuz patyşalyk tagtyna geçýär. Hurmuz türk hanynyň gyzyndandy. Ol syýasatçy we gaharjaň adam bolup, adalatlylyk meýdanynda kakasyndan hem ozupdy. Ol ejizleri güýçlendirmäge, garyplara kömek etmäge, zalymlary ýok etmäge we bozgaklary öldürmäge şeýle bir üns beripdir welin, bu hakda şeýle rowaýat edýärler:

Ol Ajam han-beglerinden on üç müňüsine jeza beripdir. Onda günäkärlere jeza bermekde geçirimlilikden nam-nyşan ýokdy. Ol kiçijik günä üçin uly jeza bererdi. Şol sebäpli patyşalarda we pälwanlarda oňa bolan ýigrenç döreýär. Onuň patyşalyk serhetlerindäki we hökümdarlyk ülkelerindäki arman-ýadaman yhlas görkezýän emirler serhetleri goramakda we duşmanlary dep etmekde kemkärlik edip başlaýarlar.

Onuň patyşalygyndan on bir ýyl geçensoň, Türküstan hany onuň mülküne göz gyzdyryp, üç ýüz müň atly ýygnap, Eýranşähri basyp almak niýeti bilen Termiz derýasyndan geçýär. Ýene bir tarapdan Rum kaýsary hem güýçli leşger bilen Şam welaýatyna çozuş edýär. Ermeniýeden hem Hazar patyşasy hüjüm edýär. Olar Anuşirwanyň özlerinden basyp alan ülkelerini gaýdyp alýarlar. Araplardan hem iki şahs aýaga galýar. Birine Apbas Ahwal, beýlekisine bolsa Amr Azrak diýip-

dirler. Olar Pars ülkelerinden birnäçe ýerleri basyp alypdyrlar. Başga-da daş-töwerekden duşmanlar aýaga galýarlar.

Hurmuz Medaýyndady. Ol öz işlerinden perişandy we hiç hili çykalgadyr çözgüt tapmaýardy. Şeýlelikde, ol at-abraýly adamlary çagyryp, olar bilen duşmany dep etmek barada maslahatlaşýar. Ahyry şol üýşmeleňiň iň akyldary bolan möwbitler möwbidi şeýle diýýär:

– Patyşa bagtlylykda uzak ýaşasyn! Daş-töwerekden duşmanlar hüjüm eden mahaly, olaryň käbirleri bilen ylalaşmak we käbirlerini söweş arkaly dep etmek iň gowy çözgütdir. Häzir patyşanyň iň uly duşmany türk hanydyr. Onuň goşuny we ýarag esbaby başgalaryňkydan köp. Rum patyşasynyň güýji köp bolsa-da, ol diňe mal-mülküni talap edýär we Anuşirwanyň alan ýerlerinden başga zady islänok. Onuň ýanyna ilçi iberip, ol razy bolar ýaly hem-de bize zyýan ýetirmez ýaly welaýatyny gaýdyp bermegimiz gerek. Emma çöllükden gelen bu araplar zatsyz adamlardyr. Olar çöllügiň guraklygyndan gaçyp, janlaryndan we açlykdan gorkup gelipdirler. Olar yzlaryna gaýdar ýaly olara iýmit we lybas iber. Hazar welaýatyndan gelen topar ýer-ýurt almak üçin gelmän, diňe çozuş etmäge we mal toplamaga gelipdirler. Erminiýedäki emeldarlara toparlanyşyp, olaryň üstüne çozmaklaryny buýur. Olar leşgerden habar tapyp, gorkarlar we gaçarlar hem-de diňe talaňçylyk bilen alan baýlyklaryny özleri bilen äkiderler. Olaryň şeri dep edilip, olardan arkaýyn bolanyňdan soň, Çyn[1] hanyna tarap ýüzlenmeli we onuň şerinden halas bolmaly.

Hurmuza bu pikir ýaraýar, ol möwbide bu pikiri üçin berekella aýdýar we bu garaýşy tassyklaýar. Ol Kaýsar bilen ylalaşýar. Araplary sylag-serpaý bilen gaýtarýar. Soňra hany dep etmegiň pikirine düşýär. Ol leşgeriň serkerdebaşylygyny

[1] Türk hany ýa-da Çyn hany diýip bir han göz öňünde tutulýar.

Bähram Çöbine tabşyrýar. Bähram Yragyň han beglerindendi. Ol Reý şäherinde doglupdy we önüp-ösüpdi. Ol edermenlikde we batyrgaýlykda örän ýokary derejede bolup, asmanyň diýen etdiriji oky onuň gan akdyryjy okunyň ýanynda edil çagalaryň çöpden edilen oky ýalydy. Ol uzyn boýly we gara ýüzlüdi. Berdaşly däldigi üçin oňa Bähram Çöbin[1] diýipdirler.

## HURMUZ WE BÄHRAM ÇÖBIN

Şeýlelikde, Hurmuz Bähramy çagyrýar. Bähram onuň hyzmatyna gelende, ol Bähramа köp sylag-serpaýlar ýapyp:

– Meniň babam bolan Türküstan hany ahyret älemine gidensoň, meniň daýym ol wezipäni aldy. Onuň ýüreginde bolmajak höwes döräpdir. Häzir ol meniň welaýatyma göz gyzdyrýar. Biz ony dep etmek üçin bendelerimizden bu möhüm işi amala aşyrjak adamy gözledik. Ahyry biz seni ibermeklik kararyna geldik. Sebäbi hümmetlilik we merdanalyk, edermenlik we batyrgaýlyk seniň durkuňda jemlenen hem-de sabyrlylyk we haýalylyk, agraslyk we wepalylyk sende üýşen – diýýär.

Bähram edep düşegine mährini goýup, merwerit çanagyndan dürdäneler akdyryp, şeýle diýýär:

– Bendeler jan bagyş etmek üçin berlen patyşalaryň permanyna hem boýun bolmalydyr. Men patyşanyň permanyna tabyndyryn. Men duşmanlaryň boýnuna kement baglap, siziň hyzmatyňyza getirýänçäm, rahatlyk ýassygynda başymy goýmaryn.

Şeýlelikde, Hurmuz ony hazyna we goşuna ýolbaşçy edýär. Bähram meýdan şirlerinden, söweş batyrlaryndan we ählisi

---

[1] Çöbin – ýagny agaçdan diýmekdir.

şirleriň ýanynda ulalyp, ölüm gursagyndan süýt emen böwsüji atlylardan on iki müňüsini saýlap alyp, söweş meýdanyna ugraýar. Han şeýle bir leşger toplapdy welin, söweşijileriň nagralary howada ses ýoluny baglapdy. Olaryň atlarynyň toýnaklarynyň urgusy ýer göterýän sygryň süňküni döwýärdi. Onuň ýüz sany piliniň her haýsysy edil dört sütüne asylan Bisütün dagy ýaly bolup, hereket edenlerinde we söweş meýdanyna rowana bolanlarynda, «Daglar seýr edýär»[1] diýlişi ýaly, olaryň dag deýin rowana boluşlaryny görüp, kyýamat gopandyr öýdýärsiň. Olar söweş meýdanynda holtumlaryny bulaýlanlarynda, ertekiçi jadygöý aýallar raks-tans etmek üçin ýeňlerini çermeýärler öýdersiň. Söweş meýdanynda olaryň holtumlarynyň öňünde dursaň, başybelentleriň kellesi bilen top oýnaýan çöwgen ýaly bolarsyň.

Bähram hanyň ýanyna ýetende, han ony äsgermezlik edip, oňa hiç hili üns bermeýär. Han bir beýiklikde tagtyny gurup, onuň üstünde oturýar we pilleri öňe sürmeklerini buýurýar. Bähramyň buýrugy boýunça ok-ýaýçylar ajal ary öýjügini açyp, peýkamyň dilinden ajal habaryny duşmanlaryň gulagyna ýetirýärler. Soňra ot zyňyjylar jan alyjy uçýan ýyldyz ýaly, döw kimin pillere daş atyp, ot zyňyp başladylar. Dagyň depesinde ýyldyrym çakyp, patlawuk atylan ýaly bolýar. Şeýdip, ot bilen olary pytradýardylar. Ot-uçgun peýda bolansoň, ot tüsse bilen, ýagtylyk garaňkylyk bilen garyşyp, mawy gümmez arşyň ataş küresinden ýaňa üýtgeýär. Piller ýangynyň derdinden ýaňa yzlaryna dolanyp, türkleriň leşgerine urýarlar. Ot olary ýakýardy, olar bolsa türkleri atdan agdaryp depeleýärdiler. Şeýlelikde, bir sagadyň dowamynda olar türkleri derbi-dagyn edýärler we Allatagalanyň «Ýaramaz hilegärlikler diňe hilegärlere ýeter»[2]

---

[1] Gurhanyň 52-nji (Tur dagyna kasam) süresiniň 10-njy aýaty.
[2] Gurhanyň 35-nji (Fatyr) süresiniň 43-nji aýaty.

diýen sözi hakykata öwrülýär. Bähram duşmanyň oduny suwuň öçürendigini görüp, ýel ýaly hüjüm edip, ýeriň ýüzünde olaryň gany bilen lagl düşegini ýazýar. Ol hüjüm edip barşyna hanyň gaşyna ýetýär we hany atdan agdarýar. Türk leşgeri doly ýeňlip gaçýarlar. Bähram üstünlikli ýeňiş gazanyp, leşgergähine dolanýar. Ol hanyň işini bir ýüzli edensoň, hanyň oglunyň leşger toplandygy, onuň günüň gözüni atlarynyň toýnaklaryndan çykýan tozanlary bilen haýrana goýýan goşun üýşürendigi hem-de kakasynyň aryny almak hem-de uruşmak we söweşmek üçin gelýändigi baradaky habary gelip ýetýär.

Bähram bu habary eşidip, ýele münýär we ot kimin leşgeri bilen onuň ýanyna barýar. Hanyň ogly ýolbarsyň azy dişine döz gelmejegini bilip, bir gowakda penalanýar. Bähram ol galany gabawa alyp, basyp almagyň ugruna çykýar. Hanyň ogly çykgynsyz ýagdaýa düşüp, Bährama:

– Eger meni ähli nökerlerim we baýlygym bilen Şähriýaryň huzuryna iberseň, men galany size tabşyraryn. Şähriýar näme hököm etse, şol bolar – diýip, ilçi iberýär.

Bähram bu şert bilen ylalaşýar. Ol bolsa galany boşadyp, daşary çykýar. Bähram ony leşgeriniň pälwanlaryndan bolan Merdanşa bilen Hurmuzyň huzuryna iberende, Hurmuz onuň han daýysynyň ogludygy üçin hormat goýup, garşy alýar we gowy ýerden ýer berip, myhmansöýerlik şertlerini doly berjaý edýär. Soňra kyrk günden soň, ony güýçli topar bilen Türküstana iberýär. Şeýle-de, Merdanşa onuň bilen bile gitmegi hem-de Bährama:

– Ony öz serhedine çenli ugradyp, Turana sag-salamat ýetirsin – diýip tabşyrmagy buýurýar.

Merdanşa oňa:

– Bähramyň iberen serpaýlary heniz mende, men ony size ýetirmedim we hazyna tabşyrmadym. Eger perman berseňiz, olary size tabşyryp gideýin – diýýär.

Hurmuzyň permany boýunça umumy myhmançylyk edilip, wezirleri we han-begleri çagyrýarlar. Merdanşa özüniň getiren göwherdir nepis zatlaryny, ýyndam atlary we güneş ýüzli gullary tagtyň öňünde goýýar. Hurmuz olaryň köplügini görüp:

– Bähram biziň öňümizdäki borjuny doly berjaý edipdir. Onuň bu eden işi zamananyň taryhynda galar – diýýär.

Hurmuzyň weziriniň ady Ýezdanbahş eken. Onuň Bähram bilen biraz duşmançylygy bardy. Hurmuz Bähramy öwen wagty, Ýezdanbahş oňa:

– Bähramyň bu iberen zatlary uly saçakdan bir lukma. Sen lukmalara seredip, onuň saçagynyň neneňsi uludygyna we nazy-nygmatdan doludygyna göz ýetirip bilersiň – diýýär.

Hurmuz oňa:

– Näme diýjek bolýarsyň – diýip soraýar.

Ýezdanbahş oňa şeýle diýýär:

– Bu olaryň müňden bir we köpden az bölejigidir. Heniz deňsiz-taýsyz göwherler we nepis baýlyklar onuň elindedir.

Hurmuz üýtgäp duran duýguly adamdy. Käbir kitaplarda ýazylyşyna görä, onuň kiçiräk günä üçin uly jeza bermek adaty bolupdyr. Bir duşmanyň Bähram barada şu aýdan sözleri üçin hiç derňew etmän we işiň soňy barada oýlanman, Bährama gandal we bir bölek pagta bilen çarhdyr ik iberýär we oňa habar ýollaýar:

– Sen meniň patyşalygyma hyýanat etdiň we meniň gadyrymy bilmän, duzumy depelediň. Hyýanat erkek kişileriň işi bolman, aýallaryň işidir. Sen aýallaryň işini edeniň üçin, saňa çarhdyr ik, gylyç-naýzadan mynasybrakdyr. Sen hyýanat etdiň, haýynlaryň boýny monjukly bolman, gandally bolmalydyr.

Ol bu haty Merdanşa berip, ony iberýär. Merdanşa Bähramyň ýanyna baryp, haty berýär we habary ýetirýär. Bähram gandaly boýnuna daňyp, ol çarhy we pagtany öňünde goýýar hem-de goşunyny çagyrýar. Olar ony görüp:

– Bu näme? – diýip soraýarlar.

Ol şeýle jogap berýär:

– Hurmuz maňa sylag-serpaý iberipdir we eden hyzmatymyň hakyny ýollapdyr!

Olar bolsa:

– Seniň eden hyzmatyň muzdy şu bolsa biziň bilen näme eder. Biziň hiç haýsymyz oňa boýun bolmarys we seniň hyzmatyňa razy bolarys – diýýärler.

Şeýlelikde, Bähram aç-açan gozgalaň edip, Reýe tarap leşger çekýär we Hurmuzy dep etmegiň ugruna çykýar. Hurmuzyň Perwiz atly parasatly, hünärli we diýseň edermen ogly bardy. Hurmuz Perwizi Bährama garşy söweşip, ony ele salmak üçin ibermek isleýärdi. Bähram: «Birden Perwiz gelende, leşger oňa meýil edip, meni terk edäýmesin» diýip, mekirlik edýär we hile görkezýär. Ol leşgere Perwize tabyn bolan bolmaklaryny emr edýär. Ol buýruk berip, Perwiziň adyna dirhem kakdyrýar we şol dirhemlerden bezirgenler arkaly aluw-satuw etmek üçin Medaýyna iberýär.

Hurmuz bu ýagdaýy eşidip, Perwiz Bähram bilen dilleşendir öýdüp, ony bu wezipeden aýryp, özi patyşalygynda galmak isleýär. Şeýlelikde, ogly barada pikiri üýtgäp, ony ynjydýar we oňa:

– Sen meniň diri wagtym patyşalyk isläp, Bähram bilen dostlaşypsyň!? – diýip, jepaly sözleri aýdýar.

Perwiz özüniň bu hyýanatdan päkdigi we bu mekirligi Bähramyň edendigi barada berk antlar içýär. Hurmuz wagtlaýynça onuň günäsini geçse-de, kalbynda oňa bolan ýigrenç galýar. Perwiz janyndan gorkup, Töwrize gaçýar. Perwiz Hurmuzyň tagtyndan daşlaşansoň, Bähram meýdany garşydaşlardan boş görüp, leşger çekýär we Medaýyna çozýar. Hurmuz çykgynsyz ýagdaýa düşýär. Ol pitne oduny ilki tutaşdyran Ýezdan-

bahşy Bähramdan ötünç sorap, günäsini boýun almak üçin onuň ýanyna iberýär we oňa:

– Bähram geçirimli adam, ol seniň günäňi geçer – diýýär. Ýezdanbahş ýolda barýarka, onuň bilen arasy erbet bolan agasynyň ogly pursat tapyp, Ýezdanbahşy öldürýär we onuň kellesini Bähramyň ýanyna eltip:

– Duşmanyň kellesini getirdim – diýýär.

Bähram ol wakany eşidipdi we onuň günäsini geçip, oňa sylag-serpaý berip, bilelikde Hurmuzyň huzuryna gitmek isleýärdi. Bu wakany gören Bähram ynjaýar we oňa:

– Men saňa ony öldür diýip buýruk bermedim, saňa beýle habar ibermedim. Sen nähili beýle işe milt edip bildiň? – diýýär.

Bähram bu ýagdaýa diýseň gaharlanyp, onuň kellesini kesmegi buýurýar. Bu habar Medaýyna ýetende, leşger hanbegleri we döwlet sütünleri ýygnanyşyp, gaharlanyp, gynanyp şeýle diýýärler:

– Haçana çenli biz türkzadanyň jebir-jepasyna döz gelmeli. Häzir biziň maşgalamyz we perzentlerimiz onuň eline ýesir düşer.

Şeýdip, goh-gowga bilen Hurmuzyň köşgüne gelýärler we ony tagtdan düşürip, gözlerini oýýarlar. Olar şol bada täji Perwiziň ýanyna iberýärler. Perwiz bady-sabanyň ganatyna münüp, ýelden hem çalt Medaýyna ýetýär. Ol ilki kakasynyň huzuryna gidip, edep zeminini ogşap, merwerit gözýaş dänejiklerini kirpik seçeginden damjaladyp, berk antlar içip, şeýle diýýär:

– Duşmanlaryň bu eden işlerinde men mazlumdym we ondan habarsyzdym. Saňa ýeten bu zatlara men razy däldim. Eger patyşalygy kabul etmesem, onda biziň nesilşalygymyz ýiter. Ine, şonuň üçin patyşalygy kabul etdim.

Hurmuz perzendinden ötünç sorap, oňa şeýle diýýär:

– Meniň başyma düşen bu zatlar Hudaýyň ýazgydydyr. Asmany ýazgytdan gaçyp bolmaz. Emma meniň senden üç sany haýyşym bar. Men seniň jomartlyk häsiýetiňi nazara alyp, olary berjaý edersiň diýip umyt edýärin. Birinjisi, her gün öz didaryň bilen meni şatlandyr, adatça bolşy ýaly meniň ýanyma gel. Men seniň jemalyňa guwanaýyn. Ikinjisi, maňa erbetlik eden duşmanlarymy derbi-dagyn et we meniň arymy olardan al, ylaýtada, Bähram Çöbinden. Men ony ulaltdym we onuň egindeşlerinden we garşydaşlaryndan ony saýladym. Ol maňa garşy aýaga galdy we meniň duz-çöregimi depeledi. Hiç haçan onuň bilen ylalaşma, ony ýok et. Üçünjisi, meniň ýekelik gorkym kemeler ýaly, meniň ýanymda gyzykly hekaýatlary we enaýy rowaýatlary köp bilýän bir kyssaçy adam goý.

Perwiz başyny egip:

– Saňa hyzmat etmek meniň üçin parzdyr. Men özümiň seniň öňüňdäki borçlarym bolan bu aýdan zatlaryňy berjaý ederin. Meniň üçin dünýäde saňa hyzmat etmekden uly bagt barmy? Seniň duşmanlaryňy ýok etmek şu wagt miýesser bolmaz. Emma ýuwaş-ýuwaş, eger mümkinçilik bolsa, olaryň ählisini derbi-dagyn etmegi Ýaradanyň öňünde wada etdim. Men ilki Bähramdan başlaryn we ony dep etmek üçin leşger çekerin. Seniň süýjüdilli, hoş gürrüňli, gyzykly hekaýaçy-kyssaçy baradaky islegiňi ýerine ýetirmek maksady bilen edil häzir islendik kyssaçyňy patyşa ýarasa, siziň hyzmatyňyza ibereýin – diýýär.

## PERWIZ WE BÄHRAM ÇÖBIN

Soňra Hurmuz perzendine ýagşy dogalar edip, döwletiniň berkemegini we goşunynyň müdimilik bolmagyny Ýaradandan dileýär. Soňra ol patyşalygy doly ele almaga we kemçilikleri düzetmäge başlaýar. Köp wagt geçmänkä, Bähramyň hüjüm edip, leşger çekip, Nehrewana ýetendigi, özbaşdaklyk isläp, zu-

lum meýdanynda jebir-jepa atyny süryändigi barada habar gelip ýetýär. Perwiz taýýarlanyp, gyryjy leşger bilen Medaýyndan çykýar we üpjün goşun bilen Bährамyň ýanyna ugraýar. Iki leşger biri-birlerine ýetende, Perwiz hataryndan saýlanyp, Bährамy çagyrýar we oňa:

– Biz ilki seni sylaglap, leşger pälwanlygyny we patyşalyk oruntutarlygyny saňa bermek we seniň ýaly adamyň hakyny ýokary hoşamat we kän mal-mülk bilen dep etmek isledik hem-de kakamyň sen hakda eden kemçiligi sebäpli ötünç soramakçy bolduk. Emma sen howlukdyň, bizden öňe geçdiň we bizi öz maksat-myradyň üçin taşladyň. Indiki maslahat, seniň işiňi şol aýdyşym ýaly etmek üçin näme etmeli? – diýýär.

Bähram oňa şeýle diýýär:

– Beýle bezelen sözlere çagalar aldanýarlar. Akyly ýerindäki adam kakasyna wepa bermedik hem-de wagtlaýynça patyşalyk üçin kakasyny wezipesinden aýryp, görejinden mahrum etmek üçin birnäçe kişini iberen adama ynanyp bolmaýandygyny bilýändir. Eger Hurmuz men babatda ýalňyşlyk goýberip, onuň huzuryndan birnäçe gün aýrylan bolsam, bu bir bolýan zatdyr. Çünki: «Patyşalar käýärler we adamlar näz ederler» diýlendir. Indi men onuň aryny almak üçin gylyjymy syrdym we baýdak göterdim. Men ilki senden başlaryn. Senden dynamsoň, saçymdaky tozany aýyrmankam, ony ýene-de patyşalyga oturdaryn.

Perwiz bu sözleri eşidip ynjaýar we Bährамyň ýanyna gelenine ökünýär. Soňra yzyna dolanyp, söweş eşigini geýýär, şeýdip ahyrynda söweşýärler.

Muhammet Jerir Tabary şeýle ýazypdyr:

Bähram bilen Perwiz biri-birleri bilen tutuşýarlar. Perwiz Bähramdan ýeňlip yza çekilýär we onuň leşgeri dargaýar. Perwiz birnäçe adam bilen gaçýar. Ol Medaýyna ýetende, onuň iki sany naýyby bardy. Biriniň ady Bendewi, beýlekisiniň ady bol-

sa Bestamdy. Olar birden Bähram Medaýyna gelip, Hurmuzy çykaryp, ony garantgy hökmünde patyşa edip, ähli işleri öz eline alar öýdüp, Perwizden rugsatsyz Medaýyna gelip, Hurmuzy ýaýyň oky bilen heläk edýärler. Soňra Perwiziň ýanyna gelip, oňa:

– Biz Hurmuzy öldürdik, saňa şeýtsek, amatly boljagyny bilýärdik. Eger seniň bilen geňeşsek, seniň mähriban duýgyň bu zada razy bolmaz öýtdük.

Soňra Perwiz Rum patyşasynyň ýanyna baryp, oňa penalanýar. Rum patyşasy onuň gadamyny mübärekläp, özüniň owadanlykda behişt hüýrleri ýaly bolan Merýem atly gyzyny oňa nikalap, dostlugyny gaýyn-körekenlik bilen berkidýär. Ol Perwize leşger berip, onuň bilen öz ogluny iberýär hem-de gyzyny hem oňa tabşyrýar. Ol Rum patyşasynyň mededi we kömegi bilen patyşalyga eýe bolýar we duşmanlary derbi-dagyn edýär. Ol köp wagtlap erkinlik bilen şalyk sürýär.

## Hekaýat

Aýtmaklaryna görä, Perwiz ýeňlen wagty birnäçe adam bilen zatsyz-esbapsyz, hyzmatçysyz, goşunsyz Rum welaýatyna barýar. Birnäçe gün ýol ýöränsoň, açlyk we ýadawlyk olary bitap edýär. Olar Fyrat deryasynyň kenarynda düşleýärler. Perwiz ýaranlaryna:

– Baryň gözläň, açlyk ataşyny söndürer ýaly heý bir aw tapyp bolmazmyka?! – diýýär.

Olar köp gözleýärler, emma az tapýarlar. Birden, Perwiziň gözi düýä münüp, barýan bir çarwa düşýär. Perwiz ony çagyryp:

– Sen nireden? – diýip soraýar.

Ol:

– Men Beni Taýdan – diýip, jogap berýär.

Onda Perwiz:

– Seniň adyň näme? – diýip, jogap berýär.

Ol:

– Yýas ibn Kusaýba – diýýär.

Ol kişi araplaryň han-beglerinden, taýpalaryň hormatlanýanlaryndan we döwrüniň meşhur söweşijilerindendi. Perwiz onuň adyny eşidipdi. Çarwa oňa:

– Men saňa öz adymy aýtdym, sen hem öz adyňy we künýäňi[1] maňa aýt. Maksadyň we niýetiň barada gürrüň ber – diýýär.

Perwiz oňa:

– Men Perwiz, Ajam patyşasy we döwrüň soltanydyryn. Bu hanadanyň terbiýeläni we emdireni bolan biziň döwletimiziň bendeleriniň biri duz-çöregimizi gadyrbilmezlik we hukugymyzy boýunbolmazlyk bilen garşy alyp, bize garşy söweşe we duşmançylyga başlady. Biz ony gowşak saýdyk we ejiz gördük, şol sebäpli hem ýeňildik we perişan bolduk. Indi bolsa birnäçe günden bäri aýlanyp ýörüs, emma iýmit tapmaýarys. Eger myhman almak mümkinçiligiňiz bolsa uly hormat bilen kabul ediň – diýýär.

Çarwa Perwiziň adyny eşidip, onuň öňünde zemin ogşap, akylsyzlygy üçin ötünç soraýar. Soňra bolsa:

– Meniň taýpam ýakynda. Men myhmançylyk şertini eda edip, başardygymdan size hyzmat eder ýaly biziň öýümize mübärek gadamyňyzy goýuň. Elbetde, bu siziň pazylatyňyzdan daş däldir – diýýär.

Perwiz kabul edip, onuň taýpasyna barýar. Yýas ony on gije-gündizläp myhman alyp, soňra goş-golamyny taýýarlap, olary barjak ýerlerine sag-salamat ýetirer ýaly çöl-beýewanyň

[1] Irki döwürde, ylaýta-da araplarda «pylanynyň ogly» ýa-da «pylanynyň atasy» diýip goýulýan at. Meselem: Abu Abdylla, Abdyllanyň atasy.

düzlükleri, peslikleridir beýikleri bilen doly tanyş bolan ökde hem başarjaň ýolgörkezijini hemra edýär. Olar Rum patyşalygyna baryp, sag-salamatlykda bolýarlar. Olar menzilleriň birinde bir ruhanynyň ybadathanasynda düşleýärler. Ruhany ybadathananyň üçeginden seredip:

– Siz kim we näme iş bilen bu ýerde düşlediňiz? – diýip soraýar.

Olar:

– Biz Ajam patyşasynyň ilçileri, Ruma gidýäris – diýip jogap berýärler.

Monah gülüp:

– Ajam patyşasynyň ilçisi däl, belki onuň özi pälwanynyň elinden gaçyp, medet soramaga Rum alyhezretiniň ýanyna barýar – diýýär.

Perwiz oňa:

– Onda aýt, meniň işim Rum patyşasy bilen nirä baryp ýeter? – diýýär.

Monah şeýle jogap berýär:

– Kaýsar gyzyny saňa berer we güýçli goşuny seniň ygtyýaryňda goýar. Sen patyşalygyňy gaýdyp alarsyň.

Perwiz ondan:

– Näçe wagtdan soň meniň bagtym oýanar we soltanlyk tagty maňa gaýdyp geler? – diýip soraýar.

Monah oňa:

– On ýedi aýdan soň – diýip jogap berýär.

Perwiz:

– Sen bu zatlary nireden bilýärsiň? – diýip soraýar.

Ol:

– Danyýal pygamberiň kitaplaryndan. Onda Ajam patyşalarynyň ähli kyssalary ýazylan – diýýär.

Perwiz oňa:

– Menden soň kim patyşa bolar – diýip soraýar.

Monah:

– Ogluň Şiruýa. Ol birnäçe aýdan köp bolmaz, soňra gyzyň, ondan soň bolsa ogluň ogly, soňra patyşalyk Ajam hanadanyndan araplara geçer we kyýamata çenli patyşalyk Ajamlara geçmez – diýip jogap berýär.

Soňra Perwiz monah bilen hoşlaşyp, onuň haýyr-dogasy bilen teperriklenip, Ruma barýar. Rum patyşasy onuň gadamyny mübärekläp, oňa mynasyp düşelge berýär. Ol gyzyny oňa berýär we ogly Benawersi alty müň adam bilen Perwize tabşyrýar. Perwiz Töwrize ýetende, onuň oruntutary Bendewi Bähramyň tussaglygyndan gaçyp, Töwrize gelipdi we alty müň atly onuň daşyna üýşüpdi. Bendewi Perwiziň gelenini eşidip, goşuny bilen onuň huzuryna barýar. Perwiz olar bilen has-da güýçlenýär. Bähram olaryň gelenini eşidip, Rum leşgerini äsgermezlik edip, goşunyny söweş meýdanyna çykarýar. Olar hatar düzýärler. Edermenler söweş meýdanyna girişip, bela deryasy möwç urup we parahatlyk gämisi döwlüp başlaýar. Edil şol wagt Bähram Perwiz bilen tutuşyp, söweş edip biri-biriniň guşagyndan ýapyşýarlar.

Tabarynyň «Taryhynda» aýdylşyna görä, ilki Bähram üstün çykypdyr we Perwiz ýeňlip, onuň öňünden gaçypdyr. Olar iki leşgeriň saplarynyň arasyndan çykýarlar. Bähram onuň yzyndan kowup barşyna bir dagyň etegine ýetýär. Perwiz atyndan düşüp, daga çykyp başlaýar. Bähram hem düşüp, onuň yzyndan barýar we ýaýyny düzüp, oňa:

– Menden nirä gaçyp bilersiň! Häzir peýkamym bilen ýokardan aşak agdararyn – diýýär.

Perwiz çykgynsyz ýagdaýa düşýär we çäre tapmaýar. Ol öz güýç-kuwwatyndan el üzüp, ýüzüni asmana tutup şeýle diýýär:

– Gudratyny äşgär edende, çalajan çybyny söweş meýdanynyň pälwany edýän, ökde jadygöýlere gahar edende, bir

bölek agajy ýylana öwürýän Gudraty güýçli! Bähramyň maňa zulum edýändigini we ata-babalarymyň duz-çörek hukugyny depeleýändigini bilýärsiň, ony menden üstün çykarma.

***Beýt***

Arzym eşit eýa gudratly Soltan
Saňa ýalbarýaryn, eý, Bar Hudaýa!
Bendesinden, perzendinden hiç mahal
Hojaýyny ýetirme jepadan paýa!

Ol bu mynajaty edensoň, Haktagala oňa güýç-kuwwat berýär. Ol dagyň üstüne çykyp, Bähramyň gözünden gaýyp bolýar. Kyssaçylaryň aýtmagyna görä, Allatagala perişde iberip, Perwizi Bähramyň ýanyndan äkidipdir we dagyň üstüne çykarypdyr. Bähram dagyň üstüne çykyp bilmän, yzyna dolanypdyr. Perwiz öz leşgergähine gaýdyp gelip, söweşe taýýarlyk görýär.

Ertesi nurana gün gündogardan baş çykaryp, gijeki perdeçiler onuň öňünden gaçanynda, iki leşger hatar düzüp, söweşe başlamagy maslahat bilýärler. Perwiziň oruntutary onuň ýanyna gelip:

– Bu leşgeriň ählisi seniň tarapdaryň we saňa boýundyrlar. Emma saňa eden hyýanatlary üçin gorkýarlar. Eger olar günäsiniň geçiljekdigini bilseler, onda ählisi seniň huzuryňa gelip, Bähramy ýeke goýarlar. Olar seniň hyzmatyňa geler ýaly, aman bermegiň we gowy wadalar bilen begendirmegiň gerek – diýýär.

Onda Perwiz:

– Seniň gidip, olary menden arkaýyn etmegiň gerek – diýýär.

Bendewi sapyň öňüne çykyp, şeýle sözler bilen gygyrýar:

– Eý, goşun edermenleri we ajam söweşijileri! Siziň patyşaňyz Perwiz: «Siziň hemmäňize amanlyk berdim» diýdi. Ol size sylag-serpaý, sowgat bermegi we siziň mertebäňizi beýgeltmegi boýun aldy. Ol siziň günä depderçäňize geçiş çyzygyny çyzdy. Mundan beýläk gadyrbilmesiz ýola eýermäň.

Bähram bu sözleri eşidip atlanýar we Bendewä zeper ýetirmekçi bolýar. Bendewi öz leşgergähine tarap gidýär. Şol gije Bähramyň leşgeriniň köpüsi Perwiziň ýanyna gelýärler. Ertesi daň atanda, Bähramyň ýanynda dört müň atlydan köp kişi galmandyr.

Bähram bu ýagdaýy görüp, bialaç ýeňse öwürýär we gaçýar. Perwiz Medaýyna gelip, tagtda oturýar we bagta ýetýär. Tagt onuň bilen şatlyga eýe bolýar. Bähram Türküstana gidip, hana goşulýar we onuň penasynda galýar. Ahyry gadyrbilmezlik ony betbagt edip, ynsapsyzlyk şemaly onuň ýaşaýyş harmanyny ýele sowrup, Perwiziň hilegärlik oky nyşana degip, eden mekirliligi täsir edýär. Bu barada öz ýerinde gürrüň ediler.

## HYSROW PERWIZ IBN BÄHRAM

Perwiz patyşalyga geçip, ýurdy dolandyryp başlansoň, hiç patyşanyň görmedik zady onuň hökümdarlygynda emele gelipdi. Şeýle zatlaryň biri kesranyň eýwany bolup, köp alymlaryň aýtmaklaryna görä, ol Perwiz tarapyndan gurlandyr. Käbirleriniň aýtmagyna görä, ony Anuşirwan gurupdyr we Perwiz doly tamamlapdyr. Perwiz şol sebäpli at-abraýa ýetdi. Onuň altmyş man zerden ýasalan täji bardy. Ony şeýle bir nepis göwherler bilen bezäpdirler welin, ýagtylykda ýyldyzlaryň nuruny alypdy, Zöhre ýyldyzynyň ýalpyldysy ony görüp, namys edip ýere gaçýardy, onuň ýakut bölejiklerini görüp, merjene «kenara dur» diýýärdi, onuň ýagtylygyndan ýaňa gije gündizlige öwrül-

ýärdi, garaňky gije onuň luwluw daşlarynyň nury bilen güneş ýaly ýagtylýardy. Şol täçde goýlan pöwrize gaşlaryň reňkinden ýaňa mawy asman onuň reňkindäki lybasy geýerdi. Onuň zümerret bölejikleri, kepjebaşyň gözüni oýýardy. Zerden zynjyr ýasap, eýwanyň üstünde Perwiziň depesinde täji şol zynjyrlara berkidipdirler. Onuň şa serpaý berýän güni ol täç göni onuň depesinde durýan eken. Başga-da, onuň piliň dişinden we tik[1] agajyndan ýasalan we her hili göwherler bilen bezelen tagty bar eken. Ol tagtda gowy suratlar – aw meýdany, ýeriň şekili, ähli yklymlar, pelegiň şekili we diňler çekipdirler. Ol tagtda bir arka ýasap, onda bir tilsim bilen agzyna zerden top alyp duran ýolbars goýupdyrlar. Ol ýerde bir legen hem bolup, top ýolbarsyň agzyndan legene düşen mahaly bir sagat geçendigini aňladýan eken. Onuň dört dürli halysy bolup, ýylyň her paslynda birini düşär eken.

Onuň bir tarapy ýakutdyr lagldan, beýleki tarapy bolsa zümerret çybyklaryndan bolan hem-de her hili suratlar çekilen küşti bar eken. Onuň bir tarapy merjenden, beýleki tarapy pöwrize daşyndan ýasalandy. Şeýle-de onuň altyn-zer çaýylan nardy, we üýtgeşik zeri bardy. Bu zer diňe Tibetdäki we ol ýeriň töwereklerindäki känden gazylyp alynýardy. Şeýle zerden onda iki ýüz mysgal bardy. Bu zer edil mum ýaly bolup, ony oýnap, her hili şekiller ýasap, soňra ýene-de bozup bolýan eken.

Aýtmaklaryna görä, onuň bir desterhany bolup, ol nepis göwherler bilen bezelipdir. Desterhanyň käseleri zerden, gök önümleri ýaşyl zümerretden we miweleri zerden bolupdyr. Baýramçylyk günleri ol desterhany bezeg we tomaşa üçin goýýan ekenler. Hany bu desterhany nazma geçiripdir.

---

[1] Tik – Hindistanda ösýän agajyň ady.

### *Beýt*

Perwiz her bir meýlisde zerden ýazýardy saçak,
Zer düşek bilen supra – bossan ajapdan-ajap.

Perwiz indi ýitip gitdi, sen okap gör ony indi,
Hany şol zerden supra, oka «Käm täräkuny»[1] indi.

Onuň täçli başynda köp-köp köne öwüt bardy,
Indi bolsa serinde ýüz pent-öwüt gizlin galdy.

Onuň mugt düşen genji-hazynasy hem bolup, ony Rumdan ele salypdyrlar. Bu genjiň baýlyklary diýseň köp bolup, onuň nepis we gymmatbaha zatlary hiç hasapçynyň hasabyna we hiç sanawçynyň sanawyna sygmaýardy. Bu genjiň ele salnyşy şu aşakdaky görnüşde bolupdyr.

Hysrow Perwiziň gaýnatasy Murygyny, ýagny Rumuň patyşasyny öldürýärler. Ol gaýnatasynyň aryny almaga we onuň hununy talap etmäge leşger iberýär. Onuň leşgeri Konstantanyýa baryp, ol ýeri gabawa alýar. Konstantanyýanyň ilaty çykgynsyz ýagdaýa düşüp, gorkup, takat tapman, patyşalardyr kaýsarlaryň hazynalaryny we gençlerini üýşürip, gämilere ýükleýärler. Olar bu zatlary käbir adalara eltmek isläpdirler. Gämiler deňizde rowan bolup başlanlarynda, olara garşy güýçli ýel turýar we gämileri deňziň Perwiziň adamlarynyň ygtyýarynda bolan kenaryna sürýär. Perwiziň goşuny şol kenardan hasapçylaryň hasabyna we sanawçylaryň sanawyna sygmaýan mal-baýlyk tapýarlar. Olar hazynalary möhürläp, ynamdar adamlardan Perwize iberýärler.

---

[1] Gurhanyň 44-nji (Duhan) süresiniň 25-nji aýaty. Manysy: «Neneň köp baýlyklary goýup, ölüp gitdiler».

Täsin zatlaryň ýene biri äpet hazynadyr. Onuň döwründe bir gün bir daýhan ekin ekip, ýer sürüp ýören eken. Birden, azal ýerde bir zada ilişip galýar. Ol gumlary aýransoň, azalyň bir zynjyra çolaşanlygy mälim bolýar. Ol barlap görse, zynjyrlar agyr, uly küýzeleriňki eken. Ol olary özi çykarmaga milt etmän, derrew ylgap emeldarlara gürrüň berýär. Şeýdip, Perwize bu habary ýetirýärler. Perwiz öz emeldarlaryny bu habaryň anygyna ýetmek üçin iberýär. Olar şol ýerden altyndan doly ýüz sany küýze tapýarlar. Soňra olaryň Isgenderiň hazynalarydygy mälim bolýar. Ol ýerden şeýle köp nepis göwherleri tapypdyrlar welin, asla ondan köp baýlygy göz öňüne hem getirip bolmaýardy.

Perwiziň Şirin atly aýaly bardy. Güneş onuň ýaňaklarynyň jemalyndan ereýärdi we aý onuň ýagty saçýan ak ýüzüne aşyk bolýardy. Onuň zülpüniň her tary kement, her aýlawlary aýak baglaýjy ýüpdi. Onuň ýüzüniň aýyny görüp, aý gözellik barada lap urmaga het edip bilmeýärdi we Zöhre ýyldyzy owadanlyk gundagyndan dogmaga milt edip bilmeýärdi. Onuň zülpüniň içýany, haçanda, aýyň daşyna halkalananda, aşyklar içýan kimin ellerini başlarynda göterердiler. Ol halka-halka zülpüniň her halkasyny açanynda hoşboý ysly anbarlar kement güneşine gaçardy. Ol käte örülgi zülpünden müşk haltajygyny açýardy, käwagt bolsa noş çeşmesinden dirilik suwuna ýardam berýärdi.

***Beýt***

Gündizi gijeden ol ýagty aýdyr,
Tümlügi ýagtyldýan gündize taýdyr.

Luwluwlardan gelen hoş mymyk şemal,
Kemligi – tümlügi aýyrýar şo hal.

Perişde tobasyn bozdy güleňde,
Ruhany perdesin ýyrtdy görende.

Arşyň bezegçisi jemalyň gördi,
Behişt hüýrlerini birýan aýyrdy.

Hysrow Perwiz patyşalyk tagtyna geçmänkä, jan älemini onuň yşk mülküne beripdi we barlygyny onuň husny-jemalynyň gowgasynyň jylawunda goýupdy. Ol patyşa bolansoň, ony haremhana getirýär. Onuň kyssasy meşhur kyssalardandyr. Nyzamy Genjewi özüniň hatyralar genjinden geň-enaýy göwherleri bu kyssalaryň many-mazmun boýnundan we gulagyndan asypdyr. Ony ýazmagyň hajaty ýok.

Mundan başga-da onuň bir sany ak pili bardy. Onuň derisi ýalpyldaýan eken hem-de başga pillerden iki gez uly bolupdyr. Onuň hüjümine hiç pil döz gelip bilmeýän eken.

Onuň huzurynda patyşalyk nagmalaryny aýdýan güýçli sazanda hem bolupdyr. Hysrow Perwiz meýlisler gurap, onuň aýdymlaryny diňleýän eken.

Garaz, Ajam döwleti onuň bilen soňlanypdyr. Onuň öz döwründe we patyşalygynda ele salan zatlaryna hiç patyşa eýe bolup bilmändir. Ol kämil dolansoň, ýaşmaga başlapdyr. Köp wagt geçmän, onuň döwri soňuna ýetipdir:

Haçanda bir iş doly tamamlansa, kemelmegiň ýetip geldigidir, egerde tamamlandy diýilse, onda şonuň kemelmegine garaşmalydyr.

## Hekaýat

Geň wakalaryň biri hem şu aşakdakydyr. Perwiziň Rum kaýsarynyň gyzy Merýemden bir ogly bolýar. Oňa Kubat diýip

at, Şiruýa diýip lakam goýýarlar. Onuň doglan wagty ol müneçjimlere täleýini görmeklerini we syrlaryny bilmeklerini buýurýar. Olar bu zatlary bilip, Perwize şeýle diýýärler:

– Bu oglanyň dünýä inmegi bagt gününiň tutulmagyna sebäp bolar. Bu saňa mübärek bolmaz we seniň patyşalygyňy perişanlyga elter.

Perwiz ony öldürmekçi bolsa-da, asmandan takdyr eýýäm ýazylansoň, ejesiniň närazylygy oňa böwet bolýar. Perwiz oňa degmeýär. Ol ulalýar we uly adam bolup ýetişýär.

Bir gün kakasy ony çagyryp, ondan:

– Eliňde näme bar? – diýip soraýar.

Ol:

– Möjegiň penjesi – diýip jogap berýär.

Soňra kakasy:

– Ol eliňde näme bar? – diýip soraýar.

Ol:

– Sugunyň şahy – diýip jogap berýär.

Soňra Perwiz oňa:

– Okaýan «Kelile we Dimne» kitabyňdan nirä ýetdiň – diýýär.

Ol:

– Ýolbars we öküz hakdaky babyna – diýýär.

Perwiz oňa seredip, erbet pal edip, ony bir ýerde tussag edip, oňa belli mukdarda azyk-iýmit bermeklerini buýurýar. Şeýdibem ol göwreli gije näme dograr diýip, garaşyp oturyberýär. Döwlet gününiň batjak wagty peýmanasynyň dolandygy üçin ýazgyt oky ony nyşana salmalydy. Perwiziň häsiýeti onuň soňky döwürlerinde üýtgeýär we özgerýär. Ol han-begleriň birtoparyny olaryň mal-mülkleri köp bolansoň, pullaryny almak bilen ynjydýar. Ol gyzyl bilen mert satyn almagyň gowy, emma merdi zere satmagyň erbet işdigini bilmändir. Onuň dünýeparazlygy mal toplamaga iterensoň, ol ýene-de baýlygyny art-

dyrmak höwesi bilen işleri nälaýyk adamlara tabşyrypdyr. Öňküler şeýle diýipdirler: «Her kim kalbyny beýgeltse, nebsini peselder».

Adamyň adyny peselder dirhem,
Akyl bolsa ony peseltmez bir hem.

Ol ahyrynda döwlet sütünlerine el gatyp, barlylary ynjydyp, perişanlyga düşýär. Şol sebäpden ýürekler ony ýigrenipdir, dostlar duşman bolupdyrlar, ýakynlar daşlaşypdyrlar. Ol bu ýagdaýyň sebäbini bilmän, olar Şiruýa üçin maňa duşmançylyk edýändirler öýdüp, olara gaharlanýar we güman bilen olaryň halyny harap edýär. Şeýdip, olar janlaryndan gorkup ýygnanyşýarlar. Ony patyşalykdan düşürip, Şiruýany tussaglykdan çykarýarlar we patyşalyga oturdýarlar. Ajamlaryň adatyna görä, her agşam köşgüň öňüne gelip, jahanyň şalar şasy pylanydyr diýip, gygyrylýan eken. Şiruýanyň tussagdan boşadylyp, Zadan Ferruh atly hajybyň ýanyna äkidilip, onuň bilen ähti-peýman edilen agşamy, köşgüň öňünde: «Jahanyň şalar şasy Kubatdyr» diýip gygyrýarlar. Perwiz Şiriniň ýanynda ýatyrdy. Ol bu sözleri eşidensoň, jahan oňa tümlük we garaňky bolup görünýär. Ol janyndan gorkup, daşary çykýar we patyşalaryň tomaşa çykýan bagyna girýär. Onuň ýanynda gulamy, gylyjy we galkany bardy. Ol şol gije agajyň aşagynda aram tapýar. Ertesi gün dogansoň, ol öýläne çenli garaşjak bolýar. Emma ol aç bolup, sabyr-takaty galmaýar. Ol guşagyndan bir bölek kesip, bazara äkidip satyp, onuň puluna nahar getirmek üçin ony bagbanlaryň birine berýär. Bagban ony bazara äkidip, görkezenden ony tanaýarlar we Şiruýanyň ýanyna eltýärler.

Şiruýa ony doly derňäp, Perwiziň bolýan ýerini anyklaýar. Ol şol bada hajyp Zadan Ferruha Perwizi Medaýyna eltip, şol ýerde ony tussag etmegi buýurýar we ony leşger bilen iberýär.

Ol tussag edilensoň, Perwiziň janyna kast eden adamlar gorkup, Şiruýany ony öldürmäge mejbur etjek bolýarlar. Olar:

– Iki gylyç bir gynda ýerleşmeýär. Käwagtlar halkyň bähbidi üçin köp kişini diri galdyrmaly däl hem bolýar – diýýärler.

Şiruýa şol wagt kabul etmeýär. Ol Perwiziň ýanyna bir hajyp iberip, onuň patyşalykda goýberen ýalňyşlyklaryny we özüniň hukugyna eden kemçiliklerini beýan edip, onuň öldürilmelidigini aýdýar. Hajyp gelip, Şiruýanyň aýdanyny Perwize ýetireninde, Perwiz oňa:

– Eger biz ata-babalarymyzyň aýdanlary ýaly amal etsedik, beýle gün biziň başymyza gelmezdi. Biziň atalarymyz aýdypdyr: «Öldürmek öldürmegiň öňüni alýar». Eger biz danalaryň sözüne eýerip, seni öldüren bolsadyk, bu gün seniň gylyjyň zeperinden aman galardyk – diýýär.

Şiruýa kakasyny öldürmegi gijikdirmek isleýär. Emma jemagat ony patyşalykdan düşürip, Perwiziň perzentlerinden başga bir oglany patyşa etmekçi bolýarlar. Şoňa görä, Şiruýa leşgerdäkileriň birini ony öldürmäge iberýär. Ol adam Perwiziň ýanyna baranda, ol ilçiniň näme üçin gelendigini aňyp, şol bada oňa:

– Men seniň meni öldürmejekdigiňi bilýän. Sebäbi sen halalzada, meni öldürer ýaly men seniň maşgalaňdan hiç kime kast etmedim. Meniň seniň boýnuňda nygmat, duz-çörek hukugym bar. Halalzadalar duz-çörek hukugyny depeleýän däldirler – diýýär.

Ol adam utanyp, Perwiziň öňünde başyny egýär we yzyna dolanýar. Olar mert adamyň bu işi edip bilmejegini aňyp, haýr-u şerden habarly bolmadyk, ýagşy-ýamany deň saýýan bir namart adamy çagyryp, oňa azajyk pul wada berip iberýärler.

Perwiz ony görende, iş-işden geçendigine göz ýetiripdir. Aýtmaklaryna görä, ol elindäki suwly gaby gaçyrypdyr. Ol

suwly gap ýere dökülip, tigirlenip gidipdir. Soňra ýerinden turup, şeýle diýipdir:

– Biziň bu patyşalygymyz başgalardan bize ýeten, eger biziň gitmeli wagtymyz gelip ýeten bolsa, onda bu biderek ogluň wagty çalt ýeter. Ýakyn geljekde patyşalyk biziň hanadanymyzdan geçip, kesekileriň eline düşer we şolarda baky galar. Onuň kesekilere düşmegi mynasyp bolar.

Soňra Piruz başyny ýerde goýup, oňa boýun bolýar. Ol namart gylyjyny näçe çalsa-da, Piruzyň kellesini kesip bilmeýär. Birden Perwiziň bir jadyly gaşly ýüzüginiň bardygy hemde onuň bar wagty gylyjyň täsir etmeýändigi ýadyna düşýär. Ol şol ýüzügi aýran badyna gylyjyň ýekeje urgusy bilen panylyk şerbetini eline alýar. Onuň kellesini bir legeniň içinde goýup, Şiruýanyň ýanyna äkidýärler. Akyldar dana adamlar bu barada şeýle diýýärler: «Şeýle mertebeli adamy şonuň ýaly pes adam arkaly depeledýän ýalançy dünýä we pany jahana ynam etmeli däl. Diňe Ýaradanyň pazly keremine ynam etmeli. Çünki, onuň azamat derýasy tolkun uranda, bakylyk gämisi döwülýändir».

Eý, peşe iýmitin humaý guş eden,
Garynjaga aždarhany läş eden.
Ýüz kesranyň döwüp kelleçanagyn,
Gedaý küýzesine tutawaç eden.

## ŞIRUÝA IBN PERWIZ

Şiruýa kakasyny öldürip, patyşalyga geçensoň, ilki doganlarynyň patyşalyga gatyşmaklaryndan gorkup, olaryň ählisini öldürýär we akylly-parasatlylardan hiç kimi diri goýmaýar. Ol Şiriniň owadanlygy baradaky at-owazany eşidip, oňa meýil edýär. Ol onuň ýanyna adam iberip:

– Saňa nikalaşmagym üçin razylyk ber – diýýär.

Şirin oňa:

– Kabul edýärin, ýöne iki şert bilen. Birinjisi, menden alan malyňy yzyna gaýtaryp bermeklerini buýur. Ikinjisi, maňa Perwiziň gubruna baryp, oňa bir gezek zyýarat etmegime rugsat ber – diýýär.

Şiruýa:

– Bu aňsat – diýip, ondan alnan mallary yzyna gaýdyp bermeklerini buýurýar. Ol şol mallaryň ählisini sadaka hökmünde derwüşlere paýlaýar. Soňra Perwiziň gubruna baryp, onuň topragyny gujaklap jan tabşyrýar. Şiruýanyň buýrugy boýunça ony hem şol ýerde jaýlaýarlar. Soňra Şiruýa onuň derwüşlere beren sadakasynyň ählisini yzyna gaýdyp alýar.

## Hekaýat

Aýtmaklaryna görä, Perwiz kynçylyklaryň hüjüm edýändigini, leşgeriň garşylyk görkezýändigini we Şiruýanyň ýaramaz häsiýetlerini görüp, yzygiderli bu ýagdaýdan gorkýardy we ol barada oýlanýardy. Ahyrynda birazrak zäheri bir gaba guýup, onuň agzyny ýapyp, oňa: «Bu jynsy şöhweti köpeldýän derman» diýip ýazýar we ony hazynada goýýar. Ol öldürilenden soň, Şiruýa patyşalyk işlerinden boşap, aýşy-eşrete we lezzete başlaýar.

Şeýlelikde, bir gün onuň gözi şol gaba düşüp, ondaky ýazgyny okaýar. Onuň aýallara höwesi köp bolup, olar bilen oýnaşmany gaty gowy görýänligi üçin ol gaby açyp, şol zäherden dadýar. Şeýdip, ol heläk bolýar. Ol alty aý patyşalyk sürensoň, onuň ömri panylyga ýetýär.

Aýtmaklaryna görä, geň zatlaryň biri-de, Şiruýanyň kakasyny öldürensoň süren patyşalygy alty aý, Muntasyryň hem Mütewekkili öldürensoň süren halypalygy alty aý bolmagydyr. Bu bolsa, her kimiň hem başganyň eline goýan zäher jamyndan

ahyry özüniň hem içjekdigine we her kimiň hem özgäniň egninde goýan ýüküni ahyry özüniň hem çekjekdigine delildir:

Isa görüp ýolda bir öldürilen adamy,
Geň galyp, barmak dişläp, ine, onuň aýdany:
«Hiç kimi öldürmänkäň, öldüren bolsa seni –
Bilýärin, ertir hökman biri öldürer ony.
Özgäň gapysyn kakyp, agyrtsaň barmagyňy,
Biri gapyňy kakyp,agyrdar ýumrugyny».

## ERDEŞIR IBN ŞIRUÝA

Şiruýa dünýäden ötensoň, onuň ogly Erdeşir kakasynyň ornuna geçýär. Onuň bu wezipä ukyby ýokdy. Ajamlaryň patyşalygy garrap, onuň jany bokurdagyna ýetipdi. Ol işleri doly dolandyryp bilmedi. Patyşalyk perişan bolupdy. Emeldarlaryň ulusy Şährazat özüniň mal-mülküniň, adamlarynyň we tarapdarlarynyň köp bolanlygy üçin topalaň etmek pikirindedi. Ol Şiruýa garşy onuň Perwizi öldürendigini bahana edip, gozgalaň etjek bolýardy. Emma zamana oňa maý bermeýär we Şiruýa dünýäden ötýär.

Erdeşir patyşalyga geçensoň, ol gozgalaň edip, Medaýynyň töweregine ýetýär. Şährazat Erdeşiriň patyşalygynyň akyldary we döwletiniň maslahatçysy Hysrow Piruza şeýle mazmunda hat iberýär: «Eger Erdeşiri agdaryp, ony öldürseň, patyşalyk ikimiziň aramyzda bolar, ikimiz bile dolandyrarys we iki tende bir jan ýaly bolarys. Eger bu barada äsgermezlik etseň, ilki senden başlap, soňra Erdeşiriň ugruna çykaryn».

Haçanda bu hat Hysrow Piruza ýetende, ol mekirlik bilen nahara biraz awy garyp, ony Erdeşire berýär. Erdeşir şol nahary iýip ýogalýar. Onuň patyşalyk süren möhleti bir ýyl bäş aý bolupdyr.

# ŞÄHRAZAT WE ONUŇ AHWALY

Erdeşir ýogalansoň Şährazat patyşalyga geçýär. Ol patyşalaryň maşgalasyndan däldi. Adamlar ony ýigrenýärdiler. Onuň iki sany ogly bardy. Bir gün Şährazat şeýle diýipdir:

– Patyşalyk az wagtlyk bolsa-da gowy zat, sebäbi bendelik we hyzmatkärlik aňrybaş peslikdir.

Onuň kiçi ogly akyllyrakdy. Ol kakasyna şeýle diýýär:

– Şeýle bolsa-da, laýyk däl iş köpe çekmez. Sen patyşalaryň neslinden däl. Bu iş saňa gelişmeýär. Men ol uzaga çekmez diýip güman edýärin. Seniň oňa ýüregiňi baglamazlygyň hemde ondan lezzet almazlygyň gerek.

## *Beýt*

Bu gün örän hoşluk bilen uzadýarsyň gollary,
Toprak teýinde görersiň ertir ähli elleri.

Soňra onuň uly ogly şeýle diýýär:

– Beýle zatlaryň pikirini etmek gerek däl. Patyşalyk belli adamlar üçin däl, ol Ärsaglylardan geçip, Sasanlylara ýetdi. Ýaradyjy her kime patyşalyk berse, patyşa bolar. Ol her kime patyşalyk berse, oňa ony saklar ýaly güýç-kuwwat hem berýändir.

Bu söz kakalaryna ýaraýar. Ol işe girişip başlaýar we ýurdunyň dört künjüne aýlanmak isleýär. Ol aňrybaş dabaraly ýagdaýda gezelenje çykýar. Elbetde, adamlar ondan razy däldiler. Patyşalyk gazaplanýardy we: «Nälaýyk adamlaryň söhbetine giriftar bolup men» diýip gygyrýardy. Ahyrynda bir gün agşam ýolda bir peýkam atylyp gelýär we ol şol peýkam sebäpli heläk bolýar. Leşger Medaýyna gelip, Perwiziň gyzy Turan bilen ähtleşip, ony patyşalyga göterýärler. Olar ondan Bähme-

niň gyzy Humaýyň eden işine garaşýardylar. Emma her gylyç göwherli we her dil dürdäne bolup bilmeýär. Adamlaryň bir aýaly patyşa edendikleri baradaky habar, Mustapa alaýhyssalama ýetende, ol mübärek dilleri bilen şeýle diýipdir:

«Öz işlerini aýala tabşyran kowum hiç wagt üstünlige ýetmez». Muhammet pygamberimiziň aýdyşy ýaly hem boldy.

Ol sekiz aý patyşalyk edenden soň, onuň işi soňuna ýetýär. Soňra onuň aýal dogany Azermiduht patyşalyga geçýär. Ol başarjaň we edermen bolsa-da, döwletiniň ýoklugy üçin başarjaňlyk hem peýda bermeýär. Şeýle diýipdirler:

Başga zat ýok ylmymda, doly ol gaýgy-gamdan,
Eger bagt ýar bolmasa, peýda hem ýok ylymdan.

Patyşalygyndan alty aý geçensoň, onuň hem gitmek möwsümi gelip ýetýär. «Göz degensoň» halk perişanlykda galýar we patyşalyga götermäge ol nesilden hiç kişini tapmaýarlar. Işler bulaşýar, «Eger patyşa bolmasa, adamlar biri-birlerini iýerler».

## Hekaýat

Muhammet Jerir Tabarynyň aýtmagyna görä, Azermiduhtyň ölmegine şu aşakdaky waka sebäp bolupdyr:

Ol patyşalyga ýetende, Perwiziň perzentlerinden bolan Ferruhzat atly bir kişä wezirlik berýär. Ferruhzadyň Rüstem atly ogly bolup, ol Horasanyň emiridi. Ferruhzat Azermiduhta aşyk bolup, göçme manyly kakdyrma sözlerdir aç-açan jümleler bilen özüni oňa hödürläp, öz ýürek derdiniň gussasyny dili bilen beýan edýär. Azermiduht oňa şeýle diýýär:

– Patyşalara äşgär är edinmek laýyk däldir. Eger meniň wysalymyň höwesinde bolsaň, maksat-myradyňa ýetmek üçin

tümlügiň penasynda we garaňkylygyň hemaýatynda gelmek gerek.

Aşyklar üçin gije örtgi-gizlin pursatdyr,
Käşgi olaryň wagty uzak bolsady ýene.
Aşyklar gijesine ýol-menzil aşýandyrlar,
Sebäbi gije Alla gelýär – inýändir ýere.

Şeýlelikde, Ferruhzat maksadyna ýetendirin öýdýär. Garaňky gije gap-gara örtügine örtülip, günüň batyjy guşy günbatar höwürtgesine baranda, Ferruhzat haremhana gelip:

– Ferruhzat geldi diýip habar beriň – diýýär.

Azermiduhtyň buýrugy boýunça onuň kellesini kesip, ýere taşlaýarlar. Ýagtylyk eli garaňkylyk perdesini älemiň ýüzünden aýransoň, halk ony görüp, patyşa kast edendigini we şol sebäpden onuň kellesiniň kesilendigini bilip, ony jaýlaýarlar.

Az wagtdan soň, onuň ogly Rüstem bu wakadan habarly bolýar. Ol köplüginden ýer ýüzüni daraldýan leşger jemläp, Medaýyna barýar. Ol bildirmän patyşanyň köşgüni gabawa alyp, Azermiduhty tagtdan düşürmeklerini buýurýar. Ony masgaralansoň, kakasynyň aryny almak üçin öldürýär. Ajamlar patyşasyz galýarlar we patyşalyga götermek üçin adam tapmaýarlar. Olar birnäçe adamy patyşalyga göterýärler. Ahyrynda bir jemagat Pars welaýatynyň Istehr diýen ýerinde Anuşirwan Adylyň perzentlerinden biriniň bardygy, Şiruýadan gorkup, onuň doglanyny gizläp saklandyklaryny habar berýär. Ony çagyrýarlar we onuň alnynda ululyk nyşanyny görýärler. Ony patyşalyga geçirip, oňa Ýezdigert diýip at goýýarlar.

Ol patyşalyga geçensoň, oňa Şähriýar diýip ýüzlenipdirler. Ol işleri dolandyryp başlaýar. Emma Ajam patyşalygy gowşapdy we döwletlilik olardan ýüz öwrüpdi. Şeýlelikde, hiç çäre peýda etmeýär. Allatagalanyň hökümi hilegärlik we çäre

tapyjylyk bilen dep edilmeýär. Onuň patyşalygyna dört ýyl bolanda, möminleriň emiri hezreti Omar Sagdy Wakgasy ajamlaryň üstüne iberýär. Haçanda ol Kadysyýýa[1] ýetende, Ýezdigert birnäçe gezek araplara garşy goşun iberýär. Emma olar ýeňilýär. Ahyrynda özi hem söweşe girişýär. Şonda-da ýeňlip, Sistana gaçýar. Ol ýerden Kermana, soňra Mukrana we Tabarystana barýar. Ol Nyşapura baranda, iki tarapdan, ýagny türkleriň hüjüminden hem-de araplaryň weýran etmesinden howsala düşýär.

Soňra ol ýerden Merwe gidýär. Özüniň bellän emeldary bolan Merw welaýatynyň häkimi Mahuwyýa ony garşy alyp, oňa boýun egýär we tabynlygyny bildirýär. Emma ol gizlinlikde ony halaman, onuň permanyndan boýun gaçyrmak üçin bahana gözleýärdi. Bir gün ol Ýezdigert bilen jylawdaş bolup barýarka, oňa:

– Meniň hyzmat ediş guşagyny bilime guşap, duşmanlary dep etmäge doly girişerim ýaly, patyşanyň meni özge bendelerinden saýlap, meni ýakynlyk abraýy bilen giýewlik hormatyny bagyş etmegi we gyzyny maňa nikalap bermegi gerek – diýýär.

Ýezdigert bu sözden gaty ynjap:

– Köwüş köneler, emma aýak zaýalanmaz, atyr döküler, emma ysy ýitip gitmez. Sende biziň bilen giýewlik höwesi dörär ýaly, biziň işimiz halys soňky derejä ýetipdirmi näme? – diýýär.

Ol Mahuwyýany gamçy bilen urýar. Mahuwyýa oňa hyzmat etmekden boýun gaçyryp, türkleri kömege çagyrýar. Türk goşunyndan bir uly leşger gelýär. Ýezdigert olardan gaçýar. Olar bolsa onuň yzyndan kowýarlar. Ýezdigert ahyry bir degirmeniň ýanyna ýetýär we degirmençä:

---

[1] Kadysyýa – Eýranyň günbatarynda Kufe şäheriniň on bir parsahlygynda ýerleşýän ýer.

– Şu gün meni şu ýerde gizläp saklap bilermiň? – diýýär.

Ol adam oňa:

– Maňa her gün dört dirhem berseň, men seni şu ýerde saklaýyn – diýýär.

Ol:

– Mende dirhem ýok, ýöne isleseň guşagymy saňa bereýin – diýýär.

Degirmençi oňa:

– Maňa guşak derkar däl, sebäbi ony satyp bilmeýärin – diýýär.

Ýezdigert ondan näumyt bolansoň, degirmeniň gyrasynda bir çetde uklap galýar. Köp wagt geçmänkä, Mahuwyýa türk leşgeri bilen gelip ýetýär we ony tapýar. Ony ýaýyň kirşi bilen bogýarlar. Ajam döwleti soňlanýar. Iş Ýezdigertde tamamlanýar we hanypa milletiniň[1] baýdagy ýokary galýar:

Bu jahana durma ýok, okdurylýar bu jahan,
Çarhypelek gümmezi hereketde şu mahal.

Oň aýlanyş nokady gözbagçylar elinde,
Olar bilen hiç mahal bolaryn öýdüp ýalynma.

Çykyp bolmaz ýazgytdan, kesra döwüp, ýüz öwrer,
Kä kaýsaryň, kä rajanyň külüni göge sowrar.

Öwüt berer akylla, gulaga örän ýakar,
«Fägtäbiru ýä ulil äbsar»[2] dogany okar.

[1] Bu ýerde yslam dini göz öňünde tutulýar. Hanypa – batyldan Haka ýykgyn edýän. Öňki pygamberleriň getiren dinine hem şeýle at berlipdir.

[2] Gurhanyň 59-njy (Haşr) süresiniň 2-nji aýaty. «Eý, akylly-düşünjeli kişiler, ybratlanyň».

Bu jahanda Perwiziň mülki, döwleti gitdi,
Şalykdan, mertebeden nyşan ýok, bary gitdi.

Eger-de Ýezdigerdiň bolsady döwletinde,
Beýikleriň ýüregi hojadyr döwresinde.

Nyzamylmülk Muhammet din döwletin galdyran,
Onuň gudrat-keremin ynsan ähle bildiren.

Ýezdigerdiň mülk ýeri asman deý päk bolardy,
Erbetlikler, pislikler ýanyndan ýok bolardy.

Perwiz döwrüne çenli galan bolsady eger,
Göriplikden sag-solun tanap bilmezdi, meger.

Döwründe soltanlara nusga Şemseddin şadyr,
Haýyr-sahawat deňzi hem-de berklik dagydyr.

Bir kiçijik bendesi kaýsardan hem belentde,
Nökeri Çyn hanyndan ýüz-müň gowy, elbetde.

Jahan goraýjy Hudaý, gora soltan wezirin,
Çarhypelek howpundan aman sakla wekiliň!

## GYSGAÇA RUM PATYŞALARY BARADAKY HEKAÝAT

Geçen zamanlarda Rum patyşalary Ajam patyşalaryndan yzygiderli paç alandyklaryny bilmek gerek. Rum döwletiniň gözbaşy we bu kowumyň azamaty hem haýbaty Isgenderiň döwründe başlap, Rum onuň mertebesi bilen at gazandy. Ondan soň dokuz patyşa geçipdir. Olaryň hemmesine Batlymy-

ýus, ýagny söweş adamy diýipdirler. Iň soňky Batlymyýus älemşynaslyk ylmyny döreden we her hili tilsimleriň syrlaryny we gizlinliklerini bilen Isgender diýen bir patyşadyr. Ondan soň onuň gyzy Kaluwetra patyşa bolýar. Soňra Agustos patyşalyga geçýär. Ol Kaýsar adyny alan ilkinji patyşadyr. Ol heniz ejesiniň göwresindekä, kakasy Hakyň rehmetine gowuşýar. Şonda ol ejesiniň göwresinde gymyldapdyr. Şonda onuň diriligine delil tutupdyrlar. Şonda ejesi hem ölüpdir. Ejesiniň garnyny ýaryp, ony çykarypdyrlar we terbiýeläpdirler. Ol Isgenderiýäni basyp alyp, Isgenderiň hazynalaryny we baýlyklaryny ol ýerden göçüripdir. Aýtmaklaryna görä, Isa alaýhyssalam hem onuň döwründe peýda bolupdyr.

Soňra Kostantyn Baker patyşa bolup, ähli pars döwletlerine el uzadýar. Piruz Ärsagly oňa garşy söweşip, ondan üstün çykýar. Ol Rum patyşalaryndan Isa alaýhyssalamyň dinini tassyklan we adamlary onuň dinine çeken ilkinji kişidir. Ondan soň Dakýanus patyşalyga geçýär. Ol Isa pygamberi inkär edýär. Gowak eýeleri[1] ondan gaçýarlar. Ondan soň Daklatýanus patyşalyga geçýär. Ol jöhitlikden we hristianlykdan ýüz öwrüp, butparazlyk ýörelgesine eýerýär. Ondan soň Ýuliýanus patyşa bolýar. Ol butparaz bolsa-da, hiç kimiň dinine zeper ýetirmeýär. Ol Şapur ibn Erdeşiriň döwründe Yraga gelipdi. Bu barada bellenilip geçildi.

Soňra Nestas patyşa bolýar. Kostantanyýa (Konstantinopol) we Ammuryýa[2] onuň bina eden şäherlerindendir. Aýtmaklaryna görä, ol Ammuriýe şäherini gurup başlanynda hazyna tapýar we ony şäher gurmak üçin sarp edýär. Şäheri gurmakda

---

[1] Dakýanus patyşanyň döwründe ony inkär edip, Isa pygambere uýan birnäçe adamlar. Olar gowaga girip, şol ýerde gizlenensoň, olara «gowak eýeleri» diýipdirler.

[2] Ammuryýa – Konstantinopoldan Kiçi Aziýa aralykdaky uly ýoluň üstünde ýerleşen bir şäher.

şol hazynadan başga pul gerek bolmaýar. Soňra Kostantyn patyşalyga geçýär. Anuşirwanyň ajamlaryň arasyndaky meşhurlygy ýaly, onuň adyllygy rumlularyň arasynda meşhurdyr. Soňra Ýustanýanus patyşalyga geçýär. Dünýä täsinliklerinden bolan butlar ybadathanasyny ol gurandyr. Ol güýçlenip, Rumuň patyşalygyny ajamlaryň elinden alýar. Ol Isa pygamberiň dinini ösdürýär. Soňra Murykys onuň ornuna geçýär. Ol patyşalygy Bähram Çöbiniň elinden almak üçin, Perwize leşger beren patyşadyr. Zyndyklardan bir adam ony öldürýär. Soňra Fukas onuň ornuna geçýär. Perwiz leşger iberip, ony agdarýar. Öň bellenilip geçilişi ýaly, «ýel getiren» hazyna şol wagtlarda onuň eline düşýär.

Rum patyşalaryndan Hyrkyl atlandyrylýan biri özüni agdarylan patyşanyň ornunda oturtmak üçin Perwiz bilen ugurdaş bolýar. Şeýdip, Hyrkyl patyşalyga geçýär we köp wagt höküm sürýär. Aýtmaklaryna görä, ol yslam döwletiniň başlaryna çenli ýaşapdyr.

## Hekaýat

Aýtmaklaryna görä, Hyrkyl Rum patyşalygynyň hazynasynda köp sanly gulp asylgy duran bir öýi görýär. Ol:

– Bu näme? – diýip soraýar.

Oňa:

– Öňki patyşalar bu öýi açman goýupdyrlar. Hökümdarlyga geçen her patyşa oňa bir gulp asypdyr – diýip jogap beripdirler.

Ol ony açmakçy bolýar. Ol bu ýerde uly hazyna bardyr we geçen patyşalar bu hazynany saklamak üçin ony berkidendir öýdüpdir. Akyldarlar we tejribeli adamlar ony hernäçe bu işden saklajak bolsalar-da, ol bu işden el üzmeýär we olaryň aýdanlaryna gulak salman, gapyny açýar. Görse, onuň diwarla-

rynda düýä münen araplaryň suraty çekilen eken. Hergiz Rumda düýe bolmandyr. Soňra köp wagt geçmänkä, yslam leşgeriniň saýasynda şol suratdaky ýaly düýä münen araplar gelýärler. Şeýdip hem, boljak iş bolup geçýär.

Garaz, geçenleriň amallaryny harlamak, ony ýönekeý saýmak we oňa äsgermezlik etmek akyla laýyk iş däldir we soňy puşmanlyga eltýändir:

Alymlara gulak goý, pentlerini harlama,
Isleseň iki dünýäde sen bagtyň saýasyny.
Şanyň hem-de weziriň dergähinde penalan,
Arzuw eýleýän bolsaň Humaýyň saýasyny.

Türk, Çyn patyşalary we Hindi rajalary barada mundan köp gürrüň etmegiň peýdasynyň ýokdugy hem-de olaryň käbir hekaýatlarynyň indiki bölümlerde beýan ediljekdigi üçin, olar barada şu ýerde gürrüňimizi bes edýäris.

Päk we Beýik Allatagala Pygamberiniň we onuň maşgalasynyň haky üçin jahan patyşasynyň, zamana şasynyň we soltanynyň döwletini ýeňiş hem-de üstünlik bilen bezesin! Wezirlik wezipesine bolsa, özüniň hümmeti, sahylygy we keremi arkaly Sahypkyranyň oturmagy bilen zynat bersin!

## MAZMUNY

Gadymy patyşalaryň we olaryň döwletleriniň taryhynyň gysgaça beýany........................................................... 9

Pişdadylar ......................................................................... 11

Kyýanlylar ......................................................................... 64

Taýpalar patyşalary ........................................................ 153

Sasanlylar ........................................................................ 146

**Muhammet Awfy**

# Hekaýatlar ýygyndysy

**I jilt**

**Tehredaktor S. Abaýew**
**Çeperçilik redaktory A. Muhammedow**
**Korrektor Z. Abdyllaýewa**

Çap etmäge rugsat edildi 09.09.2005ý.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Çap kagyzy 15.
Ofset kagyzy.
Ofset çap usuly.
Nusgasy sany 5 000.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt №______.
A-21579

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

---

Türkmen döwlet neşirýat gullugy,
744004, Aşgabat, 1995-nji köçesi, 20.

Türkmenistanyň Metbugat merkezinde çap edildi.